TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# GELIN-GYZLARYŇ ŞAHYRANA DÖREDIJILIGI

**Çapa taýýarlanlar:**
**Gurbanjemal Ylýasowa**
**Amangül Durdyýewa**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 894.361**
**G 32**

**G 32 Gelin-gyzlaryň şahyrana döredijiligi.**
A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005, 400 s.

REDAKTOR
**B. Baýmyradow**

*Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Käbesi, Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan enemiziň hatyrasyna, onuň doglan gününiň 90 ýyllygyna bagyşlanylan bu kitapda Mähriban Käbämiziň hem-de külli türkmen eneleriniň ýaşlykda aýdan läledir monjugatdy bentleri, şeýle-de olaryň eziz balalaryny huwwalan hüwdüleri ýerleşdirilendir. Bu çugdamja, ajaýyp bentlerden ygrarlylygy, lebzi halallygy, watansöýüjiligi, mertligi, zähmetsöýerligi, ýaşululary sylamagy, wepalylygy, belent ahlaklylygy, mahlasy ähli ýagşy gylyk-häsiýetleri öwrenmek bolar.*

*Gelin-gyzlaryň döreden dürdänelerini özünde jemleýän bu kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenilendir.*

**TMMMM № 35**

**TDKP № 28** **2005** **KBK 84.Tür7**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Gelin-gyzlaryň şahyrana döredijiligi, 2005 ý.
Durdyýewa A., Ylýasowa G., çapa taýýarlama, sözsoňy Ylýasowa G., 2005 ý.

***Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Käbesi, Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan enemiziň doglan gününiň 90 ýyllygyna bagyşlanylýar.***

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy:***

***«Ene dilimi, owazly aýdym-sazlary, özüne bendi ediji ertekileri, tymsallary, halk urp-adatlaryny, däp-dessurlaryny bilýänim, çeper sungata çäksiz sarpa goýýanlygym we ýene köp zatlar üçin men «Eli gyzyl gül» diýilýän ejem jana minnetdardyryn. Ýagşylyk etmek, zähmeti söýmek, ak ýürekli bolmak, özüňden ululary sylamak hakyndaky we onuň beýleki asylly terbiýeleri meniň ömrylla ýadymdan çykmaz».***

## ZYÝADA

**Üşän çagym ýylanyp, ajygamda doýardym,**
**Mähir ýokdur, eje jan, seň mähriňden zyýada.**
**Düýşde didaryň görüp, bagtdan syçrap oýandym,**
**Mähir bolmaz, eje jan, seň mähriňden zyýada.**

**Sen ýylgyryp bakaňda dünýäm güle dönerdi,**
**Şar gara gözleriňden behişt nury ýagardy.**
**Gara başym sypasaň, oglan göwnüm ganardy,**
**Mähir ýokdur, eje jan, seň mähriňden zyýada.**

**Niçik mähriban Diýar, niçik gudrat garaýyş,**
**Sen bagryňa basaňda umma gitdi gara gyş.**
**Eje jan, nazar salsaň, gara daglar eremiş,**
**Mähir ýokdur, eje jan, seň mähriňden zyýada.**

**Eje jan, seň didaryň şuglasyn saçyp durdy,**
**Keramatdy, keremdi, jana hümmetli nurdy.**
**Meger, seniň bakyşynda Allaň gudraty bardy,**
**Mähir bolmaz, eje jan, seň mähriňden zyýada.**

**Bir-de, nurana Gündüň, bir-de mähir deňzimdiň,**
**Göge uçsam ganatym, ýerde şypa-emimdiň.**
**Huşumda hem düýşümde Howenä meňzediň,**
**Mähir bolmaz, eje jan, seň mähriňden zyýada.**

**Hakydamda ýylgyryp, ýaşap ýörsüň hemişe,**
**Maňa ylham berýärsiň, başlanymda her işe.**
**Sapar diýer, başyma gonan döwlet-perişde,**
**Mähir bolmaz, eje jan, seň mähriňden zyýada.**



# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut, şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, «***Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## HÜWDÜLER

### – A –

Abdym, Abdym, ak ogul,
Abdym guýruk ýag ogul,
Abdym ketde[1] bolansoň,
Eker erik bag ogul.

* * *

Awçy bukup ýatanda,
Ýaşylbaşlar atanda,
Uran guşy ýaşylbaş
Mergen baryp tutanda.

* * *

Agaçlar bar[2] getirsin,
Guşlar habar getirsin,
Çölde çopan kakaňy
Şu gün bize ýetirsin.

---

[1] Ketde – uly.
[2] Bar – miwe.

* * *

Aý gyzym, alma gyzym,
Hiç wagt ölme gyzym,
Sensiň eneň bägüli
Hiç wagt solma gyzym.

* * *

Aý ýüzüňde al halyň,
Bardyr agzyňda balyň,
Baldan süýji bal balam
Saňa gurban bolaýyn.

* * *

Aý içiniň arslany,
Gün içiniň göwheri,
Ýerde ýatmaz göwherdir,
Küle batmaz jöwherdir.

* * *

Aýgözelim ap-akja,
Dodaklary gaýmakça,
Ysgap görseňiz zamça,
Suwsasaňyz tarpyzça[1].

* * *

Aýdym aýdar depede,
Sözlär, ökde gepe-de,
Ejesiniň han ogly
Maşyn bejär gapyda.

---

[1] Tarpyz – garpyz.

* * *

Aýjemalym otursyn,
Eline ýüwse[1] ötürsin,
Deň-duşlary gelende
Gaýma gaýap otursyn.

* * *

Aýlan, aýlan, aýlançak,
Akar suwlar bulançak,
Altmyş başly ak öýüň
Ýaraşygy sallançak.

* * *

Aýlanaýyn adyňa,
Ýetgin göwün şadyňa,
Zähmet çekgin ýadaman,
Dag ýykylsyn badyňa.

* * *

Aýlanaýyn ak bala,
Sallançakda ýat bala,
Öz balamyň toýunda,
Atasy baýrak ýyrtsa,
Guwanjyndan ýeňňesi,
Buşlap her ýana ýortsa.

* * *

Aýlanaýyn boýuňa,
Oýunçy gelsin toýuňa,

[1] Ýüwse – tikin tikilende barmaga geýdirilýän matadan ýa-da gaýyşdan tikilen barmaksa.

Gelmese-de, gelmesin,
Mamasy gurban aýyna.

* * *

Aýlanaýyn iligim,
Ýakama düwmeligim,
Göçende göç soranym,
Gonanda kölgeligim.

* * *

Aýlanaýyn hanymdan,
Dolanaýyn donundan,
Ady ýagşy geregim,
Içimdäki ýüregim.

* * *

Aýlanaýyn ýaşyndan,
Ejesi geler işinden,
Kemal tapsyn, bal köşek
Akylyndan, huşundan.

* * *

Aýlananym, bakanym,
Bal suwuna ýakanym,
Adyna Alma dakanym,
Gözüne sürme[1] çekenim.

* * *

Aýlananda aýmançam,
Sallananda tumarçam,

[1] Sürme – saçy, kirpigi, gaşy garaltmak üçin ulanylýan boýag.

Erke[1] dünýäm Kerim jan,
Seni allalar edeýin.

* * *

Aýlanar-a, aýlanar,
Ökdelikde saýlanar,
Meniň balam ulalyp,
Söýenine öýlener.

* * *

Aýlanar-a, aýlanar,
Toýluk unuň elener,
Meniň gara göz balam
Gowulykda bellener.

* * *

Aýlanar-a, aýlanar,
Ak öýleri saýlanar,
Meň jigimiň toýunda,
Bedew atlar şaýlanar.

* * *

Aýlar geçer aýlanyp,
Günler geçer saýlanyp,
Aýlanaýyn aý guzym
Gyzlar gezer şaýlanyp.

* * *

Aýlar, günler aýlanar,
Toýda gyzlar şaýlanar,

[1] Erke – lälik.

Toýdaky şaýly gyzlar
Oglum senden aýlanar.[1]

* * *

Aýlar gyzym şat bolsun,
Duşmanlary mat bolsun,
Söýünjisine[2] berjegim,
Taýçanakly at bolsun.

* * *

Aýlar gyzym almaly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň kenary,
On barmagnyň hünäri.

* * *

Aýym-günüm, ak totaý[3],
Sen aglama, gulak goý,
Awa gitseň urarsyň
Hem garasar, hem torgaý.

* * *

Ak bäbegim sabada,
Atyny bermez ýada,

---

[1] Bu bendiň: Aýlar-günler aýlanar,
Toýda gyzlar şaýlanar,
Toýdaky şaýly gyzlar,
Meň balama guwanar.
Aýlanar aýlagynda,
Dolanar dolagynda — diýen nusgasy-da bar.

[2] Söýünji – buşluk.

[3] Totaý – guş ady.

Özi gider söweşe,
Gelni galar garaşa.

* * *

Ak guş bolup uç balam,
Garaguma düş balam,
Garagum derýasyndan
Gana-gana iç balam.

* * *

Ak düýäniň halygy[1],
Akar suwlar balygy,
Sorap-idäp gelseler,
Öz öýmüziň läligi.[2]

* * *

Ak ýüpekden köýnegiň,
Gülden akdyr bilegiň,
Döwran jana degeniň
Ýansyn-köýsün ýüregi.

* * *

Ak öýümiň eýesi,
Öýümiň kümüş söýesi,
Söwer ýary gelinçä,
Söýer otyr enesi.

---

[1] Halyk – howudyň (düýä münmek üçin arkasyna salynýan enjam) aşagyndan düýäniň arkasyna atylýan ortasy deşik keçe.

[2] Bu bendiň: Ak düýäniň halygy,
Akar suwuň balygy,
Ataň-eneň gyzyl gül
Sen olaryň läligi – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Akar-akar akasy,
Akar suwlar sakasy,
Gelip aşyk oýnasa,
Men ýaplaryň ýakasy.

* * *

Akar suwlar şarlaşyp,
Akyp gelýär dereden.
Meniň balam enaýy
Kimkä şony ýaradan?!

* * *

Akar suwuň tolkuny,
Balam söýer halkyny,
Bedew atyň uýany,
Goç ýigidiň ýegeni.

* * *

Akar ýaplar akyşar,
Münse atlar böküşer,
Balam dostlary bilen
Ulalyp dogan okaşar.

* * *

Akja ballym ýagşydyr,
Ýürejigmiň nagşydyr,
Meň balamyň kakasy,
Ile ýaran bagşydyr.

* * *

Akja bilekli ballym,
Gurama ýelekli ballym,
Ulalyp alym bolsa,
Ile gerekli ballym.

* * *

Akja bileklijedir,
Syny ýeleklijedir,
Eziz Alla saklasyn
Bize gereklijedir.

* * *

Al ata mündüreýin,
Bazara göndereýin,
Bazaryň nohudyndan
Etegiň dolduraýyn.

* * *

Ala bulut aý bolmaz,
Görüp göwnüm jaý bolmaz,
Horezminiň bäbegi
Öz bäbegme taý bolmaz.

* * *

Ala dagyň arçasy,
Mawut donuň parçasy,
Sensiň biziň öýmüziň,
Täze açylan gunçasy.

* * *

Ala ýelekli[1] ballym,
Arslan ýürekli ballym,
Hydyr-Ylýas saklasa,
Ile gerekli ballym.

* * *

Ala kürte ýeňi dar,
Jigimi il huwwalar,
Jigim köçeden geçse,
Gyzlaň bary hyrydar.

* * *

Alaçanyň agy bar,
Sowsanynyň gögi bar,
Gyrmyz dony geýmeseň,
Näme geýjek Allaýar?!

* * *

Aldym elime erki,
Sallançagyň sen görki,
Ejeň jany sag bolsa,
Etme hiç zatdan gorky.

* * *

Alla aýdaryn saňa,
Gulagyňy goý maňa,
Gulagyň goýsaň maňa,
Ömür dilärin saňa.

---

[1] Ýelek – gurama kürte manysynda.

* * *

Alla, alla aý bolsun,
Aýym saňa taý bolsun,
Toýuňy iller iýsin,
Köşkler saňa jaý bolsun.[1]

* * *

Alla-alla adyňdan,
Sallançagyň badyndan,
Mollatorgaý başlyjam,
Çille ýüpek saçlyjam.

* * *

Alla-alla Annaly,
Gülli bagyň bir güli,
Öý içiniň bilbili,
Ejesiniň öz güli.

* * *

Alla-alla alladan,
Gulpaklary tylladan,
Seni beren alladan,
Uzak ýaşlar diläýin.

* * *

Alla-alla alaýyn,
Ejeňi suwa ýollaýyn,

[1] Bu bendiň: Alla, alla, aý bolsun,
Sawçy bolup baý gelsin,
Toýuňa begler gelsin,
Köşkler saňa jaý bolsun — diýen nusgasy-da bar.

Ejeň suwdan gelýänçä,
Kişmiş berip aldaýyn.

****

Alla-alla, Allaýar,
Tutdy jülgeleri gar,
Sen söwdagär parçasy
Biz bolaly hyrydar.

* * *

Alla-alla at etsem,
Enem-atam ýat etsem,
Gunduzdan[1] telpek etsem,
Gyrmyzydan don etsem.

* * *

Alla-alla sen gülüm,
Baglardaky bilbilim,
Şat saýraýar dilleri,
Näzik inçe billeri.

* * *

Alla Allanyň ady,
Alla bersin kuwwaty,

---

[1] Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan, balyk, leňňeç, gurçuk, gurbaga we ş.m bilen iýmitlenýän, gymmat bahaly derili kiçijik haýwan.

Pygamberiň öwlady,
Perwerdigär saklasyn.[1]

* * *

Alla allanyň bolsun,
Alla ýaranyň bolsun,
On iki ymam, dört çaryýar
Şolar ýaranyň bolsun.

* * *

Alla-allasy geler,
Ýatsa ukusy geler,
Kerim atly bäbegme,
Toýdan öz paýy geler.

* * *

Alla-allasy gyzlar,
Bolar şirin owazlar,
Men balama toý etsem,
Çalynar dürli sazlar.

* * *

Alla balam, alla huw,
Seni alym edeýin.
Ylymly ýigit bolsaň,
Ile soltan edeýin.

---

[1] Bu bendiň: Alla Allanyň ady,
Alla bersin myrady,
Pygamberler öwlady,
Bahaweddin diwana – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Alla beren paýym sen,
Täze dogan aýym sen,
Bakjada bossanym sen,
Dilimde dessanym sen.

* * *

Alla derman janyma,
Jana gatylanyma,
Işan-molla ýapyşyp,
Istäp tapylanyma.

* * *

Alla diýdim aýyma,
Daraýy don boýuna,
Goýun-goçgar soýulsyn,
Şu balamyň toýuna.

* * *

Alla diýsem, allasy,
Altyndandyr söýesi,
Ýüz ellidir düýesi,
Çopan sorar agasy.
Çopan düýe semretse,
Çopana zerli halat.

* * *

Alla janym, ak balam,
Ak bişikde[1] ýat balam,

---

[1] Bişik – sallançagyň bir görnüşi.

Haçan babaň gelende,
Arzy-halyň aýt balam.[1]

* * *

Alla janymyň ujy,
Sensiň bilimiň güýji,
Seniň aýdan sözleriň
Maňa ballardan süýji.

* * *

Alla edip alaly,
Ak bişige salaly,
Seni beren Alladan
Uzak ýaşyň diläli.

* * *

Alladan-a, Alladan,
Hak saklasyn beladan,
Külli mähnet günäden
Özüň sakla Hudaýym!

* * *

Allalaýyn bäbegim,
Arzylaýyn bäbegim,
Adyňa Alma dakanym,
Gözüňe sürme çekenim.

---

[1] Bu bendiň: Alla janym, ak janym,
Ak bişikde ýat janym,
Ak bişikde ýatmasaň,
Arzy-halyň aýt, janym! – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Allalasam Arjanym,
Hakyk bilen merjenim,
Ysly sary saçlyja,
Alma-armyt başlyja.

* * *

Allalasam bolmazmy?
Dogam kabul kylmazmy?
Ýaradypdyr bir Alla,
Saňa ýaran bolmazmy?

* * *

Allalasam men seni,
Söýsem göwnüm jaý seni,
Gyş gyşlasam ýaz seni,
Günde söýsem az seni.

* * *

Allalasam han oglan,
Derýada guş kän oglan,
Kesgir gylyç bilinde
Uruşda pälwan oglan.

* * *

Allalasam är bolar,
Her elinde nar bolar,

Ýortup öýden çykanda
Görip gözi kör bolar.[1]

* * *

Allalasam ýaraşar,
Boýuňa güller dolaşar,
Gül dolaşan boýlaryňa
Zerbap[2] donlar ýaraşar.

* * *

Allalar diýem saňa,
Tur, elek getir maňa,
Telewçede[3] ýag goýdum,
Owmaç[4] ederem saňa.

* * *

Allan-allalar etsem,
Arkalarma ýaý etsem,
Alla uzak ýaş berse,
Bar ýygnanmy toý etsem.

* * *

Allan-allan agasy,
Başynda tomagasy[5],

---

[1] Bu bendiň: Ar bolar-a, ar bolar,
Her elinde nar bolar,
Toýdan-toýa baranda
Görip gözi kör bolar – diýen nusgasy-da bar.

[2] Zerbap – zer bilen bezelen.

[3] Telewçe – penjiräniň öňündäki ýasy tagta.

[4] Owmaç – iýmit ady, tamdyrdan çykan täze gyzgyn çöregi uşajyk dograp, saryýag bilen garyp taýýarlanylýan tagam.

[5] Tomaga — gupbasyna bezeg üçin gysdyrylýan tawus guşuň ýelegi.

Depesi altyn gupbaly,
Ülpüldär otagasy[1].

* * *

Allan-allan agasy,
Kabul bolsun dogasy,
Meniň eziz balamyň
Alla bolsun hemrasy!

* * *

Allan-allan agy bar,
Gaýyşdan bilbagy bar,
Arslan janyň köýnegniň
Art etegniň çägi bar.

* * *

Allan-allan adaga,
Guşlar gonsun pudaga,
Pudakdaky ak guşlar
Öz balama sadaga.

* * *

Allan-allan adyňdan,
Sallançakda badyňdan,
Gyrmyzy gulpagyňdan,
Garaja galpagyňdan.
Arkajygmyň hopbasy,
Süýrdepämiň gupbasy.

---

[1] Otaga – gyzlaryň tahýasynyň gupbasyna berkidilýän ülpüldäp duran öýme ýaglygyň ujy.

* * *

Allan-allan adyňdan,
Alwanjynyň[1] badyndan,
Seni beren Allany
Çykarmagyn ýadyňdan.

* * *

Allan-allan aý bäbek,
Ejesine paý bäbek,
Tur, ganymyň gözün oý,
Batyr bolgun, eý bäbek!

* * *

Allan-allan, aý guşlar,
Guşlar nirede gyşlar,
Alladan buýruk gelse,
Jennet bagynda gyşlar.

* * *

Allan-allan, Aý, gyzym,
Gara gaşy ýaý, gyzym.
On barmagy hünärli
Işi göwnejaý gyzym.

* * *

Allan-allan aý ederis,
Sallançagňa şaý ederis,

[1] Alwanç – bu ýerde sallançak manysynda (ýerli gepleşik).

Altyganat öý ederis,
Alty aýlap toý ederis.[1]

* * *

Allan-allan aýdasy,
Haçan deger peýdasy,
On ýaşyna baranda
Şonda deger peýdasy.

* * *

Allan-allan aýlagy,
Ýüpek ýaly gylygy,
Eziz balam Aýjemal
Suw içiniň sülügi[2].

* * *

Allan-allan aýlardan,
Gyz alarys baýlardan,
Baýlar gyzy sep getir,
Garyp gyzy gep getir.

* * *

Allan-allan aýlardan,
Suw alaýyn çaýlardan,

---

[1] Bu bendiň: Allan-allan aý bolsun,
Altyganat öý bolsun,
Altyganat öýüňde
Günde-günde toý bolsun! – diýen nusgasy-da bar.

[2] Sülük – ýapyşan haýwanlarynyň ganyny sorup ýaşaýan süýji suw gurçugy. Tebipçilikde hem ulanylýar. Näsagyň endamyna goýberilse, agyryly ýeri özi tapyp, şol ýere ýapyşyp, hapa gany sorup alýar.

Arkama köýmet[1] göterip,
Gyz soraýyn baýlardan.

* * *

Allan-allan ak maýsa,
Arkaňa güneş çoýsa,
Yzyndan ogul bolsa,
Ejeň hem seni söýse.

* * *

Allan-allan akanda,
Sygryn suwa ýakanda,
Ejesi gülüp bakar,
Gazet-kitap okanda.

* * *

Allan-allan akjadyr,
Bagda biten bakjadyr,
Garga diýip tutany
Uçup barýan zakjadyr[2].

* * *

Allan-allan aklasa,
Sallançakda uklasa,

[1] Köýmet – toýa eltilýän saçak (pişme, gatlama, byzmyk we ş.m.).
[2] Zakyja – ýylpyldawuk gara ýelekli, kiçijik gara garga.

Ulalyp adam bolup,
Emen süýdün haklasa.[1]

* * *

Allan-allan al bendi,
Saçyň derýalar bendi,
Ejeň çaý içip derlär,
Daýyň getirse gandy.

* * *

Allan-allan al beren,
Sallançaga sal beren,
Zekadyna zer beren,
Hüşürine ner beren.

* * *

Allan-allan al peri,
Açylýar asman syry,
Meniň balam uçanda
Ýansyn duşmanyň bagry.

* * *

Allan-allan al hana,
Ýetirsin gülgün hana,
Gol-aýagyň agyrsa,
Götereýin arkama.

---

[1] Bu bendiň: Allan-allan aklasa,
Sallançakda uklasa,
Ejeň gezmäge gitse,
Kakaň gelip ýoklasa – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Allan-allan, al hanym,
Üstüňde pida janym,
Duşmanlaryň pes bolsa,
Bolmaz meniň armanym.

* * *

Allan-allan alaýdy,
Bagyň gülün ýolaýdy,
Baglarda gyzyl gül dek,
Gyzlar bilen oýnaýdy.

* * *

Allan-allan alaýsyn,
Gül meňizli bolaýsyn,
Obada bir toý bolsa,
Kethudasy bolaýsyn.

* * *

Allan-allan alaýyn,
Gujagyma salaýyn,
Diýme «Kelläm agyrýar»,
Derdiňi men alaýyn.

* * *

Allan-allan alaýyn,
Sallançaga salaýyn,
Saňa gelen belany
Daga, daşa ýollaýyn.

* * *

Allan-allan alaly,
Bal dodagyň ýalaly,

Bagda biten garaly,
Garalyny seräli.

* * *

Allan-allan alaşar,
Garma donlar ýaraşar,
Jambörügi başynda,
Gelin-gyzlar daşynda.

* * *

Allan-allan alaşar,
Gül boýuna dolaşar,
Gülden näzik goluna
Merjen daksak gelişer.

* * *

Allan-allan alganak,
Atyp urgun çalganak[1],
Çalganak guş tapmasaň,
Urgun ýaşylbaş ördek.

* * *

Allan-allan aldyran,
Atyna begres saldyran,
Gidene halat geýdiren,
Gelene söwüş soýduran.

* * *

Allan-allan aldyrar,
Atyna begres saldyrar,

---

[1] Çalganak – guş ady.

Il-güne hyzmat edip,
Kimdigini bildirer.

* * *

Allan-allan alkyşlar,
Gözüň gyýa bakyşlar,
Gaşyň ýarym aý deýin,
Ak ýüzüňi nagyşlar.

* * *

Allan-allan Allasy,
Demirdendir galasy,
Elimiň kümüş hasasy,
Başymyň altyn jygasy.

* * *

Allan-allan allasy,
Şundan geler gül ysy,
Söýsün garry mamasy,
Öz balamyň balasy.[1]

* * *

Allan-allan Allaýar,
Jülgeleri aldy gar,
Men seni gorabilmen
Gorasyn Perwerdigär.

---

[1] Bu bendiň: Allan-allan allasy,
Gül ýassykda kellesi,
Söýgüli gelniň balasy,
Söýsün garry mamasy – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Allan-allan almaly,
Alyp goýna salmaly,
Giç ýatyp, irden turar,
Gözi, gaşy sürmeli.

* * *

Allan-allan apaýyn,
Üstüňe mahmal ýapaýyn,
Begres, mahmal üşetse,
Ýüpek ýorgan ýapaýyn.

* * *

Allan-allan aparlar,
Toýuňda at çaparlar,
Ýaryň gelen wagtynda,
Üýşüp çelpek ýaparlar.

* * *

Allan-allan apylan,
Söýüp-söýlüp tapylan,
Eline ýarag alyp,
Ganymlara topulan.

* * *

Allan-allan ar bolsun,
Goly doly nar bolsun,

Meň ballyma elmydam,
Ýaradan ýaran bolsun.[1]

* * *

Allan-allan arwana[2],
Goşulyp gider kerwene,
Uzak ýoldan gelende,
Girsin ýaryň goýnuna.

* * *

Allan-allan at geldi,
Uzak ýoldan hat geldi,
Alla bäbek, uklama,
Kakaň bilen at geldi.

* * *

Allan-allan at edeýin,
Sallançagňa bat edeýin,
Seni beren Allany
Her bir demde ýat edeýin.

* * *

Allan-allan a:t ýagşy,
Gaýgy-gamdan şat ýagşy,
Gadyr bilmez gardaşdan,
Gadyr bilen ýat ýagşy.

---

[1] Bu bendiň: Allan-allan ar bolar,
Goýny doly nar bolar,
Nary ýere gaçanda
Gyzlar hyrydar bolar – diýen nusgasy-da bar.

[2] Arwana – düýäniň bir görnüşi (inen düýe).

* * *

Allan-allan ataly,
Sensiz neneň ýataly,
Sen gül bolup açylsaň,
Biz saýaňda ýataly.

* * *

Allan-allan atlanjak,
Toýlar tutup şatlanjak,
Gurban janyň toýunda,
Kyrk müň öýli atlanjak.

* * *

Allan-allan atly guzy,
Sallançagy batly guzy,
Aýlanaýyn iner ogul,
Sallançaga müner ogul.

* * *

Allan-allan atly oglan,
Sallançagy batly oglan,
Sen-ä bize gerekli
Goltuklary hatly oglan.

* * *

Allan-allan atynça,
Otursam aý batynça,
Seni beren saklasyn,
Uzak heňňam[1] ötünçä.

[1] Heňňam – döwür, durmuş, wagt.

* * *

Allan-allan alhanda,
Gara gözüň balhanda,
Özüň bir ýagşy bala,
Ýöne aglamaň gende.[1]

* * *

Allan-allan alhanda,
Daýyň gelsin her günde,
Getirsin nohut, kişmiş
Jübüňi doldur şonda.

* * *

Allan-allan bes etsem,
Ulalsaň, höwes etsem,
Gyzyl gülden don biçip,
Etegin begres etsem.
Begres donuň ýakasy,
Deň-duşunyň bökesi[2].

* * *

Allan-allan öwmeli,
Öň ýakasy düwmeli,
Saňa bir gelin gerek
Gara gözi sürmeli.

* * *

Allan-allan özleriň,
Ne garaja gözleriň,

---

[1] Gende — ýaramaz, ýaman, erbet.
[2] Böke – pälwan.

Garaňky gijelerde
Şöhle salar ýüzleriň.

* * *

Allan-allan özüňe,
Uky gelmez gözüňe,
Satyn alyp bazardan,
Sürme çalsam gözüňe.

* * *

Allan-allan özüňe,
Uky gelsin gözüňe,
Saňa nazar salanyň
Sözen[1] degsin gözüne.

* * *

Allan-allan, ölmesin,
Bagyň güli solmasyn,
Asuda ilimize
Päliýaman gelmesin.

* * *

Allan-allan Habybym,
Dertli jana tebibim,
Göçemde göçüm gurban,
Gonamda kölgeligim.

* * *

Allan-allan, han gelýär,
Sallançagňa gün gelýär,

---

[1] Sözen – gumda bitýän ösümlik.

Gülüme geýdirmäge
Gyrmyzydan don gelýär.

* * *

Allan-allan, hanym sen,
Saçakdaky nanym sen,
Öwlüýälere baş urup,
Istäp tapylanym sen.

* * *

Allan-allan hemişe,
Kerwen gitdi gamyşa,
Kerwenimiz aman gelse,
Seni tutsak kümüşe.

* * *

Allan-allan hemişe,
Golun tutsun perişde,
Her kim saňa «jan» diýse,
Äkitsinler behişde.

* * *

Allan-allan hemişe,
Boýy meňzär gamyşa,
Gyşlagynda gül bitse,
Ýazlagynda melewşe.

* * *

Allan-allan çagydyr,
Öýüň jennet bagydyr,
Çyk köçäniň başyna
Daýyň gelýän çagydyr,

Allalasam men seni,
Hüwdülesem men seni.

* * *

Allan-allan edeýin,
Baga seýran edeýin,
Ejeň suwa gidende
Näme berip aldaýyn!

* * *

Allan-allan edeýin,
Baga seýran edeýin,
Bagyň gyzyl gülüni,
Saňa gurban edeýin.

* * *

Allan-allan edeýin,
Allany ýat edeýin,
Seni beren Allany
Günde müň ýat edeýin.

* * *

Allan-allan emilsin,
Uklap gözler ýumulsyn,
Ukyňa päsgel berjek
Duşmanlaryň gömülsin.

* * *

Allan-allan el guşy,
Elinde toty guşy,
Enesi gelse obadan
Ýagsyn ýazyň ýagyşy.

* * *

Allan-allan el guşy,
Gapymyň mermer daşy,
Ataň seniň geňeşçi,
Kakaň seniň ýolbaşçy.

* * *

Allan-allan elmydam,
Ýaňaklary gül mydam,
Agyzlary oýmakdyr
Dodaklary bal mydam.

* * *

Allan-allan elmydam,
Ýaňaklary gül mydam,
Ýaňagyň gyzyl alma
Gyş günleri ýaz mydam.

* * *

Allan-allan eýjejik,
Oky-ýaýy inçejik,
Münen aty taýçanak,
Düşlän ýeri gök ýylak[1].

* * *

Allan-allan ýatynça,
Otyryn aý batynça,

---

[1] Ýylak – gumda bitýän çylgym-çylgym baldakly, ýumşak ýaz oty.

Ýyldyzlary sanaryn
Sen kemala ýetinçäň.[1]

* * *

Allan-allan ýagşydyr,
Al palasyň nagşydyr,
Bir agasy tüýdükçi,
Bir agasy bagşydyr.

* * *

Allan atasy gelýär,
Uklap ýatasy gelýär,
Ak bazaryň ýolundan
Jigimiň atasy gelýär.

* * *

Allasy bar balamyň,
Tyllasy bar balamyň,
Gelýän nawyň[2] içinde
Dädesi bar balamyň.[3]

* * *

Alleý-alleý adyly,
Ak elleri kädili,

---

[1] Bu bendiň: Allan-allan atynça,
Otyryn daň atynça,
Uky gelmez gözüme
Şu kemala ýetinçä — diýen nusgasy-da bar.

[2] Naw — gämi, gaýyk.

[3] Bu bendiň: Allasy bar, balamyň,
Tyllasy bar, balamyň,
Uzak-uzak illerde
Daýysy bar balamyň – diýen nusgasy-da bar.

Ýany goşa ýeňňeli,
Kiseleri teňňeli.

* * *

Alleý-alleý, aý guşlar,
Guşlar gaýada gyşlar,
Hekim ata Süleýman
Gudratly işi başlar.

* * *

Alleý-alleý aý etsem,
Ýüz goýundan toý etsem,
Ýigde çelpek ýapdyrsam,
Garra guýruk çapdyrsam.

* * *

Alleý-alleý aýlançak,
Derýa suwy bulançak,
Altyganat ak öýüň
Sag dulunda sallançak.

* * *

Alleý-alleý aýlançak,
Akar suwlar bulançak,
Ak öýlere ýaraşar
Ak bäbekli sallançak.

* * *

Alleý-alleý, ak balam,
Sen rahat ýat, balam,
Gaýnadýanym şerbetdir,
Oýanaňsoň dat balam!

* * *

Alleý-alleý ak bally,
Saýrasa şirin dilli,
Ýakasy gyzyl gülli,
Gülleriňe döneýin.

* * *

Alleý-alleý ak bäbek,
Sallançakda ýat bäbek,
Her kim seni söýmese,
Ýakasyndan tut, bäbek.

* * *

Alleý-alleý ak bäbek,
Eneň öýde ýok bäbek,
Ataň awa gidende,
Eneň suwa gidende,
Sallançakda ýat bäbek.
Ataň awdan et getir,
Eneň saňa süýt getir.

* * *

Alleý-alleý ak Maýsa,
Öňüne güller ýaýsa,
Yzyndan ogul bolsa,
Bar kişi şony söýse.[1]

---

[1] Bu bendiň: Alleý-alleý ak Maýsa,
Öňüne güller ýaýsa,
Sülmüräp tikin tikse,
Barmagna tylla ýüwse – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Alleý-alleý ak nogaý,
Aglamak gylygyň goý,
Hem käkilik, hem torgaý,
Daranyp otyr hol ýerde.

* * *

Alleý-alleý al başdan,
Atlary uçar guşdan,
Uçar guşdan ülňi[1] alan,
Ülňüsine gül salan.

* * *

Alleý-alleý al başdan,
Eýerleri kümüşden,
Gupbasy göwher gaşdan
Allalaýyn men seni.

* * *

Alleý-alleý al biter,
Garagumda gül biter,
Ballym bilin guşasa,
Ekin eker, bol biter.

* * *

Alleý-alleý al biter,
Nar agaja gül biter,
Üç ýaşyna baranda
Saýrap duran dil biter.

---

[1] Ülňi — biçüw, şekil almak.

* * *

Alleý-alleý, al penje,
Her gulpagy bir penje,
Gyran ýerne çaňňaly,
Bir enaýy ýeňňeli.

* * *

Alleý-alleý ar bolmaz,
Biçen donum dar bolmaz,
Ballymy söýen bendeler
Ömür-baky hor bolmaz.

* * *

Alleý-alleý ar bolsun,
Her eliňde nar bolsun,
Ýortup öýden çykanda
Gyzlar hyrydar bolsun.

* * *

Alleý-alleý alaýyn,
Toýluk unuň eläýin,
Gelnejem jan gelende
Ogul bäbek diläýin.

* * *

Alleý-alleý alaly,
Toýluk unuň eläli,
Seni beren Alladan
Ýüwrük bagt diläli.

* * *

Alleý-alleý alaşar,
Akja köýnek ýaraşar,
Ballym süýji dillidir,
Mähir bilen sözleşer.

* * *

Alleý-alleý alaşar,
Geýen geými ýaraşar,
Ala ýorgan içinde
Gelni bilen dalaşar.

* * *

Alleý-alleý alaşar,
Ala geýse ýaraşar,
Niçe begzada ýigit
Gullugynda dolaşar.

* * *

Alleý-alleý alaşar,
Ala geýse ýaraşar,
Ak keçäniň üstünde
Gelni bilen dalaşar.

* * *

Alleý-alleý aldyran,
Atyna mahmal saldyran,
Oturana söwüş soýup
Turana halat geýdiren.

* * *

Alleý-alleý aldyran,
Atyna mahmal saldyran,
Otursa goýun öldüren,
Tursa gala saldyran,
Galasynyň kilidi,
Ak asmanyň buludy.

* * *

Alleý-alleý aldyrar,
Atyna mahmal saldyrar,
Söweşde duşman ýeňip
Kimdigini bildirer.

* * *

Alleý-alleý alkyndy,
Akar suwlar tolkundy,
Beg daýysynyň ýegeni,
Bedew atyň uýany.

* * *

Alleý-alleý allançak,
Suw kenary typançak,
Ballym mugallym bolsa,
Ähli oba guwanjak.

* * *

Alleý-alleý allançak,
Akar suwlar bulançak,
Muhammedim ak bäbek
Seniň görküň sallançak.

* * *

Alleý-alleý allasy,
Gül ýassykda kellesi,
Ili üçin iş bitir
Alym bolan pillesi.

* * *

Alleý-alleý allasy,
Eşirepi[1] tyllasy,
Atalary beglerden,
Agalary baýlardan.

* * *

Alleý-alleý, allasy,
Daşymyň demir galasy,
Giç geler, gije gider
Ýigitleriň seresi.

* * *

Alleý-alleý allasy,
Gül ýassykda kellesi,
Gyzyl gülüň dessesi,
Sary ýagyň mesgesi.

* * *

Alleý-alleý almaly,
Ala gözi sürmeli,
Säher turup görmeli,
Alyn saçyn örmeli.

---

[1] Eşirepi – pul birligi.

* * *

Alleý-alleý almaly,
Alyp goýna salmaly,
Sary gawun bişende
Sapagyndan ýolmaly.

* * *

Alleý-alleý almaly,
Gara gözi sürmeli.
Gul aýagy ýöresin,
Bilbil dili saýrasyn.

* * *

Alleý-alleý Alpamyş,
Käkilleriň bir garyş,
Özi şazada sypat
Ýörese arslan ýöriş.

* * *

Alleý-alleý altany,
Oglanlaryň soltany,
Ertir aýyt[1] gelende
Geýer gyzyl kürtäni.

* * *

Alleý-alleý altany,
Oglanlaryň soltany,
Ekiniň hasylyndan
Dolduryp geler haltany.

---

[1] Aýyt — baýram, baýramçylyk dabarasy.

* * *

Alleý-alleý alhamly[1],
Gant goşulan talhanly,
Allalaýyn bal guzy
Derdime sen melhemli.

* * *

Alleý-alleý alhamym,
Bal goşulan talhanym,
Ýagy gelse-ýaragym,
Uly ile-geregim,
Baldan süýji görenim,
Süýtden gaýmak süzenim,
Aýa-güne bakanym,
Adyna Leýli dakanym...

* * *

Alleý-alleý alhana,
Bal goşulsyn talhana[2],
Gül aýagyň ýadasa,
Götereýin arkama.

* * *

Alleý-alleý amana,
Ynsap bersin ýamana,
Iki ýaman duş bolsa,
Bolar ahyrzamana.

---

[1] Alham – doga, Gurhanyň bir süresi.
[2] Talhan – gowurga ununa toşap ýa-da başga süýji nygmatlar goşulyp, taýýarlanylýan iýmit ady.

* * *

Alleý-alleý apaýyn,
Toýuňda at çapaýyn,
Daşdan gelen gonaga
Mahmal serpaý ýapaýyn.

* * *

Alleý-alleý arapdyr,
At bakmaga ýarapdyr,
Aýagy gülli jorapdyr,
Gyz-gelinler garapdyr.[1]

* * *

Alleý-alleý ataýyn,
Seň göwnüňe ýeteýin,
Üstüme saýa bolsaň,
Aşagynda ýataýyn.

* * *

Alleý-alleý diýeýin,
Aýgözelmi söýeýin,
Daş ýoldan sawçy gelse,
Kyrk müň tylla diýeýin.

* * *

Alleý-alleý diýse bor,
Sary erigi iýse bor,

---

[1] Bu bendiň: Alleý-alleý arapmy?
At bakmaga ýarapmy?
Aýagy gülli jorapmy?
Gyzlar muňa garapmy? – diýen nusgasy-da bar.

Gökdepeden sawçy gelse,
Bahasy gymmat diýse bor.

* * *

Alleý-alleý hanym sen,
Köýnek biçsem ýanym sen,
Toýda tumar bagym sen,
Günde gülüstanym sen.

* * *

Alleý-alleý has ýagşy,
Gyzyl çuwalyň nagşy,
Ilerde ýüzük gaşy,
Gaýrada keýik başy,
Kejebesi gökde oýnar,
Kenekesi[1] ýerde oýnar,
Ýerde goýsam pos bolar,
Gökde goýsam ys bolar,
Alleý, balam huwwa-huw!

* * *

Alleý-alleý yşansyn[2],
Turup bilin guşansyn,
Müň tümenlik aty bar
Duşman ondan üýşensin.

* * *

Alleý-alleý edeýin,
Kürtäňe şaý edeýin,

---

[1] Keneke — gelneje (ýerli gepleşikde).
[2] Yşanmak – ynanmak.

Ataň gelse söweşden
Ýedi gün toý edeýin.

* * *

Alleý-alleý edeýin,
Sensiz nirä gideýin,
Ballym bilen işden soň,
Bagda gezim edeýin.

* * *

Alleý-alleý äýnekli,
Eli gyzyl çäýnekli,
Çäýneginde çaý içer,
Tabagynda paý iýer.

* * *

Alleý etsem ar bolmaz,
Biçen donum dar bolmaz,
Ballymyň söýen gyzy
Ömür-baky hor bolmaz.

* * *

Alleý etsem has kişi,
Tomus serer kişmişi,
Kişmişinden jübä salsa,
Bolmaz asyl teşwişi[1].

* * *

Alma bolar, nar bolar,
Balam mähriban bolar,

---

[1] Teşwiş — gorky.

Alma diýip saýlany
Söýgüli dildar bolar.

* * *

Alma gyzym gül ýüzli,
Gül börügi gunduzly,
Bagda açylan gülüm,
Toýunda dessemmilim[1].

* * *

Alma jany hopba ediň,
Başyna gurama topby ediň,
Agasy ekini kän alsa,
Başyna gyzyl gupba ediň!

* * *

Almadan algyn balam,
Sapagyn ýolgun balam,
Kimiň gyzyn halasaň,
Goýnuňa salgyn balam![2]

* * *

Almasyndan, naryndan,
Ak alkymy garyndan,
Güli açyldy bagynyň
Ýolsun gül pudagyndan.

---

[1] Dessemmil (dessemmaýa) – gawunyň ysgalýan kiçijik kyrkgünlük görnüşi, mazy hem diýilýär.

[2] Bu bendiň: Almany algyn balam,
Bagyndan ýolgun balam,
Haýsy gyzy alsaň-da,
Söýüşip algyn balam – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Alny arap meýdany,
Atlar çapmaga ýagşy.
Gözi daglar çeşmesi
Ýatyp içmäge ýagşy.

* * *

Alny giňden aýylan,
Ýüzüme gülap çaýylan,
Gumda bedew saýylan
Bedew dünýäm, Baýram jan!

* * *

Alnyma dogan aýym,
Bagtyma berlen paýym,
Janym bilen söýenim,
Eziz balam diýenim.

* * *

Alsam elimiň almasy,
Çalsam gözüm sürmesi,
Meniň balam Aýjemal
Bagymyzyň hurmasy.

* * *

Aly gelsin toýuňa,
Myhman gelsin öýüňe,
Bile gezen deň-duşlaň
Gatanç bersin toýuňa.
Göreşsin goç ýigitler,
Oýnasyn gyz-gelinler,

Ýigitler äňedende
Ýaglyk bular gelinler.

* * *

Alyn saçy al ýürek,
Depesinde çil ýüpek,
Çil ýüpegiň çüýjügi,
Dessemmiliň pürçügi.

* * *

Alyn saçyň al ýüpek,
Depe saçyň çil ýüpek,
Huwwalasam men seni,
Gujagyma gel, ýüpek!

* * *

Annajemal haýbatly,
Münen düýesi sowgatly,
Al-ýaşyldan köýmetli,
Gerekli balam, huwwa-huw!

* * *

Aparan-a, aparan,
Kentden gözel aparan,
Öýleri öýden ýokary,
Kakasy begiň nökeri.

* * *

Apbagym-a, apbagym,
Gül pudakda ýapragym,
Söýmedikler otursyn
Özüm söýjek apbagym.

* * *

Apbagymdan, agymdan,
Inip gelsem dagyňdan,
Eziz balam Kerim jan,
Güller ýolsam bagyňdan.

* * *

Aralyga alanym,
Dalaşykly söýenim,
Datly gören bäbegim
Boýuna guwananym.

* * *

Arkama hopba edenim,
Depäme gupba edenim,
Maňlaýyma oranym,
Gül ýaşmagma çolanym,
Ilki gözüm göreni,
Şirin dilim söýeni.
Eziz balam, alla-huw!

* * *

Aryk boýunda patrak,
Sen gül bolsaň, men ýaprak,
Güljemalma degeniň
Gözüne gysym toprak.

* * *

Aryk boýunda şeýda,
Şeýdadan şeker peýda,

Güljemalym sag bolsun,
Başga zatdan ne peýda.

* * *

Aslyň Mürçeden[1] dünýäm,
Öýüň arçadan dünýäm,
Daýzaň saňa don biçsin,
Ýüpek parçadan dünýäm.

* * *

At getir-ä, at getir,
Atyn ýükläp ot getir,
Gür jeňňeliň içinde
Gäwmiş[2] öldür, et getir.

* * *

At torbasy arbapdan[3],
Köýnekçesi zerbapdan,
At gazygy kümüşden,
Ýol azygy iýmişden.

* * *

Atajanym atlyja,
Goltuklary hatlyja,
Otursa kyssa düzer,
Atlansa oba gezer.

---

[1] Mürçe – Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda bir obanyň ady.
[2] Gäwmiş – uly kelleli, ýogyn şahly öküz.
[3] Arbap – dokalan matanyň görnüşi.

* * *

Atam-enem ýekesi,
Senden geler gül ysy,
Gara gözüm garasy,
Ýüregimiň parasy.

* * *

Atań seň atly geler,
Ýany sowgatly geler,
Guzym seni gujaklap,
Otursam datly geler.

* * *

«Atlan, atlan!» diýlende,
Öňi bilen atlanar.
«Batyr, saýlan!» diýlende,
Atlary haýbatlanar.

* * *

Atlanyp awa gider,
Towşanly daga gider,
Towşan asar ýanyna,
Gany damar synyna,
Aryp-ýadap gelende
Ejesi gurban janyna.

* * *

Atlansa hana meňzär,
Tursa daýhana meňzär,
At üstünde oturşy
Il söýen hana meňzär.

* * *

Aty atdyr oglumyň,
Dosty şatdyr oglumyň,
Oňa ýamanlyk etjek
Duşmany matdyr[1] oglumyň.

**– B –**

Babajan nirden gelýär,
Ýüz-gözi nurdan gelýär,
Towşan asyp ýanyna
Towşanly gyrdan gelýär.

* * *

Baba jan-a, bal kişi,
Elinde demir çişi,
Juwaz aýlap, ýag alsa
Bolar jahyllar başy.

* * *

Babalymyň kakasy,
Atyn oýnadyp geler.
Ýatsa ýatsyn balasy,
«Balam nirde» diýp geler.

* * *

Baga gireli jigim,
Güller tireli jigim,
Serdarym Türkmenbaşa
Eltip bereli jigim.

---

[1] Mat — gamgyn, gaýgyly, gussaly.

* * *

Bagda badam, bal jigim,
Çölde ýodam bol, jigim,
Seýran etse jahany
Ýelmaýasy[1] ýel jigim.

* * *

Bagynda serçe bardyr,
Dagynda arça bardyr,
Gyz arasynda balam
Görseň, enarça bardyr.

* * *

Bazardan ballar alsak,
Biliňe şallar[2] alsak,
Balajygym Myrat jan,
Ballar başyňa dönsek.

* * *

Baýram janym araly,
Gül ýüzüne garaly,
Baýram kimi halasa,
Şony alyp beräli.

* * *

Bakjasynda, bagynda,
Ýylyň bahar çagynda,

[1] Ýelmaýa – gadymy ertekilerde, rowaýatlarda duş gelýän, «ýörände aýagy ýere degmeýän», ýyldam maýa.
[2] Şal – bu ýerde bil guşagy manysynda. Elde dokalýan irimçik ýüň mata.

Bilbiller saýraşarlar
Gülümiň otagynda.

* * *

Bal akar bajagynda,
Ýag damar bujagynda,
Mydama aş bişýändir
Balamyň ojagynda.

* * *

Bal bilen-ä, bal bilen,
Guş-gumursy dil bilen,
Gyz sesiňi ak bäbek,
Dyndaraýyn dil bilen.

* * *

Balam, atyň säkdirme,
Sekiz myhyň kakdyrma,
Uzak ýere gideňde
Gelniň ýola bakdyrma.

* * *

Balam-balam balasy,
Senden geler gül ysy,
Seni bagryma bassam,
Äleme ýaýrar ysy.

* * *

Balam gara gözüňden,
Seniň süýji sözüňden.
Meniň balam Aýgözel
Aýlanaýyn özüňden.

* * *

Balam gelýär illerden,
Aşyp depe-gollardan,
Eýäm seni saklasyn,
Ýaman gözden-diller00den.

* * *

Balam müner kejebä,
Bereket insin ojaga,
Kejebeden düşende
Gelip girer gujaga.

* * *

Balam jana tenekär,
Samandan böwrek ýasar[1],
Mejlislere gidende
Begler bolar hyzmatkär.

* * *

Balam seni söýeýin,
Gyrmyzy gülüm diýeýin,
Gyrmyzy gülüm ysyňdan
Ysgap-ysgap doýaýyn.

* * *

Balam, ýaşyň uzakdyr,
Urmak-sökmek ýazykdyr,

[1] Çagalaryň batbörek ýasap oýnaýan oýny.

Alkymyňdan ysgasam,
Alty aýlyk azykdyr.[1]

* * *

Balamyň başy ýaşdyr,
Ölmese, ýoly daşdyr,
Ulalanda köp okar
Kitap oňa ýoldaşdyr.

* * *

Balasynyň balasyn,
Ekezleder[2], enesi.
Guzusynyň guzusyn,
Gotazladar[3] enesi.

* * *

Baldan mazaly sözi,
Ot dek ýanyp dur gözi,
Äleme şöhle salyp,
Aýa bäs eder ýüzi.

* * *

Ballar kimin balaşa,
Düzde gezer hemişe,
Atlanyp seýle çyksa,
Münen aty alaşa.

---

[1] Bu bendiň: Meniň balam näzikdir,
Urmak-sökmek ýazykdyr,
Ýaňagyndan ogşasam,
Alty aýyma azykdyr – diýen nusgasy-da bar.

[2] Ekezlenmek — dogumlanmak, batlanmak, tijenmek.

[3] Gotaz — ujy ýüplük pürçükli ýa-da seçekli, düwme dakylan saç bezegi.

* * *

Ballar bolsun iýjegiň,
Ýüpek bolsun geýjegiň,
Nirde bolsaň unutma,
Garyp ejeň ojagyn!

* * *

Ballar-ballar başyňa,
Bal gatylsyn aşyňa,
Okaraňy dolduryp,
Aş bergin deň-duşuňa.

* * *

Ballym adam tüýsidir,
Ysy güller ysydyr,
Ballyma at dakanyň
Özi adam pisidir.

* * *

Ballym adyň Öwelek,
Ýüwrüp çöplär kömelek,
Söweşe gideniňde
Atyň bolar ýüwürek.

* * *

Ballym atyň ýaş bolsun,
Münen atyň guş bolsun,
Her söweşe gideňde
Erenler ýoldaş bolsun.

* * *

Ballym aýyň bölegi,
Şuňkar guşuň ýelegi,

Çyn käseden çaý içse,
Müňňüldeşer eňegi.

* * *

Ballym-ballym bal başdan,
Atlary uçar guşdan,
Eýerleri gyzyldan
Gupbasy göwher gaşdan.

* * *

Ballym-ballym, bal başdan,
Aýlansam degre-daşdan,
Kesmek beriň ballyma
Gazan doly ak daşdan.

* * *

Ballym-ballym bal eken,
Bal däl, gyzyl gül eken,
Seniň eken gülleriň
Atyr ysly gül eken.

* * *

Ballym-ballym, bal harman,
Sesiň derdime derman,
Her kim seni söýmese,
Ölünçä çeker arman.

* * *

Ballym-ballym bal ýaljak,
Oky-ýaýy bir gujak.
Dogar aýda toý tutuň,
Sap gyzyldan şaý tutuň.

* * *

Ballym-ballym balaşar,
Akja köýnek ýaraşar,
Öňünde alma goýsaň,
Dosty bilen paýlaşar.

* * *

Ballym-ballym han oglan,
Han teňňesi kän oglan,
Ok-ýaragyn dakynyp,
Çap atyň herýan oglan.

* * *

Ballym barmaklaryňdan,
Dalçyn[1] myhaklaryňdan[2],
Kakaň metjitden gelse,
Ogşar ýaňaklaryňdan.

* * *

Ballym batyrgaý alçak,
Ýabyň suwy bulançak,
Gowaçalar boý alar
Şahasy bor sallançak.

* * *

Ballym bahym tur-da gel,
Okuň-ýaýyň gur-da gel,

[1] Dalçyn – derman ösümlik.
[2] Myhak – dänesi dermanlyk üçin ulanylýan ýakymly ysly ýabany ösümlik.

Aşakda erkin iliň,
Duşmanlarňy gyr-da gel!

* * *

Ballym bolma bet oglan,
Eneňe habar gat oglan,
Ejeň işden gelýänçä
Dynjyň alyp ýat oglan.

* * *

Ballym geler illerden,
Tahýasy doly güllerden,
Allaň özi gorasyn,
Ýaman gözden, dillerden.

* * *

Ballym gelýär o dagdan,
Jübsi doly dagdandan,
Saýlap-seçip gyz alsa,
Iýmiti tüwi ýagdan.

* * *

Ballym gelýär künjüden,
Jübüsi doly hünjüden,
Ballym janyň toýunda
Söwüş gitsin i:njiden[1].

* * *

Ballym, gelýär, künjüden,
Dişjagazy hünjüden,

[1] I:nji — kiçijik çaga barmagyny soranda mamasy-babasy tarapyndan berilýän mal.

Eziz Allam gorasyn
Dert ýamany sanjydan.

* * *

Ballym gelýär Hywadan,
Ýany doly miweden,
Deňi-duşy gelende
Paýlar berer miweden.

* * *

Ballym gider, at getir,
At üstünde bek otyr,
Gyzlar bilen oýnasa,
Betlik etmez dek otyr.

* * *

Ballym gulagyn gerdi,
Üç ýaşynda gür berdi,
Bu durmuşy Serdarym
Ballyma peşgeş berdi.

* * *

Ballym guşuň balasy,
Bakjadadyr enesi.
Ak pagtany köp ýygar,
Şu ballymyň enesi.
Gül aýagyň ýöresin,
Bilbil diliň saýrasyn.

* * *

Ballym derdiňe ýanjak,
Owazyň bilbil sanjak,

Altyganat öý diksem,
Şondan etjek sallançak.

* * *

Ballym janyň harmany,
Bugdaýy il dermany,
Balam söýüp gyz alsa,
Şonda galmaz armany.

* * *

Ballym işläsi geler,
Halal dişläsi geler,
Görip içigaranyň
Garnyn çişläsi geler.

* * *

Ballym kölüň sonasy,
Dogramanyň honasy[1],
Şu ballyma söýgüden
Sargarypdyr enesi.

* * *

Ballym mekdebe barsyn,
Tertip-düzgüni bilsin,
Esgerlige gidende
Basym baştutan bolsun.

[1] Hona — 1) üstünde hamyr ýaýylýan, et dogralýan tagta. 2) dograma garyljak et dogralanda bir bölek petir çöregiň üstünde dogralýar, şoňa «hona nan» diýilýär. Şol hona nanyň bölegi çagalara paýlanylyp berilýär.

* * *

Ballym oýnasyn, ýörsün,
At çapyp, gämi sürsün,
Işinde türgen bolup
Iline peşgeş bersin.

* * *

Ballym seni ýatyrdym,
Gyzyl güle batyrdym,
«Ukudan gansyn» diýip,
Baş ujunda oturdym.

* * *

Ballym uzak ýatmasyn,
Säher uka batmasyn,
Ballymy ýeke taşlap,
Dosty ýoldan ötmesin.

* * *

Ballym uklap ýatandyr,
Per ýassyga batandyr,
Balaň juwan ejesi
Kyrk ýaşyna ýetendir.

* * *

Ballym uklap ýatandyr,
Per ýassyga batandyr,
Şu ballymyň ugrunda
Ejesi germesatandyr[1].

---

[1] Germesatan — ýetişip bilmän, ylgap ýörmek.

* * *

Ballym şundan atlandy,
Howasy bulutlandy,
Münen aty taý-gulan,
Gezen ýeri gök çemen,
Kentde[1] keýik oýnatmaz
Suwda gämi ýaýnatmaz.

* * *

Ballym-a meň at bakar,
Ulalyp pälwan ýykar,
Çar tarapa at salyp,
Gyzlaryň için ýakar.

* * *

Ballymdan aýlanaýyn,
Toýunda şaýlanaýyn,
Maýa münüp ýaýkanaýyn,
Söýgüläp çaýkanaýyn.

* * *

Ballymyň gara gözi,
Şirinden şeker sözi,
Watanyn goramaga,
Elmydam taýýar özi.

* * *

Ballymyň kän soragy,
Gül başymyň daragy,

---

[1] Kent – oba.

Gije şöwürler[1] çeksem,
Gündiz gözümiň çyragy.

* * *

Ballymyň çaryklary,
Köldedir balyklary,
Gyrmyzy nara meňzär
Jigimiň ýaňaklary.

* * *

Balym aýyň bölegi,
Akar suwuň balygy,
Ejesi bilen çaý içer
Öz öýmüziň läligi.

* * *

Balym-balym bal başdan,
Gazan doly ak aşdan,
Gelin alsak ballyma
Ak ýüzli, gara gaşdan.

* * *

Balyňdan hem gülüňden,
Bilbil ýaly diliňden,
Il aýlansyn her günde
Käkilli sünbüliňden.

* * *

Baranyň bazar bolsun,
Ýollaryň gülzar bolsun,

---

[1] Şöwür çekmek – 1) uzyn gije uklaman, dik oturmak. 2) gijelikde uzak ýoly ýöräp geçmek.

Saňa kast eden duşman
Janyndan bizar bolsun.

* * *

Başymyzyň täçdary,
Ejeň köňül mydary,
Bir zaman ejeň sensiz
Ýetmez sabry-karary.

* * *

Başyny başlap döneýin,
Işimi taşlap döneýin,
Eziz gören balamyň
Toýuny başlap döneýin.

* * *

Başynda-ha, başynda,
Çile börük başynda.
Çile börügi çykaryp,
Nogul-nabatlar seçip,
Toý tutalyň ogluma.
Myhman gelsin duluma.

* * *

Begleri öýne düşürip,
Deň-duşuny üýşürip,
Ýagly palaw bişirip,
Iýsin deň-duşy bilen.

* * *

Bedew atyn bökdürip,
Bellenene döneýin.

Gyrmyzy donlar geýip,
Sallanana döneýin.

* * *

Bedew atyň ýaly bar,
Halysynyň göli bar,
Meniň eziz balamyň,
Çep ýanagnyň haly bar.

* * *

Bereket gitmez illerden,
Noýba ýygar çillerden,
Ballym aýdym aýtsa,
Owazy bilbillerden.

* * *

Bilbil guşuň bolaýyn,
Gollaryňa gonaýyn,
Sen atlanyp çykaňda
Jylawdaryň bolaýyn.

* * *

Bilegi akja ballym,
Ýüregi päkje ballym,
Kesek zyňsa ýatyrar
Gargadyr zakja ballym.

* * *

Bilim alyp, ulalyp,
Alym bolup, ös balam!
Yhlas bilen işleseň,
Ejeň bolar, hoş balam!

* * *

Boz atynyň boýnagy,
Boýnagy göz oýnagy,
Oýnap, gülüp gelende
Iýeni süýt gaýmagy.

* * *

Boýuna jan, boýuna,
Il ýygnansyn toýuna,
Bir menzilden gygyryp,
Çapar gelsin toýuna.

* * *

Boýuny jan, boýuny,
Ballym söýer oýuny,
Deň-duşlary gelende
Öldir semiz goýuny.

* * *

Boýuň meňzär çynara,
Gül ýüzüň alma-nara,
Sen kimin batyr ýigit
Asla gelmez jahana.

* * *

Boýuň meňzär çynara,
Gül ýüzüň alma-nara,
Ösüp-ulal ak gyzym,
Tur-da, saçyňy dara.

* * *

Boýuň uzap saýlansyn,
Eneň senden aýlansyn,
Erte seniň toýuňda
Bedew atlar şaýlansyn.

* * *

Bu bazar uly bazar,
Içinde jigim gezer,
Elinde döwet galam
Derdime doga ýazar.

* * *

Bu ballym pälwan ýykar,
Ulalanda at bakar,
At boýnuna jaň dakyp,
Gyzlaryň için ýakar.

* * *

Bujaga, jan bujaga,
Bereket insin ojaga,
Gyrmyldapjyk ýöre-de,
Gelip girgin gujaga.

* * *

Bägül gyzym gül gyzym,
Saçlary sünbül gyzym,
Gyzlar läle kakanda,
Owazy bilbil gyzym.

* * *

Bäş köşekli, bäş düýe,
Otuz jübüt ner-maýa.
Şonuň biri kem bolsa,
Bakmasyn biziň taýa.

* * *

Bäşim janyň toýuna,
Dönüp-dönüp gideýin.
On kejebäni gurap,
Oňa gelin getireýin.

## – Ç –

Çeşme suwuň sakasy,
Daraýy donuň ýakasy,
Gülden näzik ejesi
Ýaş ýigitdir kakasy.

* * *

Çeşmelerden suw akar,
Balam atyny ýakar,
Obamyzyň gyzlary
Oňa ogrynça bakar.

* * *

Çogdasyny çaň basyp,
Dört aýagny deň basyp,
Ýanyna awlar asyp,
Ýorga geler gyzyma.

* * *

«Çygşyl-çygşyl» agaçlar,
Onda gizlener guşlar,
Ballym akja kagyza
«Serdar» diýp, ýazyp başlar.

## – D –

Dag içiniň gowagy,
Kakasy döwer döwegi,
Gijeler tagat çeksem[1],
Sen ýüzümiň tuwagy[2].

* * *

Dagda bugdaý seriler,
Çykma boýuň görüler,
Sekiz gulaç[3] saçyňdan
Heýkel bagy örüler.

* * *

Dagdan aýrak getiren,
Toýdan baýrak getiren,
Görogly agasy dek
Okun pilden ötüren.

* * *

Dagdan ge:tir omçany[4],
Malyna berer zamçany,

---

[1] Tagat çekmek – perzent söýüp gijäni ukusyz geçirmek.
[2] Tuwak – 1) ýüze örtülýän örtgi. 2) gyz ady.
[3] Gulaç – ölçeg birligi. Iki goluňy giň gereniňdäki uzynlyk.
[4] Omça – odunyň töňňesi, käbir ýerlerde ojar odunyna hem omça diýilýär.

Bakan malyn semredip,
Iýer ýagly omaçany.

* * *

Dagdan ge:tir omçany,
Malyna berer zamçany,
Mämmet janyň halany
Geýer ýüpek parçany.

* * *

Dagdan daşarlar arçany,
Geýdirler gymmat parçany,
Güljemal ýaljak gunçany,
Hudaýdan dilärler saňa.

* * *

Dagdan dişli daragym,
Arkadagym, geregim,
Şu balamy söýmesem,
Çatlap barýar ýüregim.

* * *

Daglardan-a, daglardan,
Bir gül üzdüm baglardan,
Deregiňi sorasam,
Aslyýetiň hanlardan.
Erikleriň nowçasy,
Baglaryň gül-gunçasy,
Gül melewşe dessesi,
Sary ýagyň mesgesi.

* * *

Daglary inderer men,
Atyňy dönderer men,
Şu gün bir gurgun aty,
Daýyňa gönderer men.

* * *

Daýysy geýer telpegi,
Ejesi ýaýar çelpegi,
Şu balamyň gulpagy,
Ygyp gider şemala.
Alla-alla aýyşda,
Bendäň gezer käýişde,
Altmyş iki perişde,
Her haýsysy bir işde.

* * *

Daň atanda ýalbyrap,
Oturýaryn saç darap,
Ýygyma gitjek çagym
Ballymam gider ýöräp.

* * *

Daraýy donuň ýakasy,
Akar suwlar sakasy,
Ak bäbegmiň kakasy,
Geler ýatlaýa-ýatlaýa.

* * *

Demir gala saldyrar,
Içine oba doldurar,

On bäş goýun öldürer,
«Jomart eken» diýdirer.

* * *

Depä çykar bal dünýäm,
Düwme dakar şol dünýäm,
At üstünde oturşy,
Göýäki bir han dünýäm.[1]

* * *

Derek dek boýuň bolsun,
Gurbanyň goýun bolsun,
Gerekli balam, Kerim jan,
Ullakan toýuň bolsun.

* * *

Diýsem diýenim etsin,
Göwün islegi bitsin,
Allalasam ak bäbek,
Daňlaryň rahat atsyn.

* * *

Düýpde gazyk ýörimez,
Suwda kümüş erimez,
Meň ballymy söýmedik
Hiç wagtda ýarymaz[2].

---

[1] Bu bendiň: Depä çykar bal dünýäm,
Düwme dakar bal dünýäm,
Deňi-duşun görende
Gülüp bakar bal dünýäm – diýen nusgasy-da bar.

[2] Ýarymaz – bu ýerde işi oňuna bolmaz manysynda.

* * *

Dilimde dessanym sen,
Bagymda bossanym sen,
Täze dogan aýym sen,
Alla beren paýym sen.

* * *

Doganym-a, doganym,
Sarymsakdyr soganym,
Ejeň-ä bir ýat gyrnak,
Kakaň meniň doganym.

* * *

Döwran janym atlanar,
Atyna ganat beklener,
Çalyp guşyn alýança,
Bedew aty saklanar.

* * *

Döneýin-döndereýin,
Bazara göndereýin,
Bazardan ballar alsyn,
Egnine donlar alsyn.

* * *

Döneýin, dönüşiňden,
Pyýada ýörişiňden,
Elim işde döneýin,
Agzym aşda döneýin,
Bu gün elim degmese,
Erte giçde döneýin.

* * *

Dükür-dükür daýyň gelýär,
Bir okara paýyň gelýär,
Dagdan aşyp daýzaň gelýär,
Gumdan aşyp mamaň gelýär.

* * *

Dürli-dürli geýdirenim,
Datly damak iýdirenim,
Eziz balamyň balasy
Söýsün garry enesi!

* * *

Dürli magdanly dagyň,
Miwesi bişdi bagyň,
Bilbilleri saýraşyp.
Joşýar joşmaly çagyň,
Bagtly bolduň sen oglum,
Guwanýaryn men oglum!

**– E –**

Eýjejik gülüm bäbek,
Saýraýan dilim bäbek,
Eger ki sen bolmasaň,
Saýramaz dilim bäbek.

* * *

Ejeň, kakaň işeňňir,
Sylag alarlar erte.
Sylag berlen matadan,
Saňa tikeris kürte.

* * *

Eziz balam, bir ýagşy,
Ilde söýülýän bagşy,
Kesearkajy gözlesem,
Tapylmaz senden ýagşy.

* * *

Eziz balam Süleýman,
Seni Hakdan dilärmen,
Hak dilegim berýänçä,
Sabyr eýläp durarman.

* * *

Ezizim, gara dagym,
Miweli alma bagym,
Garaňky gije çyragym,
Nurmämmet jan alla huw!

* * *

Ekin ekdim uşajyk,
Bogunlary ýumşajyk,
Meniň eziz jigimiň
Häsiýeti ýumşajyk.

* * *

El üstünde ekläýin,
Jandan eziz saklaýyn,
Okuwa gitjek bolsaň,
Bukjajygňy bekläýin.

* * *

Elguşy elinde oýnar,
Tazysy ýanynda oýnar,
Gamçysyndan gan damar,
Üzeňňisinden ýag damar.

* * *

Elenemde berilen,
Köýenimde düzülen,
Gara bagrym jan ogul,
Şirin janym han ogul!

* * *

Elimden iýmiş alar,
Arkamdan ýüküm alar,
On-on bäş ýaşa barsa,
Bir gün alnymdan dirär.

* * *

Elinde tamdyrasy,
Garaja gandalasy[1],
Bazarçylar bajysy,
Ýigitler ortanjysy.

* * *

Eliň akja ellerden,
Bereket gitmez illerden,
Ballym aýdym aýtsa,
Owazy bilbillerden.

[1] Gandala – kiçijik möjejik.

* * *

Eliňe guş bolaýyn,
Sag-soluňda gonaýyn,
Daş ýerden myhman gelse,
Jylawdaryň bolaýyn.

* * *

Ellerden-ä ellerden,
Başa gysdyr güllerden,
Mekdebe arman gatnap,
Öwren ençe dillerden.

* * *

Elleri ellerinde,
Synlary billerinde,
Meniň jigim suw tutsa,
Ýaňgalaň[1] çillerinde.

* * *

Ellerinde el ýaglyk,
Billerinde bil baglyk,
Gije ýatmaz ejesi
Elmydama oýalyk.

* * *

Elleri-hä elleri,
Agyrmasyn billeri,
Agalary toý etse,
Hyzmat eder gollary.

---

[1] Ýaňgala – Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir obanyň ady.

* * *

Elleri-hä, elleri,
Gysdyr başa gülleri,
Okap ýazyp başlasa,
Öwrener köp dilleri.

* * *

Elleri-hä, elleri,
Çekip barýar pelleri,
Egnine dökülipdir
Galpagynyň telleri.

* * *

Enary-ýa, enary,
Oýnap barsyn kenary,
Başyndaky börügi,
Enesiniň hünäri.

* * *

Eneň pendin al, ballym,
Irden turup gel, ballym,
Gül Watany goramaga
Mydam taýýar bol, ballym,

* * *

Eňegi etleň böwregi,
Dişläp iýmäge ýagşy,
Ýaňagyň ýaz almasy
Ysgap iýmäge ýagşy.

*** * ***

Esrik nerler bitimli,
Aýrak goçlar tutumly,
Ýagyrnylary ýaý boýly,
Gerdenleri gez[1] boýly.

**– Ä –**

Äpişgeden gün düşer,
Gün düşse, bagrym bişer,
Gullukdaky doganym
Günde ýadyma düşer.

**– G –**

Gadyrly gara dagym,
Miweli alma bagym,
Garaňky gije çyragym,
Sensiň meniň geregim.

*** * ***

Gaýradaky gaýalar,
Mahmal jully maýalar,
Meniň balam ulalyp,
Gitdigiçe boý alar.

*** * ***

Gaýradan bir gyz geler,
Gyýma gara gaşlyja.

---

[1] Gez – tirsekden barmagyň ujuna barýança bolan aralyk.

Alyp beriň ballyma,
Agzy hünji dişlije.

* * *

Gamy azdyr oglumyň,
Keýpi sazdyr oglumyň,
Aryp-ýadap gelende
Gyşy ýazdyr oglumyň.

* * *

Gapyda gyrnak hüňňürdär,
Dulda gelin şaňňyrdar,
Tazylary aw alsa,
Düwmeleri düňňürdär.

* * *

Gara gözli, gül ýüzli,
Gül börügi gunduzly,
Gunduzly gulpagyndan,
Şirmaýy telpeginden.

* * *

Gara gözňe maýyl ogul,
Götermäge kaýyl ogul,
Eneň seniň yzyňda
Elmydam saýyl[1] ogul.

* * *

Gara gözüm garasy,
Saýrak dilim seresi,

---

[1] Saýyl – sergezdan.

Aýlanaýyn ak bäbek
Ýollarymyň çyrasy.

* * *

Gara gözüm garasy,
Sen jigermiň parasy,
Hemmeler göz agymdyr
Sen gözümiň garasy.

* * *

«Gara gözüm» diýeýin,
Janym girew goýaýyn,
Gara gözüm röwşeni,
Seni allalar edeýin.

* * *

Gara gözüm Karkara,
Saçy gunduzdan gara,
Gunduzy galpagynda,
Düwmesi telpeginde.

* * *

Gara gözüm yşygy,
Öýmüziň ýaraşygy,
Sary käşir ýapragy,
Datly alma sapagy.

* * *

Garaja taýmyz düzdedir,
Tanaplary bizdedir.
Meniň söwer balamyň,
Gara gözi gyzdadyr.

* * *

Garasy gara dagym,
Salkyn saýaly bagym,
Huwwalasam men seni
Aýny söýmeli çagym.

* * *

Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar,
Meň balamyň gelini
Töre şaňňyrdap geçer.

* * *

Gatma-gatdyr galaňyz,
Polatdan derwezäňiz,
Atlanyplar çykaňda
Dag aşar owazyňyz.

* * *

Gatnap başlar okuwa,
Aýlar, günler, her hepde.
Alyp Serdar tälimin
Okar balam mekdepde.

* * *

Gezersiň ýorta-ýorta,
Sylag alarsyň erte,
Sylag alan parçaňdan
Saňa tikeris kürte.

* * *

Gelneje jan, tursana,
Degirmeniň gursana,
Jigim janym ajykdy
Birje köke bersene.

* * *

Geregim-ä, geregim,
Çaýym bilen çöregim,
Ak maýanyň üstünde,
Oba gezer geregim.

* * *

Gije-gündiz ýadyna,
Salar seni, kaka jan.
Gele-gelmän gujagna,
Alar seni kaka jan.

* * *

Gowudyr-a, gowudyr,
Ballym çeşme suwudyr,
Urmaň, sökmäň ulalsyn,
Nurly günüň çogudyr.

* * *

Goç goýberiň goýuna,
Guzy beriň toýuna,
Daýysy bilen daýzasy
Durman gelsin toýuna.

* * *

Goýun-guzy i:njili,
Arslan haýbat penjeli,
Allalaýyn men seni
Kürtesi doly hünjüli.

* * *

Gözlerimde agym sen,
Özüň ýürek ýagym sen,
Armanym ýok dünýäde,
Çar dereli bagym sen.

* * *

Gözlerimiň garasy,
Sözlerimiň seresi,
Jigim ýüpek don geýse,
Geler hemmäň göresi.

* * *

Gözümiň guwanjy sen,
Ýüregmiň begenji sen,
El üstünde eklärin,
Seni eziz saklaryn.

* * *

Gökde durnalar gezer,
Suwda sonalar ýüzer,
Eli goşa tüpeňli
Mergen kastynda gezer,
Jigim ony ürküzer.

* * *

«Görer gözüm» diýeýin,
Janym girew goýaýyn,
Gara gözmüň röwşeni
Käkil goýup söýeýin.

* * *

Guwanaýyn boýuňa,
Hemme gelsin toýuňa,
Uzak-uzak illerden
Daýyň gelsin toýuňa.

* * *

Guzularyň koý bolgaý,
Ýygnanlaryň toý bolgaý,
Toýuňa begler gelip,
«Berekella han» diýgeý.

* * *

Guzymyň başy ýaşdyr,
Ölmese ýoly daşdyr,
Oglumyň aljak gyzy
Gara göz, galam gaşdyr.

* * *

Gumda biten gyzyl gül,
Dagda biten dessembil.
Säherde saýran bilbil,
Boz ýerde biten sünbül.
Gurban bolsam özüňe,
Saz-söhbetli sözüňe,

Seni allalar edeýin
Huwwa balam, huw-huw!

* * *

Gunçalar açdy bahar,
Çeşmeler akdy şar-şar,
Ertir ýene ýüzüňe
Güneş şöhlesin saçar.

* * *

Gurban men gül agzyňa,
Pissäni sal agzyňa,
Bazardan pisse gelýänçä,
Döneýin bal agzyňa.

* * *

Gurbanyň goýun bolsun,
Wekiliň daýyň bolsun,
Akar suwuň boýunda
Şowhunly toýuň bolsun.

* * *

Gurban aýly bolanym,
Mele taýly bolanym,
Pamykly depäň üstünde
Öýleri toýly bolanym.

* * *

Guşbegiden suw aksa,
Doldurarlar howuzy.
Aýdy gurban gelende,
Gyzym çalar gopuzy.

* * *

Guşlar tutdum serçeden,
Geýdim ýüpek parçadan,
Ballyma bir öý tutsak,
Jünewitden[1], arçadan!

* * *

Guşagym-a guşagym,
Ýüpekdendir guşagym,
Mekdep wagtyň bolupdyr
Al bukjaňy köşegim!

* * *

Gül ballymy ýatyrdym,
Agzyn bala batyrdym,
«Ukysyny alsyn» diýip,
Şöwür çekip otyrdym.[2]

* * *

Gülgün geýgin, köşegim,
Ballar iýgin köşegim,
Ejeň ýadap gelende
«Arma» diýgin, köşegim.

---

[1] Jünewit – agajyň görnüşi.
[2] Bu bendiň: Gül ballymy ýatyrdym,
Agzyn bala batyrdym,
«Ukusyny alsyn» diýip,
Bagyn çekip oturdym – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Gülgünedir köýnegi,
Gardan akdyr bilegi,
Ala zerbap ýelekli,
Läläm meniň gerekli.

* * *

Gülküsi gün ýaşyran,
Ukusy daň atyran,
Aýjerenim bal guzy,
Allalaýyn men seni.

* * *

Güller başyňa gurban,
Galam gaşyňa gurban,
Ýeke saňa diýmäýin
Deňi-duşuňa gurban.

* * *

Güller başyňa gurban,
Akyl huşuňa gurban,
Hünji dişiňe gurban,
Galam gaşyňa gurban,
Obadaşyňa gurban.

* * *

Gülleriň gül lälesi,
Gyrmyzynyň dänesi,
Öýne barsaň näme biýr
Gyzymyň gaýyn enesi.

* * *

Güller ýaly görenim,
Gulap suwun berenim,
Gülälek eziz balam,
Sensiň meniň jerenim![1]

* * *

Gülüm-gülüm Güljeren,
Gülleriň ysy gelen,
Bägül dakar döşüne,
Guwanaýyn ýaşyna.

* * *

Gülüm-gülüm, gül ýagşy,
Gyzyl çuwalyň nagşy,
Gülüme gelen kejebe
Alyp gitmäge ýagşy.

* * *

Gülüm-gülüm, gül öwser,
Gülende daglar böwser,
Gül öwsenim gül balam,
Dag böwsenim bal balam!

* * *

Gülüm, gülüm, Gülüstan,
Gülüm bag bilen bostan,

[1] Bu bendiň: Güller ýaly görenim,
Gülap suwun berenim,
Eziz balam Gözel jan,
Sensiň meniň geregim – diýen nusgasy-da bar.

Meniň gülüm gül bolsun,
Bagynda bilbil bolsun.

** * **

Gülüm-gülüm garapdyr,
Gülüm saçyn darapdyr,
Ýuwup-darap seretse,
Gülümiň saçy uzapdyr.

* * *

Gün bireýýäm ýaşypdyr,
Gara dagdan aşypdyr,
Aýjahanmyň ýüzüne
Aý ýagtysy düşüpdir.

* * *

Güpür-güpür at gelýär,
Çykyň gyzlar kim gelýär.
Gyrmyz donun galgadyp,
Meniň ballym jan gelýär.

* * *

Güpür, güpür at çapyň,
Toý tutuň, owlak gapyň[1].
Balam ozan atyna
Ýüpekden serpaý ýapyň!

[1] Owlak gapdy – milli oýun. Iki garşydaş taraplar at çapyşyp ýaryşýarlar, şol at çapyşykda ýaryşýan taraplaryň biriniň elinde bişirilen owlak bolup, biri-birine oklaýarlar. Şol ýaryşda owlak ahyrda haýsy tarapyň elinde galsa, şol tarap ýeňiji bolýar, owlagy agzybirlik bilen üýşüşip iýýärler.

* * *

Gyz bolansoň gysyndyk,
«Ogul bor» diýp, ymsyndyk,
Gyzyň ady Ýaňyldyk,
«Gyz boldy» diýp, nägildik.

* * *

Gyzyl güle gül diýsem,
Bägül güle ogşamaz[1],
Hemme gyza gyz diýsem,
Öz gülüme ogşamaz.

* * *

Gyzyl gül öýüm-öýüm,
Güle barabar boýuň,
Bu ýyl berebilmesem,
Geljek ýyl birin toýuň.

* * *

Gyzyl gül öýüm-öýüm,
Güle barabar boýuň,
Eziz balam Aýjemal,
Bolsun ullakan toýuň.

* * *

Gyzyl gül hana-hana,
Hanasy doly däne,

[1] Ogşamak – meňzemek.

Ysgasaň tapylar gül
Tapylmaz ata-ene.[1]

* * *

Gyzyl gülden harmanym,
Sen derdime dermanym,
Alla dilegim berse,
Eziz balam Permanym.

* * *

Gyzyl gülüm harmanym,
Sen bolsaň, ýok armanym,
Meniň balam Muhammet,
Alla seniň dermanyň.

* * *

Gyzylalma ilinde,
Beg daýysy bar munuň.
Uly iliň dilinde
Gül daýzasy bar munuň.

* * *

Gyzym gyzlaryň hany,
Gyzym tiker tahýany,
Gyzyma at dakanyň,
Tarka çykaýsyn jany.

---

[1] Bu bendiň: Gyzyl gül hana-hana,
Hanasy doly däne,
Zähmet çekip, der dökseň,
Guwanar ata-ene – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Gyzym-gyzym gyzmydyr,
Geýen dony bi:zmidir,
Bi:z diýmäň agalary
Gülgüne gyrmyzydyr.

* * *

Gyzym-gyzym gyz kişi,
Gyzym bagyň iýmişi,
Gyzym bagda oýnasa,
Gül içinde ýaýnasa.

* * *

Gyzym-gyzym gyz tana[1],
Gyzyma geler ýüz tana,
Ýüz tanasy gurasyn,
Her söýenim bir tana.

* * *

Gyzym-gyzym, gyz maýa,
Gyzyma geler ýüz maýa,
Ýüz maýasy gurasyn,
Her söýenim ýüz maýa.

* * *

Gyzym-gyzym, gyzasyn,
Gyzym saçyň uzasyn,

[1] Tana – göle.

Hem ýuwsun, hem darasyn,
Şonuň üçin uzasyn.[1]

* * *

Gyzym-gyzym gyz ýaly,
Gyzym gyzyl gül ýaly,
Meň gyzymy söýmedik,
Bolar lal hem güň ýaly.

* * *

Gyzym-gyzym gyrmyşa,
Gyzym çyksyn durmuşa,
Söýmedigne çatjak däl
Halap çyksyn durmuşa.

* * *

Gyzym haly dokasyn,
Ulalansoň okasyn,
Köýnek tiksin ejesine,
Bejeripjik ýakasyn.

* * *

Gylyjy kesgir bolar,
Tüpeňi atgyr bolar,
Meýlis bolan ýerinde
Sözleri ötgür bolar.

---

[1] Bu bendiň:

Gyzym-gyzym gyzamat,
Gyzym saçyň uzamat,
Ýuwmasa, daramasa,
Şonda bolar melamat — diýen nusgasy-da bar.

* * *

Gyrat münüp uçanym,
Ganym görse göçenim,
«Watan» diýip, «il» diýip,
Hakdan kasam içenim.

* * *

Gyrmyz donuň her ýan, her ýan,
Balam, seni eý göräýän,
Daş ýere awa gitme,
Boldum-la, bagry bürýan[1].

* * *

Gyrmyzy geýip derläýin,
Daraýy[2] geýip parlaýyn,
Jigim janyň toýunda,
Ýadamaýyn, oýnaýyn.

* * *

Gyrmyl-gyrmyl ýörişli,
Ýany gara gylyçly,
Gylyçlary gylawly,
Naýzalary alawly.

* * *

Gyş güni lälezarly,
Elmydam alma-narly,
Eziz balam Kerim jan,
Gujagyň söwer ýarly.

---

[1] Bürýan – kebap.
[2] Daraýy – matanyň bir görnüşi.

## – H –

Haý künjeg-ä, haý künjek,
Münen aty taý künjek,
Basym ýeter ýaşyna,
Esger ýygnar daşyna.

* * *

Heleşer-ä, heleşer,
Hepbik[1] gursa, guş düşer,
Daş ýoldan daýysy gelse,
Içi etli tüwi bişer.

* * *

Howada gazlar gezer,
Suwda sonalar ýüzer,
Meniň balam mergendir,
Okun-ýaýyn gurgandyr.

* * *

Howadan uçan guşlar,
Oba gezen derwüşler,
Uzak ýaş diläň balama,
Alla kabul eýleýär,
Siz kylsaňyz nalyşlar.

* * *

Horasanyň ak uny,
Köýmet gelsin gyzyma,

[1] Hepbik – guş tutmak üçin agaçdan ýasalan emeli duzak.

Eýranyň sary kişmişi,
Toýluk gelsin gyzyma.

* * *

Huwwa balam, ýat balam,
Gyzyl güle bat balam,
Eziz Watan goýnunda
Ös, hemişe şat balam!

* * *

Huwwa-huwwa, huw seni,
Arassa saklar suw seni,
Suw içiniň balygy,
Öz öýlerniň läligi.

* * *

Huwwa-huwwa huwuna,
Uky gelsin gözüne,
Munuň esger daýysy
Aman gelsin öýüne.

* * *

Huwwa, huwwa köşegim,
Huwwalapjyk ýatyryn.
Ejeň işden gelýänçä,
Özüm üwräp otyryn.

* * *

Huwwalaýyn, ak bäbek,
Arzuwlary päk bäbek,
Eneň suwa gidende
Tä gelýänçä ýat bäbek.

* * *

Huwwalaýyn, ak bäbek,
Arzuwlary päk bäbek,
Atañ awa gidendir,
Eneñ suwa gidendir,
Tä gelýänçä ýat bäbek.

* * *

Huwwalasam wagtydyr,
Öýüñ soltan tagtydyr,
Çyk üçege, bak ýola,
Daýyñ geljek wagtydyr.

* * *

«Hüw» diýdim, düşdüm ýola,
Bakmanam sagdan sola,
Balam aglap oýansa,
Derrew almaly ele.

* * *

«Hüwdi» diýsem özüne,
Uky geler gözüne,
Ukudan oýananda
Gulak goýuñ sözüne.

* * *

«Hüwdi» diýseñ bilbile,
Bilbiller aşyk güle,
Säher bilen turaly,
Gideli daýyñ bile.

* * *

Hüwdi-hüwdi, huw ballym,
El-ýüzüňi ýuw ballym,
Ýuwunyp akja bolsaň,
Bolarsyň ak guw ballym.

* * *

Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,
Guşlar gaýada gyşlar,
Gaýa başyn gaý alsa,
Gaýga galar enesi.

* * *

Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,
Derýa boýunda gyşlar,
Gudraty güýçli Allahym
Seni bize bagyşlar.

* * *

Hüwdi-hüwdi, huw guşlar,
Guşlar nirede gyşlar,
Hasar dagyn daş görse
Gürgen ýurdunda gyşlar.

* * *

Hüwdi-hüwdi huw seni,
Arassa saklar suw seni,
Haýsy bagyň güli seni
Gül ýapragyň sowsany[1].

---

[1] Sowsany – matanyň bir görnüşi.

* * *

Hüwdi-hüwdi, huw hezil,
Daglara düşen menzil,
Ýuka köýnek çym-gyzyl,
Derde dermandyr balam.

* * *

Hüwdi, hüwdi, huw balam,
El-ýüzüňi ýuw, balam,
Ýuwnup akja bolsaň,
Bolarsyň ak guw balam.

* * *

Hüwdi, hüwdi, hüw oglan,
Turup harman döw oglan,
Ejeň aryp gelende
«Arma» diýgin, gül oglan.

* * *

Hüwdi-hüwdi hüwlendi,
Suwda balyk köwlendi,
Hekim Ata Süleýman
Göz ýaşyndan terbendi.

* * *

Hüwdi-hüwdi hüwlener,
Suwda balyk köwlener,
Ulalyp, esger bolsa
Goşunda tertiplener.

* * *

Hüwdi-hüwdi hüwlärin,
Dagdan arça köwlärin,
Arçanyň pudagyndan
Bezäp biýrin ballyma.

* * *

Hüwdiniň bagynda bol,
Aýlanyp sagynda bol,
Gyş günleriň ýaz bolar
Ýaryň gujagynda bol.

**– I –**

Iýmitiň guýruk bolsun,
Alladan buýruk bolsun,
Daş ýerlerden geleňde
Eziz agalaň gelsin.

* * *

Ilerden gelýär goç guzy,
Biri biziň goç guzy,
Meniň balam Döwlet jan,
Geýen dony gyrmyzy.

* * *

Ilki gözümiň göreni,
Juwan dilimiň söýeni,
Şaý-sep dakynan gyzym,
Seni allalar edeýin.

* * *

Inisi bar, agasy,
Geňeş etsin barysy,
Hemmeler bilsin şony,
Şermendedir ýeňňesi.

* * *

Ir dogupdyr güneşi,
Elinde toty guşy,
Meniň jigim awdadyr
Ýagar ýazyň ýagyşy.

* * *

Işe barar bat bilen,
Abraý alar at bilen,
Bol hasyly gazanyp,
Tanalar şöhrat bilen.

**– J –**

Jandan gymmat görenim,
Ak süýdümi berenim,
«Ulalsyn» diýip saňa
Ýüregimi berenim.

* * *

Janym gözüň şar gara,
Saçlary buýra-buýra,
Gunduzy gulpagynda,
Çakmagy telpeginde.

* * *

«Janym gözüm» diýeýin,
Janym girew goýaýyn,
Gara gözümiň röwşeni
Käkil goýup söýeýin.

* * *

Janym-janym jan ýaly,
Altyn-kümüş jam ýaly,
Suwsap gumdan gelende
Paşyrdap duran çal ýaly.

* * *

Janym janyňa bende,
Şeker goşaýyn ganda,
Meniň eziz balam-a
Şermende gylygyň gende.

* * *

Janym Hywa kişmişi,
Geýen dony mämişi,
Dişi Buhar kümüşi,
Bili Gürgen gamyşy.

* * *

Jigim adyň Gülkamar,
Ýüz-gözünden nur damar,
Ukusyndan oýanyp,
Akja mämeden emer.

* * *

Jigim atyň ýaş bolsun,
Münen atyň guş bolsun,
Her ýaryma[1] gideňde
Baýragyň kümüş bolsun.

* * *

Jigim baga barandyr,
Bagda jeren görendir,
Esger agaň elmydam
Seni ýatlap ýörendir.

* * *

Jigim gelýär köçeden,
Uzyn boýy inçeden,
Jigime bir don biçiň,
Ýaşyl-gyzyl parçadan.

* * *

Jigim geler illerden,
Börügi doly güllerden,
Jigime don tikeýin,
Daraýydan, güllerden.

* * *

Jigim gözüm nurudyr,
Dişi Ýemen dürüdir,
Şu obada owadan
Jigileriň biridir.

---

[1] Ýarym — bu ýerde at çapyşygynyň bir görnüşi.

* * *

Jigim gülleriň güli,
Öz öýlerniň bilbili,
Jigim suwa gidende
Agyrmasyn gollary.

* * *

Jigim gyzyl gül eker,
Suwarar-da, çil çeker,
Ýetişdiren gülüni
Baýramda alyp çykar.

* * *

Jigim dürüň dänesi,
Aş ýaýamda honasy,
Jigim bilen oýnaşsyn,
Mele sygryň tanasy.

* * *

Jigim jan-a aý ýaly,
Aýa-güne taý ýaly,
Bezenip seýle çyksa,
Hemme gyza taý ýaly.

* * *

Jigim jan-a araýy,
Asmanda dogar aýy,
Sap altyndan enaýy
Sadranç[1] oýnar elleri.

---

[1] Sadranç – küşt.

* * *

Jigim janyň ýalkymy,
Derýalaryň tolkuny,
Gyzyl gülüň dessesi,
Sary ýagyň mesgesi,
Meň jigimi söýmedik
Ýedi ýylyň hassasy.

* * *

Jigim okuw ýaşynda,
Şaýly tahýa başynda,
Gündiz bagda oýnasa,
Kitap okar düýşünde.

* * *

Jigimiň ak gollary,
Aý-aýdyňdyr ýollary,
Jigim zähmet çekende
Haýran galdyr illeri.

* * *

Jigimiň zor gollary,
Agyrmasyn billeri,
Traktorly keş çekip,
Rul tutar elleri.

* * *

Jöwen ekdim bişmedi,
Ortasyna suw düşmedi,
Jigim, ejeň nirede?
Bu gün gözüm düşmedi.

* * *

Jöwen ekdim uşajyk,
Bogunlary gowşajyk,
Meniň eziz balam-a
Gyzyl gülden ýumşajyk.

* * *

Jübüsinde hünjüler,
Gyzlar görse ynjalar,
Gyzlar oýna çykanda
Gulpagyndan penjelär.

**– K –**

Kakaň gitsin Tejene,
Kak getirsin ejeňe,
Uzak ýaşyň görmeklik
Nesip etsin ejeňe.

* * *

Kakasynyň hanydyr,
Ejesiniň janydyr,
Uly iliň soltanydyr,
Gerekli balam huwwa-huw!

* * *

Kel köwser-ä, kel köwser,
Beýik dagdan ýel öwser,
Jahyllaryň içinde,
Meniň dünýäm gül öwser.

* * *

Kiçi çarbag içinde
At oýnadyp gelipdir.
Ýedi ýeňňe iberip,
Gyz saýladyp gelipdir.

* * *

Kiçijik at kişňäp gelýär,
Uýanyn dişläp gelýär,
Eziz balam Muhammet,
Toý başyn başlap gelýär.

* * *

Kiçijik gülüm bäbek,
Saýraýan dilim bäbek,
Sen bolmasaň ezizim,
Saýramaz dilim bäbek.

* * *

Köňlüň seniň çag bolsun,
Seýl etjegiň bag bolsun,
Bagyňa seýle girseň,
Ýaradanyň ýar bolsun.

* * *

Köp ýaş bersin Allasy,
Dilegde bol mollasy,
Aryp çilde ýatanda
Agyrmasyn kellesi.

* * *

Kümüş sarmak elinde,
Tirme guşak bilinde,

Meniň balam ak Maýa
Uly iliň dilinde.

**– L –**

Läläm adyň Gyrmyzy,
Saçyň derýa gunduzy,
Aý ýanynyň ýyldyzy,
Gelin ýanynyň baldyzy.

**– M –**

Medeniýetiň nury sen,
Bagtly çagaň biri sen,
Garaşsyz ýurdumyzda
Solmaz gülüň biri sen.[1]

*** * ***

Men döneýin boýuňa,
Ak bişikli öýüňe,
Ol oba sawçy gitsin,
Sawçymyz atly gitsin.

*** * ***

Men öňünden baraýyn,
Şuň toýuny göreýin,

---

[1] Bu bendiň: Medeniýetiň nury sen,
Bagtly çagaň biri sen,
Asly halal halkymyň
Sarsmaz ýürek şiri sen – diýen nusgasy-da bar.

Gapy tutan myhmana,
Torum pulun bereýin.

* * *

Meniň balam ak maýsa,
Öňüne güller ýaýsa,
Ogul jigisi bolanda
Süzülip çelpek ýaýsa.

* * *

Meniň balam Amaşa,
Atyny baglar daşa,
Özi gidip söweşe,
Ejesin goýar teşwişe.

* * *

Meniň balam atlansyn,
Atlary ganatlansyn,
Güller ýüzi solmasyn
Howasy bulutlansyn.

* * *

Meniň balam bal başdan,
Aýlansam altyn başdan,
Gazan doly ak aşdan,
Nahar bersem ballyma.

* * *

Meniň balam balaja,
Atyny baglar palaja[1],

[1] Palaç – jöwen, mekgejöwen ýaly ösümlikleriň baldagy (ösümligiň şaha ýaýradýan esasy bölegi).

Köçelerde gyz görse,
Oýnar ýörer bileje.

* * *

Meniň balam Balkandyr,
Köňli yşka galkandyr,
Alma bilen gyz ursa,
Alla şony ýalkandyr.

* * *

Meniň balam bar bolgaý,
Goýny doly nar bolgaý,
Ýykylanda goldasyn
Pirler medetkär bolgaý.

* * *

Meniň balam bir güldür,
Ýakasy doly puldur,
Atasy Allanyň guly
Ejesi gyzyl güldür.

* * *

Meniň balam guş urdy,
Ejesi ony bişirdi,
Goňşusyna dadyrdy,
Kaka paýyn ýygşyrdy.

* * *

Meniň balam dagdadyr,
Köňül hoşy bagdadyr,
Bagdan alma, nar gelse.
Deň-duş iýen çagdadyr.

* * *

Meniň balam datlydyr[1],
Sallançagy batlydyr,
Duly perizatlydyr,
Gapysy bedew atlydyr.

* * *

Meniň balam Jennetdir,
Saçak doly nygmatdyr,
Beýik Serdar saýasynda
Gözel ilim jennetdir.

* * *

Meniň balam Melewşe,
Agramyn çeksek kümüşe,
Ejeň söýsün, sen ýaşa,
Seni allalar edeýin.

* * *

Meniň balam ner kibi,
Käkilleri zer kibi,
Sözleri ýumry-ýumşak,
Mylaýymdyr per kibi.

* * *

Meniň balam oýnasyn,
Giň derýany boýlasyn,
Ak aýakda ak jorap
Öz öýünde ýaýnasyn.

---

[1] Datly – bu ýerde süýji manysynda.

* * *

Meniň balam oýnasyn,
Il içinde ýaýnasyn,
Güýmämäň deň-duşlary,
Täzelikler diňlesin.

* * *

Meniň balam öýdedir,
Deň-duşlary toýdadyr,
Meniň balamyň gözi
Al ýaňakly gyzdadyr.

* * *

Meniň balam ölmesin,
Eken güli solmasyn,
Bu bagtly Diýara
Duşman nazar salmasyn.

* * *

Meniň balam üşäpdir,
Dagdan alma daşapdyr,
Almasyn aldyrypdyr,
Gulpagyn ýoldurypdyr.

* * *

Meniň balam haýbatly,
Münen düýesi sowgatly,
Sözlän sözi gymmatly
Gerekli balam, huwwa-huw!

* * *

Meniň balam ýaýnasyn,
Elinde gyran[1] oýnasyn,
Üç ýaşyna baranda
«Däde» diýip saýrasyn.

* * *

Meniň balam ýatypdyr,
Gyzyl güle batypdyr,
Oýatmaň siz balamy,
Ýaňja uka gidipdir.

* * *

Meniň balam ýaşynda,
Ýaşyl, gyzyl başynda,
Agalary öý tutsa,
Oýnar läläm daşynda.

* * *

Meniň ballym aý eken,
Dakynjagy şaý eken,
Ballym janyň ejesi
Bu gün başagaý eken.

* * *

Meniň ballym aýlanar,
Il içinde saýlanar,
Gamyşgulak Gyraty
Işiginde towlanar.

[1] Gyran – pul birligi.

* * *

Meniň ballym akylly,
Şirin dili nakylly,
Ýorga münse sekilli[1],
Alan gyzy şekilli.

* * *

Meniň ballym at getir,
Atlary haýbat getir,
Daýzalarna sowgatlyk
Şetdaly gül çit getir.

* * *

Meniň ballym at getir,
At üstünde bek otyr,
Ýerden asmana uçup
Aýyň suratyn getir.

* * *

Meniň ballym bir goçak,
Bilinde jöwher pyçak,

[1] Sekil – käbir atyň, owlagyň, geçiniň aýaklarynyň dyzyndan aşagyndaky ak ýeri.

Çyn[1] käseden çaý içse,
Derlär öl burçak-burçak.[2]

* * *

Meniň ballym bir dana,
Teňňe seçer her ýana,
Gyrat münse merdana,
Gelin-gyzlar perwana.

* * *

Meniň ballym bir ýagşy,
Gyzyl çuwalyň nagşy,
Gaýrada ýowşan başy,
Ilerde ýüzük gaşy.

* * *

Meniň ballym bir ýagşy,
Haly-palasyň nagşy,
Otursa oglan başy,
Tursa, gyzlar ýoldaşy.

---

[1] Çyn – Hytaý.

[2] Bu bendiň: Meniň ballym gop-goçak,
Bilinde ötgür pyçak,
Atyzlarda işlände
Der alar burçak-burçak.

Meň jigim bir goçak,
Bilinde jöwher pyçak,
Owadan gyzy görende,
Derleri burçak-burçak – diýen nusgalary-da bar.

* * *

Meniň ballym bäş bolsun,
Köpelip on bäş bolsun,
Daş ýerlere gidende
Erenler ýoldaş bolsun.

* * *

Meniň ballym garaja,
Babasyna baraja,
Tokly berse almasa,
Serpaý berse dereje.[1]

* * *

Meniň ballym gerekli,
Üsti tylla ýelekli,
Giç gitse, gije geler
Şahymerdan[2] ýürekli.

* * *

Meniň ballym geriner,
Gözüne gyzlar görüner,
Ballyma kast edenler
Oda-köze urunar.

* * *

Meniň ballym gözeldir,
Gyza garasa güldür,

---

[1] Bu bendiň: Meniň ballym garaja,
Mamalaryna baraja,
Ogşuk torum az bolsa,
Düýe berse dereje – diýen nusgasy-da bar.

[2] Şahymerdan – çaryýarlaryň biriniň ady (Hezreti Aly).

Kejebesin bek daňyň
Gelin gelse hezildir.

* * *

Meniň ballym datlydyr,
Sallançagy batlydyr,
Eziz gören balamyň
Goşary sagatlydyr.

* * *

Meniň ballym dek otyr,
At üstünde bek otyr,
Atasy atyn bermese,
Alabilmez dek otyr.

* * *

Meniň ballym melewşe,
Agramyn çekeris kümüşe,
Garrylar söýsün, sen ýaşa,
Seni allalar edeýin.

* * *

Meniň ballym meleje,
Ýortar, oýnar bileje,
Oglumyň söwer ýary
Ýylgyrypdyr çalaja.

* * *

Meniň ballym owadan,
Suw dökülmez gowadan[1],

[1] Gowa – deriden tikilen suw gaby.

Meň ballymy söýmedik
Çykyp gitsin obadan.[1]

* * *

Meniň ballym oturar,
Elini bala batyrar,
Daýzasynyň gyzyny
Gelinlige getirer.

* * *

Meniň ballym otursyn,
Rysgyny Hudaý ýetirsin,
Rysgalyndan toýlar gurap,
Il-gününe ýetirsin.

* * *

Meniň ballym öwmeli,
Öňýakasy düwmeli,
Ýeňseden gulpak goýup,
Erkeledip söýmeli.

* * *

Meniň ballym öýlener,
Il içinde saýlanar,
Bedew aty Meleguş
Işiginde towlanar.

---

[1] Bu bendiň: Meniň jigim owadan,
Suw çekerler gowadan,
Aýna bilen başdarak
Sowgat geler Hywadan – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Meniň ballym pişekär[1],
Sözi jana tenekär[2],
Her ýerlere gidende
Begler muňa hyzmatkär.

* * *

Meniň ballym sazanda,
Gyrmyzy[3] gaýnar gazanda,
Gyrmyz donun gyzardyp,
Gezer bazar gazanda.

* * *

Meniň ballym sazanda,
Bal gaýnadar gazanda,
Gül aýagy ýöresin,
Bilbil dili saýrasyn.

* * *

Meniň ballym seretsin,
Dagyň gary eresin,
Ulalyp adam bolup,
Gyz-geline garasyn.

* * *

Meniň ballym taý bakar,
Taýlaryna şaý dakar,

---

[1] Pişekär – işeňňir
[2] Tenekär — derman.
[3] Gyrmyzy – bu ýerde boýag manysynda.

Depä çykyp saz çalsa,
Gyzlaryň için ýakar.

* * *

Meniň ballym şalykdan,
Ballym akdyr balykdan,
Boýdaşlary ynjytmasyn,
Diläp aldym Halykdan.

* * *

Meniň ballym şoh ýigit,
Eker bagynda çigit,
Atlanyp awa gitse,
Yzynda segsen ýigit.

* * *

Meniň ballym çyn-çyny,
Jübüsinde dalçyny,
Giç gidip, gije gelse
Ýigitleriň laçyny.

* * *

Meniň ballym han bolsun,
Ýüklän ýüki hoz bolsun,
Aryp-ýadap gelende
Oýnaşany gyz bolsun.

* * *

Meniň ballym han ýaly,
Işeňňir daýhan ýaly,
Serdary wasp edende
Ylhamy joşýan ýaly.

* * *

Meniň ballym has ýigit,
Eker bagynda çigit,
Atlanyp awa gider,
Ýanynda segsen ýigit,
Segsen ýigdiň seresi,
Ählisiniň töresi.

* * *

Meniň ballym ýaz oýnar,
Ýaz oýnamaz, güýz oýnar,
Şu ballymyň toýunda
Otagaly gyz oýnar.

* * *

Meniň ballym ýatmasyn,
Biwagt uka gitmesin,
Ballymy ýeke taşlap,
Dosty ýoldan ötmesin.

* * *

Meniň ballym ýatypdyr,
Gül ýassyga batypdyr,
Şowhun etmäň deň-duşy
Eýýäm daňlar atypdyr.

* * *

Meniň ballym ýaşasyn,
Dagdan armyt daşasyn,
Doganlara gelende
Ýüpek körpe düşesin.

* * *

Meniň ballym ýaş bolsun,
Uran awy guş bolsun,
Işlemäge gidende
Erenler ýoldaş bolsun.

* * *

Meniň ballym ýaşynda,
Aýly börük[1] başynda,
Gümmürdedip ak öý diker
Agasy öýnüň duşunda.

* * *

Meniň ballym enaýy,
Serpikleri daraýy,
Suw küýzesi kümüşden,
Gazanlary bürünçden.

* * *

Meniň guzym ala göz,
Çynar boýly, şirin söz,
Alan ýaryň ölmesin,
Ömürboýy bile gez.

* * *

Meniň gülüm aý ýaly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň gyragy,
Ýüz ellidir daragy.

---

[1] Aýly börük – aý keşdeli tahýa.

* * *

Meniň gülüm owadan,
Suw dökülmez gowadan,
Kjebesi gökde oýnar,
Kölegesi ýerde oýnar,
Gökde goýsam ys bolar,
Ýerde goýsam pos bolar,

* * *

Meniň gülüm el haly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň öýdümi,
Ýüregiň aýdymy.

* * *

Meniň gyzym aý ýaly,
Kirşi çekilen ýaý ýaly,
Agzyndan bir söz alsaň,
Gant ezilen çaý ýaly.

* * *

Meniň gyzym sarydyr,
Sary ýagdan durudyr,
Deň-duşunyň içinde
Iň çeperler biridir.

* * *

Meniň janym kiçgine,
Bagda badam üçgine,
Bagda gülüm solmasyn,
Eziz balam ölmesin.

* * *

Meniň janym huwlanar,
Arykda suw köwlener,
Balamyň gara saçy
Inçe bilde towlanar.

* * *

Meniň jigim Abadan,
Hemme gyzdan owadan,
Hünji ýaly dişleri,
Çyzylyp dur gaşlary.

* * *

Meniň jigim adyly[1],
Ak gollary kädili,
Daýysy arslan ýürekli,
Daýzasy juwan gerekli.

* * *

Meniň jigim aý ýaly,
Aýa-güne taý ýaly,
Guzy böwregi ýaly,
Jeren owlagy ýaly.

* * *

Meniň jigim aýdyrar,
Halysyny ýaýdyrar,
Gidene halat geýdirer,
Gelene söwüş soýdurar.

---

[1] Adyly – bu ýerde atly-abraýly manysynda.

* * *

Meniň jigim aýlardan,
Synçy gelsin baýlardan,
Baýlar gyzyn bermese,
Almarys gedaýlardan.

* * *

Meniň jigim Allaly,
Kiseleri tyllaly,
Münen atyn belläli,
Geýen donun elläli.

* * *

Meniň jigim apakly,
Aýagy gaýyş çepekli,
Yzy atly, köpekli,
Elleri goýun taýakly.

* * *

Meniň jigim at bakar,
Atlary toýnak kakar,
Gelnejemiz geläýse
Meň jigim läle kakar.

* * *

Meniň jigim at getir,
At üstünde bek otyr,
Atlanyp awa gitse
Keýik-gulan köp getir.

* * *

Meniň jigim atlansa,
Atyna ganat beklense,
Aýlyk ýoldan gelende
Ýüregmiz kuwwatlansa.

* * *

Meniň jigim atlansyn,
Atyna ganat beklensin,
Atynyň haýbatyndan
Galalar kilitlensin.

* * *

Meniň jigim atlansyn,
Atyna ganat beklensin,
Öýüne dolananda,
Syrtyna gyz beklensin.

* * *

Meniň jigim atlydyr,
Kiseleri hatlydyr,
Gyzlara gülüp bakar,
Diýseň mylakatlydyr.

* * *

Meniň jigim atlyja,
Jübüleri hatlyja,
Gyza bakar, gamza kakar
Şeýle keramatlyja.

* * *

Meniň jigim bal ýaly,
Saýraýar bilbil ýaly,
Okuw bilen başagaý
Bir eýjejik gül ýaly.

* * *

Meniň jigim Balkandyr,
Telpejigin silkendir,
Çöllerde goýun baksa,
Aýagynda ýelkendir.

* * *

Meniň jigim baş bolsun,
Münen aty ýaş bolsun,
At torbasy manatdan,
Atynyň iými nabatdan.

* * *

Meniň jigim bir güldür,
Bagda saýran bilbildir,
Ýigitlige ýetende
Mertligin ile bildir

* * *

Meniň jigim bir kişi,
Balkan dagynyň guşy,
Sakaklary[1] sap altyn,
Sadranç oýnar elleri.

[1] Sakak – kellä geýilýän telpek we beýleki zatlaryň gaçmazlygy üçin edilýän bagjyk.

* * *

Meniň jigim bir myrga,
Gulagynda ysyrga,
Bahasyndan bäş haly
Her agasyna bir «Wolga»

* * *

Meniň jigim bir hurma,
Gulagy doly burma,
Meň jigimiň bahasy
Segsen erkek[1], müň ýorga.

* * *

Meniň jigim bir ýagşy,
Haly-palasyň nagşy,
Ellerde ýüzük gaşy
Baglarda keýik başy.

* * *

Meniň jigim bökerli,
Gitse jülge ýokarly,
Elinde haly horjun
Iki gözi şekerli.

* * *

Meniň jigim bürjüdir,
Bürji däldir, gürjüdir,
Kakasy Pereň gitse,
Jübüsiniň harjydyr.

---

[1] Erkek – düýäniň bir görnüşi, iş maly.

* * *

Meniň jigim garap dur,
At münmäge ýarapdyr,
«Okap, alym bol» diýip,
Serdar oňa sargapdyr.

* * *

Meniň jigim gerekli,
Eli petir çörekli,
Atasy arslan ýürekli,
Enesi göwderi[1] köýnekli.

* * *

Meniň jigim gowjadyr,
Gulpaklary towjadyr,
Gülli tahýa geýende
Hemme gyzdan gowjadyr.

* * *

Meniň jigim gül öwser,
Güller bilen serbe-ser,
Ballar bilen bakalyň,
Süýtden suwa ýakalyň.

* * *

Meniň jigim gül ýaly,
Aýda dokar bir haly,
Halysynyň bitimi,
Ýüz ellidir çitimi.

---

[1] Göwderi — matanyň bir görnüşi

* * *

Meniň jigim güldendir,
Pyýalasy dürdendir,
Han ogly, Serdar gyzy
Asly gyzyl güldendir.

* * *

Meniň jigim gylykly,
Başy öýme ýaglykly,
Irden mekdebe barýar
Gün-günden artar akly.

* * *

Meniň jigim Gyratly,
Goşarlara sagatly,
Bolar örän mähriban
Sözlän süzleri datly.

* * *

Meniň jigim diýse bor,
«Gant-nabat» diýp söýse bor,
Uzak ýerden sawçy gelse,
Bäş müň tümen diýse bor.

* * *

Meniň jigim ýöresin,
Gulpagyny darasyn,
Gözi gara bendeleň
Oňa gözi degmesin.

* * *

Meniň jigim keýkeren,
Keýikleri kökeren,

Suw başynda joňkaran,
Aş başynda gomparan.

* * *

Meniň jigim kişmişi,
Geýen dony mämişi,
Eli Buhar kümüşli,
Bili Gürgen gaýyşly.

* * *

Meniň jigim kiçgine,
Girme bagyň içine,
Agzy süýt pyýalasy
Dili badam içine.

* * *

Meniň jigim mazyly,
Yzy goşa tazyly,
Oglanlary uşakly
Düýeleri köşekli.

* * *

Meniň jigim mergendir,
Dag başynda durgandyr,
Dag başynyň keýgini
On-on bäşden urgandyr.

* * *

Meniň jigim okap ýör,
Okadykça bekäp ýör,
Bäşlik bahalar alyp,
Synpdan synpa böküp ýör.

* * *

Meniň jigim Oraz han,
Sesi derdime derman,
Ysy ýarar janyma
Müşk-anbar zagpyran[1].

* * *

Meniň jigim otursyn,
Eline ýüzük ötürsin,
Akja keçäň üstünde
Gaýma gaýap otursyn.[2]

* * *

Meniň jigim otursyn,
Elini bala batyrsyn,
Boýdaşlary gelende
Bagdan iýmiş getirsin.

* * *

Meniň jigim öwülsin,
Söýgülensin, söýülsin,

---

[1] Zagpyran – gülünden reňk alynýan sary reňkli ösümlik. «Reňki zagpyran dek saralypdyr» – diýilýär.

[2] Bu bendiň: Meniň jigim otursyn,
Eline oýmak ötürsin,
Gölli halyň üstünde
Tahýa tikip otursyn.

Meniň jigim otursyn,
Eline ýüzük ötürsin,
Ýüzükleri döwülse,
Dädesi ussa getirsin – ýaly nusgalary-da bar.

Ballyma toý edilse,
Ýedi günden sowulsyn.

* * *

Meniň jigim ösende,
Ýedä aýak basanda,
Günde bäşlik getirer
Ak mekdepde okanda.

* * *

Meniň jigim paýhasly,
Peleň sypat, şir sesli,
Azatlygyň arslany,
Beýik Serdaryň nesli.

* * *

Meniň jigim sarydyr,
Sary ýagdan durudyr,
Iş gutulmaz golundan
Çyn çeperleň biridir.

* * *

Meniň jigim sarydyr,
Sary ýagdan durudyr,
Özi köpüň biridir,
Owadan gyzyň ýarydyr.

* * *

Meniň jigim syratly,
Goşarlary sagatly,
Irden okuwa gider
Gün günden artar akly.

* * *

Meniň jigim taraçy,
Saçy biline gamçy,
Gözleri gülgün oýnar
Kirpikleri araçy.

* * *

Meniň jigim tur, oýna,
Toý tutulsa, gir oýna,
Eşirep-ä gol göter,
Müň tümene bir oýna.

* * *

Meniň jigim turup dur,
Okun-ýaýyn gurup dur,
Päli azan ganymlaň
Gursagyndan urup dur.

* * *

Meniň jigim turupdyr,
Iki sülgün urupdyr,
Uranjasy horazdyr,
Uruşdyryp durupdyr.

* * *

Meniň jigim hallyja,
Köňüli hyýallyja,
Köňlündäki hyýalyn
Aýdabilmez ballyja.

* * *

Meniň jigim Hanaly,
Guşlar çöplär dänäni,
Saragt gyzy saýrasa,
Tejen gyzy haýrany.

* * *

Meniň jigim has ýigit,
Eker bagynda şibit[1],
Atlanyp awa gitse,
Yzynda segsen ýigit,
Segsen ýigdiň serdary,
Öz öýlerniň mydary.

* * *

Meniň jigim hossadyr,
Hossa däldir, ussadyr,
Meň jigimi görende
Gyz-gelinler hassadyr.

* * *

Meniň jigim yşansyn,
Turup bilin guşansyn,
Müň tümenlik aty bar
Duşman ondan üýşensin.

* * *

Meniň jigim eýjejik,
Kakasy tiker telpejik,

---

[1] Şibit – işdä açyjy ot (petruşka).

«Gyzmyka» diýip, gynandyk,
Hudaýa şükür, erkejik.

* * *

Meniň jigim enaýy,
Geýeni keten, daraýy,
Beýik Serdar saýasynda
Asudadyr gün-aýy.

* * *

Meniň jigim ýatypdyr,
Gyrmyzy güle batypdyr,
Ulalanda köp okap,
Alymlyga ýetipdir.

* * *

Meniň jigim ýaşynda,
Mele galpak başynda,
Dostlary garaşyp dur
Derwezäniň daşynda.

* * *

Meniň jigim ýaşynda,
Ýaşyl sümmen[1] başynda,
Agasy ak öý tutanda
Deň-duşlary daşynda.[2]

---

[1] Sümmen – çaganyň kellesine geýdirilýän elde tikilen sopbaş.

[2] Bu bendiň: Meniň jigim ýaşynda,
Aýly tahýa başynda,
Gümmürdedip öý diker,
Agalarnyň duşunda – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Meniň jigim ýaşynda,
Göz monjuk bar başynda,
Oýnap öýe gelende
Joralary daşynda.

* * *

Meniň oglum amaşa,
Atyn baglar ak daşa,
Beg daýysy ýanynda
Ýaşa, balam, köp ýaşa.

* * *

Meniň oglum ataly,
Saýasynda ýataly,
Galyň maly ýetmese,
I:njisini sataly.

* * *

Meniň oglum atlandy,
Atlary kuwwatlandy,
Ýüzüne gün düşmez ýaly,
Howasy bulutlandy.

* * *

Meniň oglum öwmeli,
Öň ýakasy düwmeli,
Çarbaglykda çakylyk,
Saýrap duran käkilik.

* * *

Meniň oglum turupdyr,
Täze jaýlar gurupdyr,
Esgerlige ýetişip,
Ýaşyl baýdak geripdir.

* * *

Meniň oglum han oglan,
Goltugy doly hoz oglan,
Köçelerden geçende,
Aşyk bolsun gyz oglan.

* * *

Meniň oglum ekeri,
Gider jülge ýokary,
Al bedew, haly horjun
Hemme oglandan ýokary.

* * *

Meniň oglum enaýy,
Geýen geými daraýy,
Agzyndan çykan sözler
Arzrumyň şeraby.

* * *

Meniň oglum ýaşyňda,
Oglan-gyzlar daşynda,
Bileje oýnan wagty
Zer jygalar başynda.

* * *

Meniň hanym arbapdyr,
Geýen dony zerbapdyr,
Gelin yzyndan baranda
Syýyndan it garbapdyr.

* * *

Meniň erkäm[1] dürdäne,
Seper guşuna däne,
Gyratyna münende
Gyzlar däli-diwana.

* * *

Meň ballymyň arçasy,
Mawut-begres parçasy,
Eneň-ataň gül bolsa
Sen içiniň nowçasy.

* * *

Meň gyzym aýa meňzär,
Nabatly çaýa meňzär,
Öz lälemiň toýunda
Kakasy baýa meňzär.

* * *

Mergen bolup, guş ursaň,
Dagdan keýik düşürseň,
Düýä ýükläp getirip,
Kebap edip bişirseň.

[1] Erke – lälik.

* * *

Miweli bag ekiler,
Dilinden dür döküler,
Seni gören göripler
Hine girip bukular.

* * *

Münen atyň guş bolsun,
Ganaty kümüş bolsun,
Her ýerlere gideňde,
Erenler ýoldaş bolsun!

* * *

Münen aty ýel ýaly,
Howaýydyr, balamyň.
Geýen dony müň tümen,
Daraýydyr, balamyň.
Içeni şeker suwy,
Şerabydyr, balamyň.
Iýeni käkilik eti,
Kebabydyr, balamyň.

* * *

Münen aty sabaýy,
Geýen dony daraýy,
Serpigi sekiz bagly,
Gazany guýruk ýagly.
Kentde kelçik gepletmez,
Sonarda ot otlatmaz,
Depede altyn täji,
Ýalňyz öýüň mätäji.

* * *

Münse myhmana meňzär,
Düşse daýhana meňzär,
Eline naýza alanda
Edermen hana meňzär.

* * *

Mäser gyzyň kürtesi,
Özi geýip ýyrtasy,
Boz atynyň boýnagy,
Boýnagy göz oýnagy.

**– N –**

Nabat-nabat diýse bor,
Ganda garyp iýse bor,
Samarkantdan sawçy gelse,
Gymmat baha diýse bor.

**– O –**

Owazyň bilbil sanjak,
Saňa söýgüden ýanjak,
Altyganat öý dikip,
Şondan etjek sallançak.

* * *

Owlak geler guzy bilen,
Bir-biriniň yzy bilen,
Beg oglum oýnap çykar
Goňşusynyň gyzy bilen.

* * *

Oglan bolan her tüýsli,
Dessemmil mazy ysly,
Janym bilen söýenim,
Adyna Kerim diýenim.

* * *

Oglan bolan her tüýsli,
Dessembil gawun ysly,
Ysyňdan aýlanaýyn,
Toýuňda şaýlanaýyn.

* * *

Oglan, oglan, oglan şa,
Atyň baglama daşa,
Özüň gitseň söweşe,
Biz göreris tomaşa.

* * *

Oglanym oýnar gider,
Erkana ýaýnar gider,
Ejesi ony söýmese,
Gül ýüzün sowar gider.

* * *

Oglum ady Ýakupdyr,
Daglar bärsin bakypdyr,
Ýaryň beren ýüzügni
Barmagyna dakypdyr.

* * *

Oglum okuw ýaşynda,
Zehini bar başynda,
Eline kitap alsa,
Hemme oglan daşynda.

* * *

Oglum on bäş ýaşynda,
Silkme telpek başynda,
Aýlanyp awa gitse,
Kyrk ýigidi daşynda.

* * *

Oglum meniň ner bolar,
Arslan bolar, şir bolar,
Ulalyp, gulluk etse,
Uly serkerde bolar.

* * *

Oglum okuw ýaşynda,
Zehini bar başynda,
Eline kitap alanda,
Ähli oglan daşynda.
Agzy oýmak, burny pisse,
Ony ýasan çeper ussa,
Ussasyndan uz geldi,
Ogul ýerne gyz geldi.

* * *

Oglum ýigit çykandyr,
Okun-ýaýyn dakandyr,

Döşleri gapak kimin
Duşmana dik bakandyr.

* * *

Ogulbegim owadan,
Suw dökülmez nowadan[1],
Kejebesin bek daňyň
Ýykylmasyn maýadan[2].

* * *

Odun içiniň omçasy,
Gawun içiniň zamçasy,
Ak öýüň inerçesi,
Hüwdüläýin ballymy.

* * *

Oýnap geler oglanlar,
Gülüp geler oglanlar,
Ballym öser boý alyp
Güni sapaly bolar.

* * *

Ok atdym, saýa düşdi,
Saýdan sonalar uçdy,
Şu janymyň sonasy
Gelip howuza düşdi.

---

[1] Nowa – içine suw dolduryp, mallary suwa ýakmak üçin agaçdan ýa-da daşdan ýasalan süýri gap.
[2] Maýa – bugra bilen arwanadan dogan inen düýe.

* * *

Okasyn gülüm meniň,
Saýraýan dilim meniň,
Okap mugallym bolsa
Begendir ballym meniň.

* * *

Otursa hana meňzär,
Tursa daýhana meňzär,
Ulalyp adam bolsa,
Iliň derdine ýarar.

* * *

Oturysyn-a, otursyn,
Kädide suw getirsin,
Kädiň sapagy üzülsin,
Gyzlaň gözi süzülsin.

* * *

Oturyp turana gurban,
Meýlis gurana gurban,
Meýlis gurulýan ýerde
Oýnap durana gurban.

## – Ö –

Öwez janym, haý-haý,
Münen aty mele taý,
Çykar çynar başyna,
Ýygar nöker daşyna.

* * *

Öýi öýden ýokary,
Özi hanyň nökeri,
Handan gelen ýarlykly,
Ak öýleri durlukly.

* * *

Öýümiň altyn söýesi,
Süýji gyzym, alla-huw!
Başymyň altyn dogasy,
Eziz balam, alla-huw!

* * *

Öýüň ak bolsun balam,
Iliň dok bolsun balam,
Saňa kast eden zalym
Sermenip galsyn balam.

* * *

Özi ýazdyr oglumyň,
Kalby sazdyr oglumyň,
Aryp-ýadap gelse-de,
Gyşy ýazdyr oglumyň.

* * *

Özüm iýmän iýdirenim,
Şahyr goýman söýdürenim,
Gyrmyzy donlar geýdirenim,
Allalaýyn balam seni.

**– R –**

Rejep jan-a atlanar,
Atyna ganat beklener,
Çalyp guşun alýança,
Bedew aty saklanar.

**– S –**

Sag bolanyň bir ýagşy,
Haly-palasyň nagşy,
Dişiň Gürgen gamyşy,
Allalaýyn bal käbäm,
Hüwdüläýin men seni.

*** * ***

Saglyk dilän oglanym,
Beglik dilän oglanym,
Gelnejesine gelip,
Ýaglyk dilän oglanym.

*** * ***

Sadaga sadyk bolaýyn,
Aşyňa gatyk bolaýyn,
Sen gezmäge geleňde
Söwüş tutup soýaýyn.

*** * ***

Sadagaň bolaý sawçylar,
El boýar boýagçylar,
Meň jigime don geti:r
Maşat giden yzçylar.

* * *

Sadagasy gär owlak,
Gurbanlygy gyr owlak,
Sadagalar bolanym,
Sagdagyny[1] alanym.

* * *

Sadagasy gär owlak,
Gurbanlygy gär owlak,
Daýysy Sahy bagşy,
Her heňine bir owlak.

* * *

Saýrak guşuň bolaýyn,
Sag-soluňda gonaýyn,
Daş ýerden myhman gelse,
Jylawdaryň bolaýyn.

* * *

Sallançaga salaýyn,
Kakany Hywa ýollaýyn,
Ýagşy gyzyň balasy,
Men seni allalaýyn.

* * *

Sallançagňy yraýyn,
Günde sazyň guraýyn,
Seni beren Hudaýdan
Uzak ýaşlar diläýin.

---

[1] Sagdak – ok salynýan gap, torba.

* * *

Sallançagyň batlydyr,
Ejeň gözel, datlydyr,
Kakaň gahryman esger
Atlary haýbatlydyr.

* * *

Sallançagyň batly bolsun,
Duluň perizatly bolsun,
Gapyň bedew atly bolsun,
Haýatlaryň zatly bolsun!

* * *

Sallançagyň batly bolsun,
Eliň gurhan hatly bolsun,
Mollada okap gelýäkäň,
Erenler-pirler goldasyn.
Ýagty dünýäniň ýary,
Ýalan dünýäniň bary,
Gyzlaryň hyrydary,
Gara gözüm, alla-huw!

* * *

Sallançagyň bagyndan,
Tomaşaly çagyndan,
Aýlanyp baga girse,
Melewşeli bagyndan.

* * *

Sallanyp aýyň gelýär,
Bir okara paýyň gelýär,

Dagdan aşyp daýzaň gelýär,
Gumdan aşyp daýyň gelýär.

* * *

Sary gawun paçagy,
Ala öýmäniň seçegi,
Meniň körpe jigim-ä,
Öz öýmüziň goçagy.

* * *

Sary geýip sallanan,
Gyrmyzy geýip bellenen,
Kakasyna «öýer» diýp,
Bu balamdyr dillenen.

* * *

Sary geýse sallanar,
Begres geýse bellener,
Bökejen ädik bek basar,
Tirme guşak bil gysar.

* * *

Sary maýaň sütügi,
Ak pamygyň übtügi,
Idäp, sorap gelseler,
Aşyr mollaň agtygy.

* * *

Sary sandyk nä gerek?
Sabyn salmaga gerek.
Ballym işden gelende,
Elini ýuwmaga gerek.

* * *

Sarymsagym, soganym,
Ýat gyzyndan doganym,
Owarram ejeň ýat bolsa,
Kakaň meniň doganym.[1]

* * *

Saýalaýyn saýaňda,
Penalaýyn saýaňda,
Ulalyp adam bolup,
Sakla meni aýaňda.

* * *

Sen arkamyň hopbasy,
Şaýly börük gupbasy,
Öz bagryma basanym,
Öz boýnumdan asanym.

* * *

Sen balamyň balasy,
Ýaz aýynyň lälesi,
Allan etsem men seni,
Kakaň kimiň balasy?!

* * *

Sen bolsaň besdir maňa,
Dünýä dürüsdir maňa,

---

[1] Bu bendiň: Sarymsagym, soganym,
Ýat gyzyndan doganym,
Kakaňa janym gurban,
Ejeň bolsun haýranyň – diýen nusgasy-da bar.

Sen bolmasaň jahanda
Dünýä hebesdir[1] – maňa.

* * *

Sen bir gül sen, läle sen,
Sen haçan ulala sen,
Sen ullakan bolynçaň,
Bagrymy gan edersen.

* * *

Sen göwnümiň hoşy sen,
Ömrümiň ýoldaşy sen,
Durmuşymyň säheri
Arzuwlarmyň guşy sen.

* * *

Sen-sen meniň geregim,
Üzülmeýän ýüregim,
Süňk içinde ýiligim,
Suw içinde sülügim.

* * *

Sen-sen meniň senaýym,
Sensiz nirä baraýyn,
Günden gorar penaýym,
Saýaňda men duraýyn.

* * *

Seniň köňlüň çag bolsun,
Gezeniň çarbag bolsun,

[1] Hebes – ýaramaz, peýdasyz.

Her sapara gideňde
Alla saňa ýar bolsun.

* * *

Sensiň meniň Mekanym,
Gül içinde mekanym,
Ile-halka ýarasyn
Meň harytly dükanym.

* * *

Sensiň meniň senaýym,
Gyş günleri penaýym,
Sen bolmagan öýlerde
Neneň geçer gün-aýym.

* * *

Sensiň meniň gün-aýym,
Sensiz kaýan[1] baraýyn,
Sen gül bolup açylsaň,
Men saýaňda duraýyn.

* * *

Sen-ä meniň sandygym,
Sandyga söýendigim,
On bäş ýaşa baraňda
Boýuňa guwandygym.

* * *

Serdarym berse perman,
Agalary gahryman,

[1] Kaýan — «nirä» – diýen manyda.

Meniň balam ulalyp,
Bolar örän mähriban,

* * *

Sonam-sonam sollarda,
Sonam gezer çöllerde,
Gara saçy arkasynda,
Ýüwrüp gezer köllerde.

* * *

Söýdüm jigim Mäligi,
Enesiniň läligi,
Gara gözüm Kerim jan
Peýwent erik şänigi.

* * *

Söýüp-söýüp otursam,
Söýgülerin ýetirsem,
Söýünhan atly obadan
Söýgüli gelin getirsem.[1]

* * *

Suw başy börek-börek,
Böregi bükmek gerek,

---

[1] Bu bendiň: Söýüp-söýüp otursam,
Hüwdüsini ýetirsem,
Daýysynyň ilinden,
Şuňa gelin getirsem – diýen nusgasy-da bar.

Eziz balam Döwrana
Gül meňizli gyz gerek.[1]

* * *

Suw boýunda gamyşy,
Dişleri Ürgenç kümüşi,
Meň kiçijik balamyň
Gant-nabatdyr iýmişi.

* * *

Suwda biten suw oty,
Durdy janyň suraty,
Gezelençden giç gelse,
Ejesin horlar gaty.

* * *

Suwda biter suw oty,
Ballym müner Gyraty,
Gyratynyň sekili,
Münse oýnar käkili.

* * *

Suwlar akar aýlanyp,
Gyzlar çykar şaýlanyp,
Balam uly toý tutsun
Söwer gyzna öýlenip.

---

[1] Bu bendiň: Suw başy börek-börek,
Böregi bükmek gerek,
Eziz balam Merede,
Ak maýa dek gyz gerek – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Suwlar akar bäbegim,
Gül dakynar bäbegim,
Sallançagyň içinden
Gülüp bakar bäbegim.

* * *

Süýtden süýji görenim,
Süýtden gaýmak süzenim,
Aýa-güne bakanym,
Adyna Hurma dakanym.

* * *

Sürüli goýnuň sütügi,
Ak pagtanyň übtügi,
Sorap-idäp gelseler,
Ýaýlymlaryň agtygy.

* * *

Säherler oýanar men,
Hudaga ýalbarar men,
Seni beren Alladan
Uzak ömür dilär men.

## – Ş –

Şaýy bardyr balamyň,
Taýy bardyr balamyň,
Gülden näzik golunda
Ýaýy bardyr balamyň.

* * *

Şahy-aladan topby etsek,
Gyrmyzy çitden güpbi etsek,
Agasy öýler tutanda
Altyn-kümüşden gupba etsek.

* * *

Şetdalynyň şänigi,
Gül nahalyň gämigi,
Atlanyp, derrew tutar
Garakçyny, dönügi.

* * *

Şetdalynyň şänigi,
Beýle ajy bolarmy?
Körpe gelin balasy
Baldan süýji bolarmy?

* * *

Şetdalynyň şänigi,
Ajy bolýar iýmäge.
Öz doganmyň balasy,
Süýji bolýar söýmäge.

**– T –**

Takyrjak çarbag içinde,
At oýnadýar, Baýar jan.
Ýedi ýeňňe iberip,
Gyz saýladýar Baýar jan.

* * *

Towşan asma ýanyňa,
Galma nähak ganyna,
Towşan awlap öldürseň,
Gany damar synyňa.

* * *

Toý tutsaň, il ýygnansyn,
Atаň saňa guwansyn,
Naçar eneň daşyňdan
Ýedi ýola aýlansyn.

* * *

Tolkunlaryň galkyşy,
Uklap ýatyr Gulkişi,
Oýanansoň ukudan
Menden alar alkyşy.

* * *

Törde gelin şaňňyrdar,
Gapyda gyrnak hüňürdär,
Mamasynyň dişi ýok
Agzy-burny müňňüldär.

* * *

Tut başy pudar-pudar,
Kölgesi durman gider,
Seniň batyr agaňdan
Ýamanlar heder eder.

* * *

Tutanyň ak öý bolgaý,
Ýygnanlaryň toý bolgaý!
Her kim saňa kast etse,
Mydam başagaý bolgaý!

**– U –**

Uzak ýoly gysgaldyp,
Kaka jany gelsedi.
Öýmüze nur dolduryp,
Toý-tomaşa bolsady.

* * *

Uzalsyn, boýuň bolsun,
Altyndan öýüň bolsun,
Obamyň giň düzünde
Ýedi gün toýuň bolsun.

* * *

Uzyn boýuň gamyşdan,
Sakak bagyň kümüşden,
Köp süýt sagar enesi
Üňüz[1] ýaly gäwmişden.

* * *

Uzyn-uzyn arguwan,
Balam, boýuňa gurban,
Ýatdan ýakyn saýylan,
Ýüzüňe tylla çaýylan.

---

[1] Üňüz — köne sudury galan deryanyň ugry.

* * *

Ukusyndan oýanar,
Mahmal kürte geýiner,
Enesi ele alsa,
Gül dek bolup söýüner.

* * *

Ukusyndan oýanar,
Tirsegine daýanar,
Ulalyp, ýigit çyksa,
Ejesi oňa guwanar.

* * *

Ullakan toýuň bolsun,
Gurbanyň goýun bolsun,
Nusaýyň giň düzünde
Düzzüm-düzzüm oýnalsyn!
Il barysy ýygylsyn.

* * *

Uranyň keýik bolsun,
Kebabyň şirin bolsun,
Awdan gelen wagtyňda
Öýüň myhmanly bolsun.

* * *

Urmaweriň, ulalsyn,
Sökmäweriň, semresin,
Dükgül-dükgül ýöresin,
Aýagna tiken urmasyn,
Gözi gyzyl bihaýaň,
Şuňa gözi degmesin.

* * *

Uçarlar gökden uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar,
Öz dünýämiň gelini
Dilinden dürler seçer.

**– Ü –**

Ülpül-ülpül otaga,
Öküz geler ýataga,
Ähli obanyň ilaty,
Leýli jana sadaga.

**– W –**

Wezir gyzy Gülzada,
Begiň gyzy begzada,
Gyzyma aşyk bolsun
Şanyň ogly şazada.

**– Y –**

Ysy ýagşy ysmanak,
Ysmaýyllar ýegeni.
Bedew atlar uýany,
Begzadalar ýegeni.

* * *

Ysyň güllere meňzär,
Sesiň bilbile meňzär,
Sesiň eşdende gyzlar
Däli-porhana meňzär.

* * *

Yşgyňda at çapaýyn,
Toýuňa çelpek ýapaýyn,
Han toýlaryn tutdursam,
Altyn gabak[1] atdyrsam.

**– Ý –**

Ýabyň suwy bulançak,
Başlyk batyrgaý alçak,
Gowaçalar boý alar
Şahasy bor sallançak.

* * *

Ýagty dünýäniň ýary,
Ýalan dünýäniň bary,
Gyzlaryň hyrydary
Gara gözüm, alla-huw!

* * *

Ýagşy sözler dilinde,
Gyzyl alma elinde,
Balamy gören gyzyň
Ýaglyjagy bilinde.

* * *

Ýagyş ýagar damjalap,
Oglum atyn gamçylap,

---

[1] Altyn gabak – milli oýnuň bir görnüşi. Altyndan ýasalan kiçijik kädini nyşana goýup, şony atyp almak üçin mergenleriň ýaryşy.

Owadan gyz goýnunda
Ýapynjasy boýnunda.[1]

* * *

Ýap içinden suw akar,
Gyrasyna ot çykar,
Seniň işeňňir kakaň
Döşüne «Gaýrat» dakar.

* * *

Ýarapdyr-a, ýarapdyr,
At bakmaga ýarapdyr,
At münse hana meňzär,
Düşse daýhana meňzär,
Ýöräp-ýöräp ugranda,
Arzyly hana meňzär.

* * *

Ýat, ýanyňda ýataýyn,
Mahmal düşek ataýyn,
Uklasana bal guzym,
Mähriňe mähir gataýyn.

* * *

Ýatakda sygyr sagaryn,
Aňry dur, bala diýerin,
Howlukma, öýde otur
Jamyňa süýt guýaryn.

---

[1] Bu bendiň: Ýagyş ýagar, damjalar,
Oglum atyn gamçylar,
Söýen gyzy goýnunda
Ýüň seçekli boýnunda – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Ýatsam ýanym düşegi,
Tursam bilim guşagy,
Elimiň altyn halkasy
Döşümiň gülýakasy.[1]

* * *

Ýatsaň, ýatyrsam jigim,
Tursaň, götersem jigim,
Ak pamykdan düşekli,
Öýme ýaglyk guşakly.

* * *

Ýaşlykda baş bolanym,
Öýüne myhman salanym,
Ilde halan gyzyny
Öz eline alanym.

* * *

Ýaşyl baýdak parladyp,
Uçaryňy tarladyp,
Al-asmanda uç jigim,
Asman syryn aç jigim!

---

[1] Bu bendiň: Ýatsam ýanymyň düşegi,
Tursam bilimiň guşagy,
Elimiň altyn hasasy,
Daşymyň demir galasy – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Ýeller gelse yranmaz,
Siller gelse bulanmaz,
Ýel ýanymyň çöwşüsi[1],
Yk[2] ýanymyň goňşusy.

* * *

Ýowuz günler ýat boldy,
Gamly günler şat boldy,
Gahryman agalaryň
Her işde ussat boldy.

* * *

Ýorga atyň derlesin,
Döwlet saňa ornasyn,
Saňa gelen belalar,
Daga-daşa ýaýrasyn.

* * *

Ýorga ýabyly ýörişli,
Bedew atlar turuşly,
Meniň balam Kerim jan,
Uzyn boýly gerişli.

* * *

Ýorga münüp ýol sorar,
Bedew münüp toý sorar,

[1] Çöwşi – türkmen öýüni ýel ýykmazlygy üçin üstaşyr atanaklaýyn geçirilip öýüň iki ýan tarapyndan kakylýan gazyga daňylýan ýüp.
[2] Yk – ýel ugry.

Ýola sygmaz ýogynym,
At götermez agyrym.

* * *

Ýörjen-ýörjen gadamňa,
Gurban bolsun, köçeler.
Tiken batsa aýagňa,
Derman bolsun, ejeler.

* * *

Ýörär bolsam kuwwatym,
Uçar bolsam ganatym,
Öý içinde oýnasaň,
Sen bolarsyň kuwwatym.

* * *

Ýüzi-Aýyň aýdymy,
Ýüregimiň aýdymy,
Äleme nur eçiler
Halysynyň öýdümi.

* * *

Ýüzüne nurlar dökülen,
Boýy simden çekilen,
Alyn saçy al ýüpek,
Depe saçy çil ýüpek.

* * *

Ýyl dolanyp, ýyl geler,
Meniň oglum ulalar,
Şonda edermen bolup,
Kosmos taýa ýol salar.

## – Z –

Zamça gawun gämigi,
Peýwent[1] erik şänigi,
Gara gözüm Kerim jan
Ejesiniň läligi.

* * *

Zyba boýuň gamyşmy?
Ballym, dişiň kümüşmi?
Aýaklaryň eýjejik,
Ýa sen bir uçar guşmy?

[1] Peýwent  etmek – sapmak.

## HÜWDI SANAWAÇLARY

Agzy oýmak, burny pisse,
Şuny ýasan çeper ussa,
Ussasyndan uz geldi,
Ogul ýerne gyz geldi,

* * *

Aglama, jigim aglama,
Şetdaly kakyp bereýin,
Şetdalynyň şänigni
Boýnuňa dakyp bereýin.

* * *

Alla, huwwa etmäge,
Keşkä elim boş bolsa.
Hopba edip gitmäge,
Mamaň öýi daş bolsa.
Arzuw-hyýal etmäge,
Mele myssyk nan bolsa.
Toý-tomguda geýmäge,
Daraýydan don bolsa.
Ýagda gowrup iýmäge,
Gapyrga bilen döş bolsa.

Dulda ýygşyryp goýmaga,
Çuwal-çuwal mäş bolsa.

* * *

Allan-allan al penje,
Her gulpagy bir penje,
Ýygan oty ýorunja,
Iýen gawuny zamça,
Ýygan oduny omça,
Geýeni ýüpek parça,
Basmaz asla garynja.

* * *

At gazygy kümüşden,
Ýol azygy iýmişden,
Üzükleri ülkeden,
Durluklary leňkeden[1],
Gidene at mündüren,
Gelene don geýdiren,
Ýola gitse ýorgaly.
Üsti çadyr kölgeli.

* * *

Atasyna meňzese –
Bedew atyň kellesi.
Babasyna meňzese –
Ýaşyl hasa sellesi.
Mamasyna meňzese –
Şir garpyzyň pellesi.

[1] Leňke – matanyň bir görnüşi.

Daýysyna meňzese –
Kesgir gylyç bilbagy.
Daýzasyna meňzese –
Dürli ýüpek saçbagy.
Ýeňňesine meňzese –
Daraýy köýnek, gyrmyz don.
Ejesine meňzese –
Hüýr-perizat balasy.

* * *

Atasyna ogşasa –
Kesgir gylyç bilbagy.
Enesine ogşasa –
Merweritdir[1] ýaşmagy.
Ýeňňesine ogşasa –
Ýüpekdendir saçbagy.
Daýysyna ogşasa –
Düýrme gylyç bilbagy.

* * *

Ballym-ballym adykly,
Aýagy gara ädikli,
Eli goşa tüýdükli,
Tüýdüjegin alalyň,
Sandyjaga salalyň,
Sandyjagyň gulpy ýok
Owadan gyzyň zülpi ýok.

---

[1] Merwerit – gymmat bahaly daş.

* * *

Ballymda bar almalar,
Gyzlar görse ýolmalar.
Ballymda bar hurmalar,
Gyzlar görse burmalar.

* * *

Ballymda bar üljeler,
Gyzlar görse bürjelär.
Ballymda bar pisseler,
Gyzlar görse hassalar.

* * *

Ballymda bar erikler,
Gyzlar görse gereklär.
Ballymda bar üzümler,
Gyzlar görse düzümlär.

* * *

Beýik-beýik köçede,
Daýysy bardyr, ballymyň.
Uzak-uzak ýollarda,
Daýzasy bardyr, ballymyň.
Daýysy dagyň goçagy,
Daýzasy gülüň seçegi.

* * *

Bir şahasy almaly,
Alar otyr, mamasy.
Bir şahasy gyzyl gül,
Güllär otyr, mamasy.
Bir şahasy peýwendi,
Peýlär otyr, mamasy.

Bir şahasy tudana,
Tutar otyr, mamasy.

* * *

Bosagasy tutdandyr,
Tutar otyr, ejesi.
Altyn asyk, ysyrga,
Asar otyr, ejesi.
Söwer ýary gelýänçä,
Söýer otyr, ejesi.
Söwer ýary gelensoň,
Söýüp gider, ejesi.

* * *

Bugra[1] ýüki bolarlyk,
Bukja gelsin, gyzyma.
Iner ýüki bolarlyk,
Akja[2] gelsin, gyzyma.
Maňgyşlagyň maň goýny[3],
Maňlap gelsin, gyzyma.
Bugdaýyň ak unundan,
Epme[4] gelsin, gyzyma.

* * *

Çanakda suw çaýkanmaz,
Ýorga[5] geler, gyzyma.
Injikleri bir tutam,

---

[1] Bugra – düýäniň bir görnüşi.
[2] Akja – pul birligi.
[3] Maň goýun – dört ýaşyndaky goýun.
[4] Epme – çelpek.
[5] Ýorga – 1) ýorgalap çapýan at. 2) Atyň çapyşynyň bir görnüşi.

Bugra geler, gyzyma.
Horasanyň ak unundan,
Çelpek geler, gyzyma.
Maň goýunyň döşünden,
Saçak geler, gyzyma.
Bedew atyn säkdirip,
Gara murtun ykdyryp,
Kethuda geler, gyzyma.
Arkasyna torba baglan,
Juwan geler, gyzyma.

* * *

Çapak-çapak elleri,
Agyrmasyn gollary,
Agasynyň toýunda
Çelpek syrsyn elleri[1].

* * *

Çapak-çapak elleri,
Agyrmasyn gollary,
Daýysynyň toýunda
Çelpek ýaýar elleri.

* * *

Çarygna bak, çarygna,
Çaýda kowar, gyzlary.
Dolagna bak, dolagna,
Dolandyrar, gyzlary.

---

[1] Syrmak – bu ýerde çelpegiň gazandan syrylmagy göz öňünde tutulýar. Çelpek ýapylyp (bişirilip) daşynda otyrka, ýigitler gazana pul oklaýarlar, çelpegi bişirip oturan aýal çelpegi elleri bilen aýlap, syryp alýar-da, epläp, pul oklan ýigide berýär.

* * *

Çarygnyň bagyna bak,
Baglara seýil eder özi.
Dolagnyň dolagna bak,
Gyzlara meýil eder özi.

* * *

Elim etek,
Etegim tezek,
Baş ýassygym degirmen,
Syn düşegim kendirik,
Sapy gitmez elimden,
Toty[1] gitmez gözümden.

* * *

Erikde erik,
Göz gaşy gerik,
Üzümde üzüm,
Bir şirin sözüm,
Injirde injir,
Dişleri zynjyr,
Ballym jan-a sen ýagşy.

* * *

Esrik nerler bitimli,
Aýrak goçlar tutumly,
Ýagyrnylary ýaý boýly,
Gerdenleri gez boýly,
Ýaşyl köýnek ýaraşar,
Deň-duş bilen oýnaşar,

---

[1] Tot – tozan.

Degmäň meniň balama,
Gyzlar oňa garaşar.

* * *

Goltugy agyr saçakly,
Mamasy gelsin, toýuna.
Boýny öýme seçekli,
Daýzasy gelsin, toýuna.
Alagöz, giň gujakly,
Ýeňňesi gelsin toýuna.

* * *

Göge zyňdym almany,
Jigim sürsün «Wolgany»,
Öz jigimiň toýunda,
– Näme iýjeg-ä, näme geýjek?
– Alma bilen nar iýjek.
– Ketenini dar geýjek.
– Meniň jigim ýar söýjek.

* * *

Gözenekden göz görünýär,
Göze gurban, ejesi.
Pessaý-pessaý un eläp,
Külçe iýdir, ejesi.
Al-ýaşyldan kürte gurap,
Egnine geýdir, ejesi.
Deň-duşlarna göz edip
Çelpek ýaýdyr, ejesi.

* * *

Gözenekden göz görünýär,
Gözüne gurban, ejesi.
Ak elekde ak un eläp,
Pişme bişir, ejesi.
Agzy büzmek ak haltadan
Teňňe seçer, kakasy.

* * *

Güpürdiň, güpürdiň at gelýär,
Çykyň gyzlar, kim gelýär,
Gyr atyny säpjedip,
Gyrmyz donun ykjadyp
Annamyrat jan gelýär.

* * *

Gyzym-gyzym diýse bor,
Bala garyp iýse bor,
Ilerden sawçy gelse,
Bäş ýüz tümen diýse bor.
Bäş köşekli, bäş ýorga,
Segsen goýun, bäş maýa.
Şulaň biri kem bolsa,
Gelmesin biziň oýa,
Bakmasyn biziň taýa.

* * *

Gyzym gyzlaryň hany,
Gyzym tiker tahýany,
Gyzyma at dakanyň
Bolmaz hatarda sany.
Hopba etsem arkama,
Düwme daksam ýakaňa,

Eger seni söýmeseler,
Aýdaýgynyň kakaňa.

* * *

Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,
Gowurdagyň dänesi,
Algyr guşuň balasy.[1]

* * *

Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,
Gowurdagyň dänesi,
Gowaçanyň hanasy.

* * *

Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,
Elime alyp ýöräýin,
Gyrmyzy güle dolaýyn.

* * *

Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,

---

[1] Bu bendiň: Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,
Gowurdagy kim iýjek,
Kim göterse şol iýjek.

Jigim-jigim jigirdek,
Ýaga bişen gowurdak,
Gowurdakdan dadaly
Toýuňa baryp gaýdaly – diýen nusgalary-da bar. Bu bentler çaga elde bökdürilip oturylanda aýdylýar.

Gowurdagyň dänesi,
Söýsün garry enesi.

* * *

Jigim jany hopba etsem,
Ýüz gyrandan gupba etsem,
Ýaşyl-gyzyl mahmaldan
Enaýyja güpbi etsem.

* * *

Kejebe tartan sary erkek,
Sarsdyrmawer, aýymy!
Belent pesiň içinde,
Ersdirmäwer, aýymy!

* * *

Kim urdy, kim kokydy[1],
Bazaryň ak nohudy,
Eli kesilmiş gozakçy
Köýnegin çal dokady.

* * *

Maňgyşlagyň maň goýny,
Maňlap geler, gyzyma.
Asýanyň[2] ak unundan,
Çelpek geler, gyzyma.
Injikleri bir tutam,
Bugra geler, gyzyma.
Ýeňňesine ýelmaýa,
Heniz azdyr, gyzyma.

---

[1] Kokamak – ýakymsyz ys.
[2] Asýa – haraz.

Gürrüňçisine bil guşak,
Heniz azdyr, gyzyma.
Sawçysyna bek «duşak»
Heniz azdyr, gyzyma.

* * *

Meniň ballym handan gelýär,
Hanyň bagyndan gelýär,
Kisesi kümüş manatly,
Ýany gymmat sowgatly,
Gülüň seçeginden gelýär,
Gözel gujagyndan gelýär.

* * *

Meniň balam sarymy,
Samarkandyň narymy,
Elinde dutar tarymy,
Ejesiniň barymy,
Samarkantdan sawçy gelse,
Synlamaga synçy gelse.

* * *

Meniň ballym atlandy,
Howasy bulutlandy,
Münen aty taý-gulan,
Gezen ýeri gök çemen,
Çölde keýik oýnatmaz,
Suwda gäwmiş ýaýnatmaz.

* * *

— Üwwelemen.
— Düwwelemen.

Gara goýnuň gany bilen,
— Daýzam ogly nirä gitdi?
— Duza gitdi.
— Haçan geler?
— Erte geler.
— Egniň gys,
— Ýola düş, ýorgala,
— Garynjany garbala.[1]

* * *

Waheý-waheý wahasy,
Gyzyl gülüň şahasy,
Meň söýgüli balamyň
Örän gymmat bahasy.

* * *

Waheý-waheý, wahasy,
Gyrmyzy gülüň şahasy,
Her kim şuny söýmese,
Syrtyna tuduň şahasy.

* * *

Waheý-waheýler gurban,
Akja tokaýlar gurban,
Odunda omça gurban,
Gawunda zamça gurban,
Düýede duluç[2] gurban,
Daýysy Gylyç gurban,

---

[1] Şu sanawaç aýdylýan wagty çagany öňünde oturdyp, onuň aýagynyň barmajyklaryny sanawajyň her bognuna görä, gysyp goýberýärler. Sanawaç gutaransoň, çaganyň barmagy sanalýan aýagyny gyjyklamaly. Çaga jykyr-jykyr gülüp, ýene gaýtalanmagyny isleýär.

[2] Duluç – düýäniň bir görnüşi.

Çanakda aýran gurban,
Daýzasy Baýram gurban.

* * *

Ýüpek saçym ýüň eden,
Meň halymy teň eden,
Gündizlermi gije eden,
Dillerimi güň eden,
Art etegim at edip,
Öň etegim gamçy edip,
Huwwalar edeýin seni.

## KAKAŇ GELMEDI

Bir gelin ýanýoldaşyny örän gowy görýär ekeni. Bir gezek adamsy kerwen bilen daş ýurtlara gidipdir. Ol gelniň adamsyny näçe göresi gelse-de, ejap edip, daşyna çykaryp bilmändir-de, çagasyny şeýleräk huwwalapdyr:

Häli serpik ýaparyn,
Şonda göwnüň taparyn,
Ýatyber gyzym, ýatyber,
Hüwdülärin, men seni,
Tapbatlaryn, men seni!
Kakaň gelmedi.

Aýagynda gülli jorap,
Bir görmesem, halym harap,
Ilki agşamdan daňa garap,
Katdym kam-kam[1] boldu-la,
Hüwdülärin, men seni,
Tapbatlaryn, men seni,
Kakaň gelmedi.

Aýlam-aýlam gollarda,
Tilki bilen tazy oýnar,

[1] Kam-kam bolmak – süňňüň lerzana gelmegi.

Dyz boýly köllerde,
Ördek bilen gaz oýnar.
Hüwdülärin, men seni,
Tapbatlaryn, men seni!
Kakaň gelmedi.

## MONJUGATDYLAR

### – A –

Agaç başy burular,
Düýbünde suw durular,
Özgäň ýary gelende
Meniň boýnum burular.

*****

Agaç başynda durdum,
Düýbüne duzak gurdum,
Nadan ýaryň golunda
Kä agladym, kä güldüm.

*****

Agam ogly al meni,
Heýkeliňe sal meni,
Senden özgäni söýsem
Yhlasyň ursun meni.

*****

Agam ogly zyýada,
Bermäňler meni ýada,

Kowalap ýetip bilmen
Ol atly, men pyýada.

* * *

Agar çäkmen boýuna,
Çapy[1] gelişmez ýana,
Her dem boýuň görmesem,
Boldum däli-diwana[2].

* * *

Agar çäkmen etegi,
Etegi guşlar ýatagy,
Beýle ýary bolanyň
Uçmahdadyr otagy.

* * *

Agar çäkmen dyzyňdan,
Doýmadym gül ýüzüňden,
Her annada gelmeseň
Ynha, bardym yzyňdan.

* * *

Aglaryn-a, aglaryn,
Ýara göwnüm baglaryn,
Ýar göwnümi almasa,
«Ilim» diýip aglaryn.

---

[1] Çapy — donuň syýnyna urulýan zolak mata.
[2] Şu bendiň:

Agar çäkmen boýuna,
Çapy gelişmez ýana,
Her hepdede gelmeseň,
Men däli hem diwana – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Aý aýdyňdyr, Aý batmaz,
Gyrylmyş itler ýatmaz,
Göwni gara enesi
Gyzyndan aýra ýatmaz.

* * *

Aý aýdyňdyr, biler men,
Ak donumy geýer men,
Aý buluda girýänçä
Kararym ýok, öler men.

* * *

Aý aýdyňdyr hesipdir,
Elimi pyçak kesipdir,
Al ýaňak, ýuka dodak
Gör, kimlere nesipdir.

* * *

Aý aýdyňdyr süýt kimin,
Arkalygym çit kimin,
Oglan, köp gelip gitme
Basarlar bürgüt kimin.

* * *

Aý aýdyňdyr süýt ýaly,
Geýen geýmiň çit ýaly,
Kän gelmegin, giýewi
Ýenjilersiň it ýaly.

* * *

Aý aýdyňdyr hoş gije,
Ýar gujagy boş gije,
Ýarym onda, men munda
Arman ara daş gije.

* * *

Aý aýdyňdyr süýt kimin,
Gyzlar oýnar gurt kimin,
Daşdan gelýän aý, oglan
Ýenjilersiň it kimin.

* * *

Aý aýdyňdyr gelmegin,
Halka mälim bolmagyn,
Aý buluda girende
Daňsalar-da durmagyn.

* * *

Aý aýdyňdyr, agyldyr,
Gyzlar öýde baglydyr,
Her ýyl Nowruz gijesi
Ýar ýaryna baglydyr.

* * *

Aý aýdyňdyr, ýagtydyr,
Ýaryň geler wagtydyr,
Degmäň ýaryň göwnüne
Posa aljak wagtydyr.

* * *

Aý dogar gädiginden,
Tanadym ädiginden,

Baryp aýdyň oglana
Dänmesin diýdiginden.

* * *

Aý dogar perli-perli,
Gapymyz goşa nerli,
Girseň ýaryň goýnuna
Çykarsyň alnyň derli.

* * *

Aýlandym bag içinde,
Ýüregim dag içinde,
Öldürse, ýar öldürsin
Şetdaly bag içinde[1].

* * *

Aýnada gördüm ýüzüň,
Aýdaýyn pynhan sözüm,
Öz halanma barmasam,
Ýaşa dolar şu gözüm.

* * *

Aý çykar, aýlar batmaz,
Gyrylmyş itler ýatmaz,
Aşyk oglanyň şöwri[2]
Gije meni uklatmaz.

---

[1] Şu bendiň:
Bürgütler bag içinde,
Keýpimiz çag içinde,
Öldürse, ýar öldürsin,
Şetdaly bag içinde – diýen nusgasy-da bar.

[2] Şöwür – gije ýoly geçmek, ilkiagşamdan tä ertire çenli ýol ýöremek.

* * *

Aý çykar, uzak düşer,
Mum ýanar, çyrag düşer,
Ýar gözünden düşenler
Köňülden yrak düşer.

* * *

Ak ýüzüm nar-da bolsa,
Alkymym gar-da bolsa,
Hudaý saňa ýazypdyr
Adaglym bar-da bolsa.

* * *

Ak ýüzüň gara meňzär,
Ýaňagyň nara meňzär,
Adaglyň toýda gördüm
Guş uran sara[1] meňzär.

* * *

Ak öýleriň tärimi,
Sözüň jana därimi,
Şol oglanyň nazary
Alyslardan bärimi?

* * *

Ak öýe ýapsaň eşik,
Içinde ýanar yşyk,
Gelgin suwa-güzere
Ele alyp suw meşik.

[1] Sar – serçeler toparyndan bolan, gara-ala ýelekli saýrak guş.

* * *

Ak maýa düzde galdy,
Ýüki Töwrizde galdy,
Oglany dert apardy
Dermany gyzda galdy.

* * *

Ak telpegiň deriden,
Ýürek-bagrym ereden,
Sen bir algyr guş bolsaň
Äkit meni şu ýerden!

* * *

Ak telpegi gar ýaly,
Töwerekde bar ýaly,
Baryp aýdyň tiz gelsin
Meniň göwnüm zar ýaly.

* * *

Ak telpegiň bar ýaly,
Göýä akja gar ýaly,
Ýigit, näme gözleýäň
Mende göwnüň bar ýaly.[1]

* * *

Ak telpegiň deriden,
Süňňüme sim ýöreden,

---

[1] Şu bendiň:

Ak telpegiň gar ýaly,
Töwerekde bar ýaly,
Baryň, aýdyň şol ýara
Meniň göwnüm zar ýaly — diýen nusgasy-da bar.

Gyrmyz donly gyratly
Sal, ýoluňy bäriden.

* * *

Ak telpegiň abatdyr,
Yşgyň meni gabapdyr,
Ýürekden söýen ýarym
Geýen donuň zerbapdyr[1].

* * *

Ak telpegiň deriden,
Etim-ganym ereden,
Aýry ýoldan ýöreden
Başarmadyň ak telpek[2].

* * *

Ak telpegiň abatdyr,
Yşgyň meni gabapdyr,
Iki aşyk birleşse
Ahyretde sogapdyr.

* * *

Ak çargadym[3] herýan-herýan,
Dal boýuňa men gurban,

---

[1] Zerbap – zer bilen bezelen, zer ýaly, zer mysaly.
[2] Şu bendiň:

Ak telpegiň deriden,
Süňňüme sim ýöreden,
Gyrmyzy donly, gara ädik,
Sensiň meni Leýli eden – diýen nusgasy-da bar.

[3] Çargat – gyňaç.

Galmaz ýürekde arman
Seň bilen sürsem döwran.

* * *

Akar akar ar bilen,
Alma tapdym nar bilen,
Niçik ömür süreýin
Bir aksakgal är bilen.

* * *

Akdyr bilegim, oglan,
Köpdür dilegim, oglan,
Menden başga ýar diýseň
Ýansyn ýüregiň, oglan.

* * *

Akgalada işim bar,
Aňyrsynda hoşum bar,
Goýberseňiz gideýin
Gözi bagly guşum bar.

* * *

Ak çynaryň asly matyr[1],
Gelsene, ýanymda otur,
Kyrk derdim bar, doga getir
Dogaň maňa şypa bolsun.

* * *

Ak towuk, ala towuk,
Säher gygyran towuk,

[1] Matyr – ösmeýän agaç manysynda.

Biz ýara näme diýdik
Ýar ýüzi bizden sowuk.

* * *

Akrapda[1] uçan guşlar,
Yrak zeminde gyşlar,
Ýar bizden köňlün üzüp
Gör, nirde köňül hoşlar.

* * *

Akrap geldi hazan[2] bar,
Ýürek-bagrym ezen bar,
Diýse diýsin bendesi
Ýokarda bir ýazan bar.

* * *

Ak pagtanyň hanasy,
Ýarym güller dänesi,
Ýokdur ýarymda ýazyk
Ýazyklydyr enesi.

* * *

Al, eliňe hanjary,
Ur, ýüregme pyçagy,
Sekiz jennetden giňdir
Ol oglanyň gujagy.

---

[1] Akrap – 1. Içýan ýyldyzlar toparyndan Beta ýyldyzy. 2. Aý hasabynyň Garaşsyzlyk aýynyň ahyrky günleri bilen Sanjar aýynyň ýigrimilerini öz içine alýan bir aýyň ady.

[2] Hazan – musulman ýyl hasaby boýunça akrabyň öň ýanyndaky hasap-hesip, güýz paslynyň ýapraklar dökülip, ekinleri sowuk urýan döwri.

* * *

Ala gözde gara bar,
Jigerimde ýara bar,
Ne men öldüm gutardym
Ne derdime çäre bar.

* * *

Ala dagdan aş ýigit,
Müň tümenden geç ýigit,
Gündiz eliň degmese
Gije ýola düş ýigit.

* * *

Ala dagdan aşsamdym,
Ýar gujagna düşsemdim,
Ýarymyň ak golundan
Gülgün şerap içsemdim.

* * *

Ala daglar armydy,
Arasynda barmydy,
Meni saňa bereniň
Iki gözi körmüdi.

* * *

Ala torbam argapdyr,
Ýüzi-gözi dargapdyr,
Indi seni är almaz
Belli, Taňryň gargapdyr.

* * *

Ala ýaglyk alsana,
Alma-nary ýolsana,

Meniň ýarym gelsene
Boýnuma gol salsana.

* * *

Aldymgaç-a[1], aldymgaç,
Ýar atyňa münüp gaç,
Ýetdirme duşmanlara
Sal goýnuňa, alyp gaç.

* * *

Alla meni guş etsin,
Ganatym kümüş etsin,
Biwepa ýalançyda
Ikimizi duş etsin.

* * *

Alma geldi, nar geldi,
Köýnek biçsem dar geldi,
Günüň günortan çagy
Çapar atly ýar geldi[2].

* * *

Alma bolsun, nar bolsun,
Ýarlar mähriban bolsun,

---

[1] Aldymgaç – aýal köýneginiň ýakasyna, donuň gyrasyna tutulýan dürli reňkli sapaklardan edilýän jähek.
[2] Şu bendiň:
Alma atdym, nar geldi,
Köýnek tikdim, dar geldi,
Gijäniň ýarymynda,
Ak köýnekli ýar geldi – diýen nusgasy-da bar.

«Uruldym» diýip gyýylma
Gyzlar saňa ýar bolsun.

* * *

Almany aýyrdylar,
Şahasyn gaýyrdylar,
Söýüp-saýlan gül ýarym
Söz bilen aýyrdylar.

* * *

Almany atan kimdi?
Bazarda satan kimdi?
Per ýassyk, per düşekçe
Üstünde ýatan kimdi?

* * *

Alsam atyň sagrysyna,
Düşsem ýoluň dogrusyna,
Niçik jeza buýrulýar
Aşyk gyz ogrusyna.

* * *

Alysdan bakyşaly,
Ýüregmiz ýakyşaly,
Gündizki derdimizi
Gijeler çekişeli.

* * *

Aman-aman içinde,
Başym duman içinde,
Aljak bolsaň, gel, oglan
Goýduň güman içinde.

* * *

Apbasysy ses eden,
Gygyrdy-la keseden,
«Ýaryň hassa» diýdiler
Derman goýdum kiseden.

* * *

Argyş[1] çuwal köşesi[2],
Söküp-söküp işesi,
Seni alan şol ýigit
Akylyndan aşasy.

* * *

Arkam berdim agaja,
Ýar geledir şu gije,
Söwer ýaryň enesi
Goýber, ogluň şu gije.

* * *

Arygy, jan arygy,
Gördüm suwly arygy,
Ýar gitdi şonda boldy
Ýüregimiň ýarygy.

* * *

Aryk başynda şora[3],
Ýarym gitdi Buhara,

---

[1] Argyş – söwda edip bir ýurtdan däne, galla getirmeklik.
[2] Köşe – çuwalyň, torbanyň we ş.m. iki ýan gapdalyndaky bagyny ýa-da ýüpüni ildirip dakmak üçin goýulýan halka.
[3] Şora – köplenç şorlukda bitýän pürli ýaprakly we ýapragy şorumtyl suwluja ot.

Üç aýa wada berdi
Gelmedi ýüzügara.

* * *

Aryk gyragy söwüt,
Söwüt ýanynda şibit,
Her gyz ki bimar bolsa
Onuň dermany ýigit.

* * *

Aryk boýunda igde,
Igdäniň güli maýda,
Hemmäniň ýary öýde
Biziň garagöz nirde?

* * *

Aryk boýunda guzy,
Ýarymyň birje sözi,
Ýigitleri köýdürer
Gyzlaryň gara gözi.

* * *

Arpa geldi tümbüle[1],
Gara saçy sümmüle[2],
Aşyk gyz maňa gitmän
Eýsem gider kim bile?

[1] Tümbül – bişip başlamak.
[2] Sümmül – däneli ekinleriň boý alyp başa durmazynyň öň ýanyndaky görnüşi.

* * *

Arpa unuň kepegi,
Ýelpäp alyň çelpegi,
Kimiň monjugy çyksa
Söwer ýaryň telpegi.

* * *

Arpalar gara palçyk,
Daş çykma başy açyk,
Göwnüň mende bar bolsa
Bukjaň göter, ýola çyk!

* * *

Arman[1] tahýa başymda,
Köp aýlanýaň daşymda,
Menden başga ýar tutsaň
Gowga bardyr başyňda.

* * *

Arça-kerkaw tööňňesi,
Men Hudaýyň bendesi,
Adamzadyň gendesi
Nirden çykdyň alnymdan.

* * *

Arça ýapragyn dökmez,
Muhabbet jandan gitmez,
Bu gözler seni gördi
Başgasyna seretmez.

---

[1] Arman – gyzlaryň tahýasyna salynýan nagşyň ady.

* * *

Asmanyň görki Aýdyr,
Daglar dumana baýdyr,
Alaýsaň-da gyz algyn
Juwan atylan ýaýdyr.

* * *

At esbaby gaýyşdan,
Göwüsbendi[1] kümüşden,
Adaglyň toýda gördüm
Horjuny doly iýmişden.

* * *

Atlanypdyr atyna,
Ýetmek üçin netine[2],
Zor bilen gyz almazlar
Adam iber ötümne.

* * *

Aşyk boldum şol gyza,
Elinde suwly küýze,
Sawçy iberip alaryn
Galdyrman geljek güýze.

**– B –**

Bag içinde gezen ýar,
Ýürek-bagrym ezen ýar,

[1] Göwüsbent – bezeg üçin atyň göwsüne dakylýan ýüzi kümüşli ýasy gaýyş.
[2] Neti – niýeti manysynda.

Ýaryň geldi diýseler
Begres geý-de, bezen ýar.

* * *

Bag düýbünde duranlar,
Messan-messan ýörenler,
Çykypsyňyz bezenip
Haýran bolýar görenler.

* * *

Baga girene gurban,
Gülün tirene gurban,
Biz-ä ýary görmedik
Ýary görene gurban.

* * *

Baga girdim bar üçin,
Alma bilen nar üçin,
Şirin janym kül etdim
Bir biwepa ýar üçin.

* * *

Baga girdim yzyňdan,
Gara saçyň dyzyňdan,
Ýakma meni, gara göz
Öldüm seniň näziňden.

* * *

Baga girdim, üzüme,
Güller degdi dyzyma,
Baga gelipdir ýarym
Ýüzi düşdi ýüzüme.

* * *

Baga girsem, bahar bor,
Ýüzün görsem, nahar bor,
Bir gün ýüzüň görmesem
Ballar maňa zäher bor.

* * *

Bagda üzüm halyly[1],
Gezdim sorap uly ili,
Ýalan gep edýänleriň
Ýarym, azandyr päli.

* * *

Bagda bişdi garaly,
Gel, bir zaman duraly,
Çyksyn göribiň gözi
Gol tutuşyp ýöräli.

* * *

Bagda gül baglaşalyň,
Bir karar baglaşalyň,
Kararyndan däneniň
Ýüregin daglaşalyň.

* * *

Bagda gördüm ekme nar,
Bolduň bize hyrydar,
Seniň başga ýaryň bar
Berme, maňa sen azar.

---

[1] Halyly – üzümiň bir görnüşi.

* * *

Bagyňyzdan bakaýyn,
Galam gaşym kakaýyn,
Seniň syýa zülpüňi
Tamdyrama[1] dakaýyn.

* * *

Baglaryň bar dalçyny,
Öpsem agzyň içini,
Bir bölejik guş geldi
Sen içiniň laçyny.

* * *

Badamça baldaklydy,
Gyzyl gül ýapraklady,
Isledim, göwün berdim
Gorkaram, adaglydy.

* * *

Bazar ýoly pişeli,
Ýüpek getir işeli,
Ýardan bir ýaglyk geldi
Gyrasy melewşeli.

* * *

Bazarda erik gelin,
Gaşlary gerik gelin,

[1] Tamdyra – dutar.

Dört gözeliň içinde
Sensiň teperrik[1] gelin.

* * *

Bakalyň biz Gülşene,
Ýaglyk geldi nyşana,
Kim üçin kimler ýollar
Habar düşer nyşana.

* * *

Bakdy geçdi tärimden,
Gözüm doýmaz ýarymdan,
Ýara sowgat gönderdim
Bagda alma-narymdan.

* * *

Bakjamda barym bar-a,
Göwsümde narym bar-a,
Gyratly, gyrmyz donly
Janserek ýarym bar-a.

* * *

Barly gezer at bilen,
Içim doly ot bilen,
Ejem şu gün, boýdaşlar
Guda bolýar ýat bilen.

* * *

Barmanam, hiç barmanam,
Berseler-de, barmanam,

---

[1] Teperrik – halk içinde abraýly, sarpaly, kethuda, uzak ýaşan adamlardan, keramatly işan-mollalardan berlen dadymlyk, ýadygärlik nyşan.

Meni şoňa berseler
Şu dünýäni görmenem.

* * *

Başda ýaşyl kürtesi,
Bürenjegiň ortasy,
Barannyň kimdigini
Bildi Maral ertesi.

* * *

Başdaňym-a ýaglykdyr,
Geler wagty çaglykdyr,
Iller ýatar öýünde
Ilerimiz baglykdyr.

* * *

Başlady gyz, başlady,
Suwa monjuk taşlady,
Goşgusyn ýalňyş okap
Garry Maral kaşlady.

* * *

Başy belent çynarym,
Düýbünde saýalanym,
Ýaryň ýoluna garap
Ahy-zaryn kylanym.

* * *

Beden ýar-a, beden ýar,
Aklym haýran eden ýar,
Ýarymda ýazyk ýokdur
Agasy eňreden ýar.

* * *

Beden ýar-a, beden ýar,
Meni Leýli eden ýar,
Ozal-a beýle däldiň
Saňa bir öwreden bar.

* * *

Beýik-beýik jülgeler,
Eýerlenen at ýaly,
Köp gelmegin giýewi
Ýenjilersiň it ýaly.

* * *

Bil kemer gulaç-gulaç,
At üsti altyn syraç[1],
Çille ýüpek gerekdir
Döşi gapak gerekdir.

* * *

Bilbil güle hyrydar,
Kömek etse Biribar,
Ýaşylbaş güle garar
Mydam aglar bikarar.

* * *

Bilezigi getiriň,
Ak bilege ötüriň,
Janym çykyp baradyr
Söwer ýara ýetiriň.

---

[1] Syraç – çyra, ýagtylyk.

* * *

Bir gül ekdim diwara,
Bilbil saýrar suwara,
Saýra, bilbilim saýra
Belki, ýarym oýana.

* * *

Bir guş uçdy howadan,
Boýny mahmal dogadan,
Ýykylmyş gahba pelek
Ýarym gitdi obadan.

* * *

Bir kiçijik kişmişdim,
Elden ele düşmüşdim,
Men bir gyzyl gül bolup
Bir nadana duşmuşdym.

* * *

Bir malym bar inerçe,
Hatabyna[1] gonar serçe,
«Enejan» diýen ak nowça
«Alaýyn» diýsem bolmady.

* * *

Bir tikeje bagyram,
Ýeňil saýma, agyram,
Çykam daglar başyna
«Ýar-ýar» diýip, çagyram.

---

[1] Hatap – howudyň öň tarapynyň üstünden goýlup berkidilýän toýnuk şekilli dört bölek agaç.

* * *

Boz atym boza meňzär,
Boýny şabaza[1] meňzär,
Ýar goýnuna gireniň
Gyş güni ýaza meňzär.

* * *

Boýuň boýlardan ýagşy,
Arkaňdadyr çit nagşy,
Söküp Kesearkajy
Tapmadym senden ýagşy.

* * *

Boz atym bozalanar,
Ýykylsa tozalanar,
Gyz görmedik ýaş ýigit
«Ýar» diýip özelener.

* * *

Boz atym boza-boza,
Boýny gupbaly goza,
Ýedi ýyl aşyk boldum
Boýny bukawly gyza.

* * *

Boz atym bozalandy,
Ýykyldy tozalandy,
Suwa bir gözel indi
Ýüregim täzelendi.

---

[1] Şabaz – gerçek, goçak.

* * *

Boz atymyň boýnagy,
Oýnagym gaz oýnagy,
Gije gezen ýigidiň
Dodagy süýt gaýmagy.

* * *

Boýnum burup, delmirip,
Ýapyşdym men ýalbaryp,
Gitdi-le, ýar sapara
Maňa ýaglyk äberip.

* * *

Bolsun sesiň sem oglan,
Ýok derdiňe em oglan,
«Gelme» diýsem kän gelip
Bizar edýäň sen oglan.

* * *

Bossanlykda mazy[1] men,
Hünärliler sazy men,
Nowruzyň akja gary
Ýylyň bahar, ýazy men.

* * *

Boýuň misli ak derek,
Ugruňda men janserek,

[1] Mazy – 1. Dessemmaýa (dessemmil) — elde oýnamak we ysgamak üçin ýakymlyja ysly kyrk günlük gawunyň bir görnüşi. 2. Çagany gowy görüp, söýlüp aýdylýan söz.

Ýar bilen dilleşmäge
Wepadar ýürek gerek.

* * *

Bu dagyň gary menem,
Gün düşse eremenem,
Ýüz ýyl toprakda galsam
Juwanam, çüýremenem.

* * *

Bu gün howa dolandyr,
Bagda günler solandyr,
Sen öýmüzden gideliň
Maňa jebir bolandyr.

* * *

Bu ýerde ýylan bolmaz,
Derdimi bilen bolmaz,
Söwer ýardan aýryldym
Gözýaşym sylan bolmaz.

* * *

Bu jahanda bu jandyr,
Şirin janym gurbandyr,
Myhman oglana degmäň
Hassa jana dermandyr.

* * *

Bu haýat uzyn bolsun,
Miwesi üzüm bolsun,
Ýary geljek gelinleň
Gijesi uzyn bolsun.

* * *

Bulut geldi garalyp,
Dag başlary bürelip,
Näzli gyza näm boldy
Otyr öýde saralyp.

* * *

Bu dünýede paýym bar,
Giň gujakda jaýym bar,
Hudaýym köp görmesin
Gara göz humaýym bar.

* * *

Bulut göçer topba-topba,
Başyňda altyn gupba,
«Aty ýok näder» diýme
Gaçaryn edip hopba.

* * *

Bökejen köwüş ýer böwser,
Kümüş guşak bil gysar,
Bizi gören jahyllar
Depeden aşak towsar.

* * *

Böküp dur-la ýüregim,
Ýolda iki garagym,
Ak telpek, gyrmyz donly
Sensiň meniň geregim.

## – Ç –

Çabydyň çapraz[1]-çaňňa[2],
Ýerimden turdum laňňa,
Ussa ýaryň dakypdyr
Alaçaňa[3] kän teňňe.

* * *

Çagyrdym çaý içinde,
Başym gowga içinde,
Öldürse ýar öldürsin
Gyzyl gül bag içinde.

* * *

Çakar çakmagyň daşy,
Akdyr eýeriň gaşy,
Adyň tutsam bilerler
Üç doganyň iň ýaşy.

* * *

Çal horaz-a, çal horaz,
Boýa boýalan horaz,
Owazyňa döneýin
Ýar oýandyran horaz.

* * *

Çarhym çala bilmedim,
Igim ala bilmedim,

[1] Çapraz – çabydyň ýakasyna dakylýan gulply apbasy.
[2] Çaňňa – çaprazyň aşagynda asylýan pişme şekilli şelpeli bezeg şaýy.
[3] Alaça – erşi gyzyl, argajy gök, elde dokalýan nah matanyň bir görnüşi.

Nirden çykdy gaýtarma
Ýary göre bilmedim.

* * *

Çelekeniň[1] ýollaryna,
Sagyndan sollaryna,
Men bir dilli jaň bolsam
Ýarymyň gollaryna.

* * *

Çepbetew[2] çabyt dyzyndan,
Ynha, ýetdim yzyndan,
Bir bäriňe bakmasaň
Men-ä gitdim özümden.

* * *

Çepbetewi bar eken,
Çep goltugy dar eken,
Nadan ýary bolanyň
Ýüzi ýaman hor eken.

* * *

Çepbetewiň bar eken,
Ýeňi, çapysy dar eken,
Ogryn-ogryn seretdiň
Bizde göwnüň bar eken.

* * *

Çeşme suwun içdim ýar,
Salam berip geçdim ýar,

---

[1] Çeleken — häzirki Hazar şäheri.
[2] Çepbetew – aýal-gyzlaryň çabyt tikinýän matasy.

Sen salamym almasaň
Menem senden geçdim ýar.

* * *

Çeşme başsyz bolarmy?
Düýbi daşsyz bolarmy,
Akylsyz nadan oglan
Gyz ýoldaşsyz bolarmy?

* * *

Çeşmäni laýladylar,
Suwuny paýladylar,
Men-ä saňa gelmezdim
Boýnuma bagladylar.

* * *

Çopan iýer gowurma,
Geýip geler çöwürme,
Diýenimi gaty görüp
Menden ýüzüň öwürme.

* * *

Çykdym çynar başyna,
Garadym güneşine,
Ýarym, beren ýaglygyň
Çüýretdim gözýaşyma.

* * *

Çykdym çynar başyna,
Ýylky ýaýdym daşyna,
Elimde gülgün ýaglyk
Gönderdim syrdaşyma.

* * *

Çykdym dagyň belendi,
Oýandym ýar gelende,
Golum ýaryň ýassygy
Aýyrsynlar ölemde.

**– D –**

Daga düşdi, batdy gama,
Il ýigidi sadagam-a,
Daýym ogly gelmese
Oda köýsün, otagam-a.

* * *

Dagda arslan bolarmy?
Düýbi harman bolarmy?
Ýany-ýana kül boldum
Küle derman bolarmy?

* * *

Dagda bulut towlanar,
Suwda balyk duwlanar,
Ýar soragna çykanlar
Tizden yza köwlener.

* * *

Daglardan alyp genji,
Daksadym boýna hünji,
Ýaglyk ýollan oglanyň
Bolsadym göz guwanjy.

* * *

Dadym bar, adaglym bar,
Derdimden habarlym bar,
Bir synyk, sypaýyja
Söwer ýar, adaglym bar.

* * *

Daýnany[1] baýyr aldy,
Düýbüni çaýyr aldy,
Bedew atyň kişňände
Ýüregim howur aldy.

* * *

Daň sesi, daň sesine,
Oýandym jaň sesine,
Hal-ha gelýär näzli ýar
Zülpi düşüp ýeňsesine.

* * *

Daň horaz-a, daň horaz,
Daňdan gygyrýan horaz,
Sesim sesiňe gurban
Ýarym oýaran horaz.

* * *

Degirmen üsti kötel,
Gaçdy ýaglygym göter,
Men egilsem duýarlar
Düş atdan, özüň göter.

---

[1] Daýna – Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabyndaky bir obanyň ady.

* * *

Delmirip boýnuň burma,
Garşyma gelip durma,
Saňa berilmez oglan
Gymmat bahaly Hurma.

* * *

Deňiz barak guşuna,
Awa gider gyşyna,
Ýarym tutan awuny
Salar palaw aşyna.

* * *

Deňizden balyk çykdy,
Ýüzüp kenara çykdy,
Pyýala şeker döküp
Ýar meni suwa ýakdy.

* * *

Depä çykyp durupdym,
Elim ýere urupdym,
Başarmadyň ak telpek
Hak aşygyň bolupdym.

* * *

Depä çykyp boýladym,
Gopuz çalyp oýnadym,
Her näçe seretsem-de
Didaryňdan doýmadym.

* * *

Derýa bardym geçmäge,
Egildim suw içmäge,

Göwnüm ýary küýsedi
Ganatym ýok uçmaga.

* * *

Derýalar balyklydyr,
Düýeler halyklydyr,
Göwnümi awlan ýigdiň
Aýagy çaryklydyr.

* * *

Dilber niçik halda sen,
Şeýle gözi ýolda sen,
Ak ýüzüň, keman gaşyň
Ajap ýüzi hally sen.

* * *

Dilber gara gözleriň,
Ýagtylyp dur ýüzleriň,
Janyma ýagşy ýarar
Ýaňky diýen sözleriň.

* * *

Dokaýaryn düýp haly,
Ol oglan eker şaly,
Meni alyp toý etmek
Ýaryň niýeti-päli.

* * *

Duran ýerim gamyşdy,
Düýe-köşek emişdi,
Sagmaga çykan ony
Söwer ýarym Kümüşdi.

* * *

Durna geçer gaz bilen,
Enaýy owaz bilen,
Obamyň gözel gyzy
Köýdürdi-le näz bilen.

* * *

Düýede burundyryk[1],
Dulda unly kendirik,
Getirdi ýarym maňa
Desse şeker çiňňirik[2].

* * *

Dürleri dilim seçdi,
Bir desse gülüm düşdi,
Zer galpagyn tasadyp
Şeýda bilbilim geçdi.

* * *

Düşýärsiň üme-çüme,
Ýaşyň bardy bir çene,
Ýarym beren wadaňy
Şu wagt öwür çyna.

* * *

Düýeler hatar-hatar,
Owsary[3] suwa batar,

[1] Burundyryk – nogta dakmak üçin düýäniň burnuny deşip ildirilýän agaç.
[2] Çiňrik – gant almak üçin ekilýän ösümlik.
[3] Owsar – düýäniň kellesine salynýan demir dişli nogta.

A gyz, seniň adaglyň
Kümüş bilezik satar.

**– E –**

Eden işi bir geňsi,
Mydam dokaýar eňsi[1],
Seniň ýaryň dälmi şol
Gyz, seň bolşuň neneňsi?

* * *

Edenim ejap boldy,
Ýüregim kebap boldy,
Men-ä saňa barjakdym
Duşmanlar sebäp boldy.

* * *

Eýesin bilen ýagşy,
Habaryn alan ýagşy,
Ýaglyk iberen oglan
Bar bu gün göz-guwanjyň.

* * *

Ezizim bar, gözüm bar,
Inçeden owazym bar,
Gaýradan gelýän atlyň
Öň serdary biziň ýar.

[1] Eňsi – sowuk girmezlik üçin öýüň gapysyna tutulýan gölsüz kiçiräk haly.

* * *

Ekin ekdim dümeden[1],
Bir ýar söýdüm ümeden[2],
Meniň göwnüm ynjalmaz
Doganlar bu nämeden?

* * *

Ekin ekdim garabaş,
Akbaş bilen aralaş,
Seniň oglan ýaryň bar
Orta boýly galam gaş.

* * *

Ekin ekdim darydan,
Içmek tikdim deriden,
On iki süňňüm ereden
Gelip dur-la, ýeňňe jan!

* * *

El buladym içerden,
Sen gelmediň daşardan,
Utansam-da näz bilen
Tutaýjakdym goşardan.

---

[1] Düme – ýagyş suwuna ekilýän ekin.
[2] Üme – tiz gutarmak maksady bilen aýal-gyzlaryň üýşüp, kömek hökmünde biri-birine edip berýän el işleri (tikin tikmek, keçe etmek, haly dokamak we ş.m.).

* * *

El degirme tarama[1],
Duz dökmegin, ýarama,
Dagy ýüzüň görmerin
Kowalaşsaň harama.

* * *

El ýetirme genjime[2],
Git-de, çöple jümjüme,
Gaýratyňy göreris
Iş ýetende çyn-çyna.

* * *

Ele aldym keseri,
Gördüm erbet, ýeseri,
Ürküzdiler, kowdular
Başyma gonan sary.

* * *

Elim-ýüzüm ýagladym,
Ýara bilim bagladym,
Ýarym göwnüm almasa
Irden turup agladym[3].

---

[1] Tara – ýüpek, nah mata dokamak üçin ulanylýan dokmaçylyk senetiniň ýönekeý guraly.
[2] Genç — hazyna, baýlyk, mülk.
[3] Şu bendiň:
Elim-ýüzüm ýagladym,
Ýada bilim bagladym,
Ýat göwnüme degende,
Yzym ýatlap agladym – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Elim elwan gamçysy,
Gözüm ýaryň sawçysy,
«Gelerin» diýp gelmedi
Ýigidiň ýalançysy.

* * *

Elimde alma narym,
Ýanymda söwer ýarym,
Dünýäde bir armanym
Wepaly bolsun ýarym.

* * *

Enem-atam duýdular,
Başym görgä goýdular,
Men-ä bir boz maýadym
Diriligme soýdular.

* * *

Ertir irden turduňmy,
Ýara gujak gerdiňmi,
Bir ýassyk, bir düşekde
Dynjyň alyp turduňmy?

* * *

Etmegin hynny-mynny,
Seni äkitjek indi,
Al, bukjaňy ugraly
Il ýatyp, çyra söndi.

* * *

Et çapdym, men, et çapdym,
Tamdyra somsa ýapdym,

Ýaryň beren ýüzügin
Ýitirip ýene tapdym.

*** 

Etrek, Gürgen çalt akar,
Çargadyňy ýel kakar,
Obanyň näzli gyzy
Goç ýigide at dakar.

**– G –**

Gawunymyz bişipdir,
Üstünden ýol düşüpdir,
Agam ogly, eý, ýigit
Yşgym saňa düşüpdir.

*** 

Gawunda bar kekene[1],
Düze çykdy çekene[2],
Agam gyzy Mamagül
Berilýärsiň çykana.

*** 

Gaýra çykaly ýarym,
Gülüp bakaly ýarym,
Bu gün sähet bolmasa
Saba çykaly ýarym.

---

[1] Kekene – gawun pazylyna düşýän we oňa zyýan beriji kiçijik möjejik.
[2] Çekene – aýry-aýry hojalygyň birdir-ikidir dowarynyň toplanylyp bakylýan sürüsi.

* * *

Gaýrada bir dalan bar,
Içinde jan alan bar,
Güýmemäň söwer ýary
Gözi ýolda galan bar.

* * *

Gaýradan-a, gaýradan,
Lal dilimi saýradan,
Ýat illere satylyp
Ýandym ili aýradan.

* * *

Gaýra-gaýraly göwnüm,
Peýkam ýaraly göwnüm,
Gülüp-oýnap, şat bolmaz
Ýardan kineli göwnüm.

* * *

Gaýraky depäň dagy daş,
Pürli pudakly agaç,
Hem käkilik, hem turaç
Janym alan oglan Täç.

* * *

Gaýradan gelen oglan,
Saralyp solan oglan,
Bir habary bar bizlik
Diýebilmez, «lal» oglan.

* * *

«Gapyda durma» diýdim,
«Boýnuňy burma» diýdim,

Kagyz ýazyp iberdim
«Bir sagat durma» diýdim.

* * *

Gapymyzda kölege,
Gözüm düşdi elege,
Üzüp alsyn giýew han
Gyz berilmez dilege.

* * *

Gara at geldi garşyma,
Döwlet geldi başyma,
«Käbe» diýip ugradym
Gelip gondy gaşyma.

* * *

Gara aty baglarlar,
Jigerimi daglarlar,
Bedewiň saýasynda
Ýorgany-da baglarlar.

* * *

Gara galam gaşly ýar,
Düzüm hünji dişli ýar,
Galdyr ýüzüň göreli
Hemmelerden işli ýar.

* * *

Gara guş-a, gara guş,
Sen asmandan ýere düş,
Iýseň sen çarlaklary
Ojar oda ýan-da, biş.

* * *

Gara saçy mar[1] ýarym,
Telleri tar-tar ýarym,
«Geler» diýip ýoluňda
Gözüm intizar ýarym.

* * *

Gara ädikli saňa gurban,
Gel, derdime bol derman,
Äkit meni özüň bilen
Örtendim seni görmän.

* * *

Garagumyň gandymy,
Ýar ýüregiň ýandymy?
Il ýatanda gelmediň
Näme başyň bendimi?

* * *

Garaköle geldim men,
Düz meýdanda boldum men,
Ýar öýünden çykanda
Saralyp hem soldum men.

* * *

Garaşdym men, garaşdym,
Ýar saçyny daraşdym,
Dalaşdyk öýkeledi
Soň oňşup, ýaraşdym.

[1] Mar – ýylan. Bu ýerde ýylan ýaly uzyn saç manysynda.

* * *

Garlawaç gaýyp uçar,
Ganatyn ýaýyp uçar,
Şum pelegiň elinden
Kimiň ýaryn kim guçar.

* * *

Garga iýer ekini,
Gyzlar tiker tikini,
Meň bagrymy ýandyrdy
Şol oglanyň ýalkymy.

* * *

Garşyňyzdan bakar men,
Ballar bolup akar men,
Saçym çille ýüpegi
Dutaryňa dakar men.

* * *

Garşyda goşa çynar,
Ýapragyň düşe, çynar,
Saýa salyp üstüme
Köp ýyllap ýaşa, çynar.

* * *

Gatlak-gatlak gara dag,
Gatlagynda ýarym bar,
Agaç uzyn, elim gysga
Dal pudakda narym bar.

* * *

Gaýa başynda duraram,
Düýbüne duzak guraram,

Söwer ýaryň derdinden
Kime dada bararam.

* * *

Gaýalar gaňragynda,
Hyna ýar barmagynda,
Didäm bir gyz söýüpdir
Nowçalar oýnagynda.

* * *

Gaýalar-a gaýalar,
Gaýada guş saýalar,
Ýagşy ýigdiň ömrüni
Ýaman hatyn zaýalar.

* * *

Geldi ýene Nowruzlar,
Seýle çykypdyr gyzlar,
Ýaryň gyýa bakyşy
Ýürek-bagrymy duzlar.

* * *

Gelin-gyzlar üýşübän,
Atyşalyň monjugy.
Ýaryn gören dakynsyn
Dagdan bilen gönjügi[1].

* * *

Geliň, gyzlar oýnalyň,
Gyrmyzy gülde ýaýnalyň,

[1] Gönjük – aýallaryň dakynýan ujy şelpeli bezeg şaýy.

Derek boýly ýigitleri
Alma atyp saýlalyň.

* * *

Geliň gyzlar, üýşeliň,
Bagtymyz synaşalyň,
Ol barýan ýigit kim-ä
Ýagşy, ýaman gülşeliň.

* * *

Geleweri, jan Sona,
Sözüm bar, meniň saňa,
Yşkyňda ýanyp-bişýän
Mähriňi inder maňa.

* * *

Giýewdir oba gelen,
Diýmäň sözüme ýalan,
Gelip ele düşäýse
Salarys, eşek palan.

* * *

Gijeler oýanaryn,
Sag gola söýenerin,
Gözläp seni tapmasam
Ýylan dek towlanaryn.

* * *

Gijeler oýnaşaly,
Çemende ýaýnaşaly,
Gije ogrynça gelen
Ýar bilen dalaşaly.

* * *

Gitdi ýar, eglendi ýar,
Agaja baglandy ýar,
Bäş güni wada berip
On bäş gün eglendi ýar.

* * *

Goýnuny bakar gider,
Sykylyk çeker gider,
Her hepdede gelmese
Gözýaşym akar gider.

* * *

Gor[1] küýzede galdyrym,
Çyzgalgydyr baldyrym,
Ýör, gideli ezilme
Ýarym, çakýar ýyldyrym.

* * *

Goşy maýaly, nerli,
Bedewi ganat-perli,
Girsem şo ýar goýnuna
Bolsam gerek heserli.

* * *

Gözenekde ýatan oglan,
Köýnegi keten oglan,
Bir gyza aşyk bolup
Dünýeden öten oglan.

---

[1] Gor – agaranly düýe çalynyň küýzedäki galyndysy; düýe süýdünden çal tutmak üçin gerek bolýan gönezlik.

* * *

Gözenekden bakma, oglan,
Gözüň, gaşyň kakma oglan,
O gyz saňa berilmez
Ýürejigiň ýakma, oglan.

* * *

Gözenekden bakyşaly,
Göz-gaşy kakyşaly,
Eger nesip bolmasa
Kyýamat okaşaly[1].

* * *

Gözel gyz-a otyrmyş,
Itleri-de ýatyrmyş,
Aşyk oglan gizlenip
Sowgat, serpaý getirmiş.

* * *

Gözüm düşdi erkeje,
Käse saldym serkeje[2],
Gitdi ýarym ugratdym
Gezelenje Arkaja.

* * *

Gök kepderi geleýdi,
Boýny ýere gaňrylyp,
Men niçik takat kylaý
Näzli ýardan aýrylyp.

---

[1] Kyýamat okaşmak – “kyýamatlyk dogan okaşaly” diýen manyda.
[2] Serkeç – käse salynýan gaýyş gap.

* * *

Gökjeden[1] uçan guşlar,
Gör, nirde gonup gyşlar,
Ýar bizden köňlün üzüp
Gör, nirde köňlün hoşlar.

* * *

Gulaklary hünjüli,
Durma beýle ünjüli,
Gel, gowurga iýeli
Içi kişmiş, künjüli.

* * *

Guzynyň agyna bak,
Boýnunyň bagyna bak,
Meni göresiň gelse
Bagyryň[2] ýoluna bak!

* * *

Guramadyr[3] ýassygyň,
Gurhana gol basdygyň,
Gurhany niçik basdyň
Şumy maňa dostlugyň?

* * *

Gurbanam on barmaga,
Gitdi ýar suw almaga,

---

[1] Gökje – Aşgabadyň golaýyndaky obanyň ady.
[2] Bagyr – Ruhabat etrabyndaky bir obanyň ady.
[3] Gurama – bölejik matalary birleşdirip tikilýän ýorgan, ýassyk, düşekçe daşy.

Jübüsi doly pisseden
Utanar men almaga.

* * *

Guşum goýberdim gotana[1],
Ýar geldi utana-utana,
Ak ýüzde ýaşmak tutana
Galdym ýalbara-ýalbara.

* * *

Gülgünedir köýnegim,
Gardan akdyr bilegim,
Aýralygyň derdinden
Ýanykdyr-la ýüregim[2].

* * *

Gül oglan-a, gül oglan,
Ýar görende gül oglan,
Şu gijede gelmeseň
Ýaryň gitdi bil oglan!

* * *

Gül üstünde kebelek,
Ýaglygyň menek-menek,

---

[1] Gotan – holtumly, uzyn çüňkli ,suwly ýerlerde ýaşaýan uly ak guş.
[2] Şu bendiň:
Gülgünedir köýnegim,
Gülden akdyr bilegim,
Ýar üstüne ýar gelse,
Ýarylmazmy ýüregim – diýen nusgasy-da bar.

Men-ä arzuw edýärdim
Goýmady gahba pelek.

* * *

Güllerim gunçalandy,
Billerim inçelendi,
Eden wadamyz hany?
Ýyldyzlar gijelendi!

* * *

Gülleriň mahalydyr,
Nowruzyň baharydyr,
Gyz-oglan bir-birini
Seçmeli mahalydyr.

* * *

Günortadyr, çogludyr,
Gyzlar öýde baglydyr,
Her ýyl Nowruz gijesi
Ýar ýaryna baglydyr.

* * *

Gündogaryň ygy bilen,
Şemal öwser çygy bilen,
Şol oglan kän äňedýär
Gözüniň gyýgy bilen[1].

---

[1] Şu bendiň:

Daň säheriň çagy bilen,
Janym aldy tygy bilen,
Şol oglan köp seredýär,
Gözüniň gyýgy bilen – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Gyz-oglan topar-topar,
Ýazda bir-birin tapar,
Ýaryma duşabilmän
Haçan gözýaşym kepär.

* * *

Gyz açylsa gyzyl gül,
Oglan bir saýrak bilbil,
Iki aşyk tapyşsa
Göýäki gyrmyzy gül.

* * *

«Gyz oglan» diýip lälezar,
Elmydama bahar-ýaz,
Gülünden aýra düşüp
Uçup gitmez guba gaz.

* * *

Gyz oglansyz gezäýmez,
Jan aşyga dözäýmez,
Ýaşylbaş höwri galsa
Sona uçup geläýmez.

* * *

Gyzlar oýnar gel-gel-ä,
Ak ýüzleri hal-hal-a,
Lebim suwun tut oglan
Akyp barýan bal, ýal-a.

* * *

Gyzlar, monjuk atalyň,
Jany jana gatalyň,

Aşyk bilen magşugy
Biri-birine çatalyň.

* * *

Gyzyl gül gönderen ýar,
Ýüregim ýandyran ýar,
Rakyp sözüne gidip
Bizden ýüz dönderen ýar.

* * *

Gyrmyzy donuň gatbar-gat,
Birin geý-de, birin sat,
Öz öýmüze gelmeseň
Goňşymyza gelip ýat.

* * *

Gyrmyzy donuň biçeýin,
Üstüne teňňe seçeýin,
Atam-enem görmänkä
Ogryn saňa gaçaýyn.

* * *

Gyrmyzy jüpbäm[1] dyzymdan,
Doýmadym gül ýüzüňden,
Gaýraky obaň ýigidi
Seredip galdy yzymdan.

* * *

Gyrmyzy köýnek geýipsiň,
Teläre söýenipsiň,

[1] Jüpbe — giň we uzyn tikilen don, halat.

Ahy-zaryň men çekýän
Sen näme saralypsyň?

*****

* * *

Gyýa-gyýa bakar men,
Gülýakamy dakar men,
Gülümjiräp bir baksam
Oglan, seni ýakar men.

* * *

Gädik üstünde gädik,
Aýagynda sagry[1] ädik,
Ýagşy ýigdiň ömrüni
Biz Alladan diledik.

**– H –**

Haý ýigid-ä, haý ýigit,
Tamdyraly şa ýigit,
Aty altyn jylawly,
Sözi ýiti, gylawly.

* * *

Haý-haý, oglan, haý oglan,
Münen atyň taý oglan,
Gelin alýarlar saňa
Gapyňyzda toý oglan.

[1] Sagry – käbir malyň (atyň, eşegiň we ş.m.) bilinden guýrugyna çenli bolan aralyk bilinden yzky tarapy; Sagry ädik – mal hamynyň sagrysyndan tikilen ädik.

* * *

Hassa janym şypasy,
Bolaýyn men pidasy,
Degmäň, myhman oglana
Bolar il kethudasy.

* * *

Hemme işiň sakasy,
Daraýy don ýakasy,
Haçan geler, boýdaşlar
Şu oglanyň kakasy.

* * *

Her gün saňa bakar men,
Ballar bolup akar men,
Saçym çille ýüpegi
Dutaryna dakar men.

* * *

Her ne günäsi bolsa,
Atam-enem boýuna,
Atam-enem salmady
Goç ýigidiň goýnuna.

* * *

Her närsäniň örki bar,
Gara ýeriň berki bar,
Ýaryň ýoly saklawly
Görülmedik gorky bar.

* * *

Hudaý meni guş etse,
Ganatym kümüş etse,
Ýatsam-tursam dilegim
Söýenime duş etse.

**– I –**

Igim meniň pyrlanar,
Sapak ýygnap terlener,
Mata satyp, mal alsam
Goýun-guzym sürlener.

* * *

Iki öýmüziň arasy,
Ak telpegiň buýrasy,
Başyňa döneýin enesi
Azat eýle ogluňy.

* * *

Ikindiden, öýleden,
Gözüm gitmez şeýleden,
Agaç atly, ak ýelken
Şoldur meni Leýli eden.

* * *

Il gelýär-ä, il gelýär,
Ýagyş ýagyp, sil gelýär,
Sekiz gün wada berdiň
Aý yzyna ýyl gelýär.

* * *

Ilerde bir Aý bar,
Ujy gyzyl ýaý bar,
Şol ýaryň gujagynda
Söwer ýara jaý bar.

* * *

Ilerde ot yşygy,
Bizem didar aşygy,
Pygamberler kesgidi
Öldürmezler aşygy.

* * *

Ilerden gara geldi,
Ýüregim para geldi,
Boýy boýuma gurban
Derdime çäre geldi.

* * *

Ilerdäki ýeke agaç,
Ýeke agaja garap gaç,
Gara gözüm ýaş ýigit
Ýara tarap şöhle saç.

* * *

Ilerimiz mesene[1],
Meseneden insene,
Içim ýakan ak telpek
Sen bäriňe dönsene!

---

[1] Mesene – degirmen suwuny batly indermek üçin beýgeldilen ýap.

* * *

Ilerimiz bozagan,
Itler oňa çozagan,
Aýajygy paşmaksyz
Agyzy bar ýaşmaksyz.

* * *

Ilerimiz sözen ýar,
Gara bagrym ezen ýar,
Rakyplara göz edip
Sallanjyrap gezen ýar.

* * *

Inip geldim obadan,
Öldüm gan aglamadan,
Tutda ýaprak galmady
Ýarama baglamadan.

* * *

Inip geldim dagyňdan,
Bir gül ýoldum bagyňdan,
Suwsasam suw bermezmiň
Gyrmyzy ýaňagyňdan.

* * *

Inip geldim inişden,
Üzeňňisi kümüşden,
Dadyrsana, eý, oglan
Jübüňdäki iýmişden.

* * *

Inişden inişiňden,
Ýar bize dönüşiňden,
Alma-nar alyp gelip
Derdime ýanyşyňdan.

* * *

Işikde türpe gelin,
Öýmäňi sürpe gelin,
Dört gözeliň içinde
Söwdügim körpe gelin.

**– J –**

Jana janym, jan oglan,
Bak, bäriňe han oglan,
Gelsene biziň baga
Alma-nary kän oglan.

**– K –**

Kakdyr oglan nalyňy,
Seýisle sakar alyňy,
Şu gün ýaryň al-da gaç
Geçirdiler malyny.

* * *

Kelte ýylgynyň içi,
Boýum parçadan kiçi,
Kiçi bolsa, ne kiçi
Goýnum jennetiň içi.

* * *

Keteni geýdim şaýlandym,
Güle bardym küýlendim,
Deň-duş oglan, gel bäri
Dertleşmegi oýlandym.

* * *

Keçe oýluk[1] egninde,
Egri taýak çigninde,
Sürä gider ýaş çopan
Agşam säher serginde.

* * *

Kişmişem-ä, kişmişem,
Örtenmişem, bişmişem,
Garyp atam göwni üçin
Ýat illere düşmüşem.

* * *

Kölegede ýatmagyn,
Gupbam ýere atmagyn,
«Börüklije gyz» diýip
Oglan, bir söz gatmagyn.

* * *

Kölgede ýatan oglan,
Köýnegi keten oglan,

[1] Oýluk – sowukdan goranmak üçin egne atylýan, keçeden tikilen ýeňsiz geýim, ýapynja.

Bir gyza başlyk[1] tapman
Gaýgydan öten oglan[2].

* * *

Köýnegi galbiriden[3],
Haraý öli, diriden,
Galyň alyp satarlar
Aýryp ol birinden.

* * *

Köýnek ýuwdum sermedim,
Ýarym geçdi görmedim,
Kesilmiş gyzyl dilim
«Alla ýaryň» diýmedim.

* * *

Kölleriň ak gunduzy,
Aý ýanynyň ýyldyzy,
Çyk, öýden ýaryň gelýär
Söýgüli gelin baldyzy.

* * *

Köňlümiz bire goýsak,
Duşmana dogry dursak,

---

[1] Başlyk – durmuşa çykýan gyzyň kellesine örtülýän örtgi.
[2] Şu bendiň:

Kölgede ýatan oglan,
Köýnegi keten oglan,
Tur, ýaryň apardylar,
Bihabar ýatan oglan – diýen nusgasy-da bar.

[3] Galbiri – aýal geýimi üçin dokalýan ýarym ýüpek şagla dokalan mata.

Zülpüň şemala berip
Lebiňden posa alsak.

* * *

Köşegim höre-höre,
Joram satylýar köre,
Ýary gelip äkitsin
Daşy hossarly ýere.

* * *

Küleçe[1] mawut ýelbegeý[2],
Gyrasy ýere degmegeý,
Menden özge ýar söýseň
Gözüň meni görmegeý.

* * *

Küleçe mawut biçdim ýar,
Şirin-şerbet içdim ýar,
Gyşyny gyşladym ýar
Ýazda aýra düşdüm ýar.

* * *

Küleçäni kim biçdi,
Boýundan uzyn biçdi,
Gyşyna gyşlanan ýar
Ýazyna aýra düşdi.

[1] Küleçe – ýüň matadan ýa-da mahmaldan tikilen daşky aýal geýimi.
[2] Ýelbegeý – doly geýilmän egne atylan ýa-da kellä bürelen geýim.

* * *

Käşgä küji[1] bolsadym,
Küjiň ujy bolsadym,
Ýar sapara gidende
Guşak ujy bolsadym[2].

**– L –**

Leklekini[3] getiriň,
Etrekden ötüriň,
Öldüm, öldüm diýemde
Şol oglana ýetiriň.

* * *

Lukmandan lukma alan,
Janyny oda salan,
Bararyma howlugyp
Özi yzymdan gelen.

* * *

Läle adyň Gyrmyzy,
Saçyň derýa gunduzy,
Ýaryň gözi sendedir
Patrap duran ýyldyzy.

---

[1] Küji – dokma dokalanda erşini birin-birin ýokary dartdyryp goýulýan desga.

[2] Şu bendiň:

Käşgä belent olsadym,
Daragta bent olsadym,
Ýar sapara gidende,
Jübüsinde gant olsadym – diýen nusgasy-da bar.

[3] Lekleki – ýüpegi, ýüplügi saramak, keleplemek üçin ulanylýan ýönekeý el guraly.

## – M –

Mawy donuň tary inçe,
Gel, ýanyma doýynçam.
Wada berip gelmeseň
Men durar men gelinçäň.

* * *

Mawy donuň ýakaly,
Bir gül saldym şahaly,
Ýaryň eliňden gitdi
Tur, yzyňdan bakaly.

* * *

Mawut donuň bar eken,
Ýeňi-ýany dar eken,
Ogryn-ogryn bakyşyň
Bizde göwnüň bar eken.

* * *

Mawut donuň Çyn-çyny,
Öpsem agzyň içini,
Gije gel-de, gündiz git
Oglanlaryň laçyny.

* * *

Meýdanyň ak selmesi,
Kyn boldy-la, gelmesi,
Janym alýar şol gyzyň
Gaşyn kakyp gülmesi.

* * *

Men gideýin ilime,
Kemer dakyp bilime,
Alty aýdan gelmesem
Çykyň meniň ýoluma.

* * *

Men ölsem adym ýiter,
Üstüme gök ot biter,
Bile gezen deň-duşlam
Ýanymdan aglap öter.

* * *

Meniň joram bagda gezer,
Ýakasyna düwme düzer,
Gyz-oglan bir-birine
Gaşyn kakyp, gözün süzer.

* * *

Meniň joram ak gyran,
Ony görenler haýran,
Ak ýüzünde gara gaş
Aşyklara jan beren.

* * *

Meniň joram Güljedir,
Biljagazy inçedir,
Billerin gören ýigit
Jandan geçip geljekdir.

* * *

Meniň ýarym at çapar,
Saýlanar abraý tapar,

Bedew atyn bezesem
Toýlarda owlak gapar[1].

* * *

Meniň ýarym bagşydyr,
Il içinde ýagşydyr,
Il bezenip toý etse
Ýarym onuň nagşydyr.

* * *

Meniň ýarym syratly,
Gyrmyz donly, Gyratly,
Altyngabak atany
Äriň baryp ýatany.

* * *

Molla oglan dalbendim,
Şoldur meniň bilbendim,
Ýüzüme gülüp baksa
Depeden aşak indim.

* * *

Monjuk atdym ýaryma,
Tiz ýetişsin ýanyma,
Sowgadyndan şypa ýok
Özi gelsin ýanyma.

---

[1] Owlakgapdy – birnäçe atly bolup, at çapyşykda bitinligine bişirilen owlagy bir-birine oklap, gapyp, saýlanyp öňe çykmak. Iň soňunda kimiň elinde owlak bolsa, şol tarap ýeňiji hasaplanylýar.

* * *

Monjuk atyň, biz geldik,
Bir ýigdi myhman aldyk,
Ýeňňem eneme aýtdy
Derdi-belaga galdyk.

* * *

Monjukdan üzüleýin,
Merjene düzüleýin,
Jandan söýen söwer ýar
Men saňa ýazylaýyn.

* * *

Mündüm beýik belende,
Guwandym ýar gelende,
Golum ýaryň ýassygy
Goýbermezler gelende.

* * *

Münüp sürdüm men maýa,
Ýetişdim ajap jaýa,
Gözel gördüm ýüzleri
Meňzäp dur dolan aýa.

* * *

Myradym Alla berse,
Sözüm ýara ýetirse,
Gelip meni göterip
Öz ilime ýetirse.

* * *

Mälärin guzy kimin,
Derýa gunduzy kimin,

Seni göwnüm küýseýär
Säher ýyldyzy kimin.

**– N –**

Nardan[1] üstünde nardan,
Täleýim ýok şu ýardan,
Sen bir algyr guş bolsaň
Çykarardyň şu zardan.

*** * ***

Nowruz geldi bu gije,
Gyzlar atyşar bije[2],
Kimiň bijesi çyksa
Baýragy horaz jüýje.

*** * ***

Nowruz geldi ilime,
Hoş söz geldi dilime,
Onuň waspyň edeýin
Dutar alyp elime.

*** * ***

Nowruz geldi ilime,
Meňzäp halyň gölüne,
Topragmyza bereket
Rysgal iýndi duluma.

---

[1] Nardan – merdiwan.
[2] Bije – bir jedeli çözmek, bir zadyň gezegini, düzgünini, tertibini, hukugyny kesgitlemek üçin çekilýän belgili çöp.

* * *

Nowruz geldi ilime,
Gül düşedi ýoluma,
Al-ýaşyl begres örtüp
Sagym bilen soluma.

* * *

Nowruz geldi ilime,
Bakdym atyz-çilime,
Dürli ot-çöp parç[1] bolup
Ryskyn berdi malyma.

* * *

Nowruz geldi ilime,
Kuwwat berip bilime,
Ýagmyr ýagyp topragma
Sil goşuldy silime.

* * *

Nowruz geldi ilime,
Sähram, dagym, düzüme,
Baharyň nagmaçysy
Bilbil gondy gülüme.

* * *

Nowruz geldi, ýaz geldi,
Garga geldi, gaz geldi,
Oturan adamlara
Bilbilden owaz geldi.

---

[1] Parç – boý almak, pajarlamak.

* * *

Nowruzyň baharydyr,
Gülleriň mahalydyr,
Gyz-oglanlar seçilip
Tapyşar mahalydyr.

* * *

Näzenin sandygym ýar,
Boýuňa guwandygym ýar,
On sekiz ýaşdan bäri
Oduňa ýandygym ýar.

* * *

Näme barka şäherde,
Gitdi ýary säherde,
Söýgülsine garaşyp
Otyr öýde, Bahar-da.

**– O –**

Obamyz çöl düzdedir,
Ýaryň göwni bizdedir,
Ýar ýaglygyn ýitirse
Soramasyn bizdedir.

* * *

Owal aşyk bolmazlar,
Aşyk adyn almazlar,
Aşygyňa barmasaň
Bu dünýäde gezmezler.

* * *

Owaldan söýdüň meni,
Ne derde goýduň meni,
«Ýüpege çyrmajak» diýp
Hary-zar etdiň meni.

* * *

Oglan atyň keýerdi,
Ýapyşanyň eýerdi,
Söýgüliňi aldyrman
Ejeň ýatdan öýerdi.

* * *

Oglan-uşakly ýarym,
Ýorgan-düşekli ýarym,
Ýazlamaga çykanda
Torum-köşekli ýarym[1].

* * *

Oglan sen-ä mylaýym,
Golum saňa bulaýyn,
Çagyramda gelmeseň
Ahym tutsun ylaýym!

* * *

Oglan gyza baglydyr,
Gyz ýarsyz nä çaglydyr,

---

[1] Şu bendiň: Oglan-uşakly ýarym,
Ýorgan-düşekli ýarym,
Üşäp ýanyna girsem,
Ýyly gujakly ýarym — diýen nusgasy-da bar.

Oglan gyzy tapmasa
Aglar ýürek daglydyr.

* * *

Oglan gyz ýaryn görse,
Delmirip boýnun bursa,
Bir çöllük ýerde görse
Oglan tutar, gyz dursa.

* * *

Oglan çykdy bagyndan,
Ýakdy gyzy dagyndan,
Suwsap bir suw içsedi
Gyrmyzy ýaňagyndan.

* * *

Owal aşna[1] bolmazlar,
Aşna hatyn almazlar,
Aşna ýara barmasaň
Ömür ýüzün görmezler.

* * *

Ol gyz näme aglaýar,
Ýürek-bagryn daglaýar,
Bukjasyny ýygnapdyr
Göwnün näme baglaýar?

* * *

Ol görünýän bäş atdyr,
Içim doly ataşdyr,

---

[1] Aşna — dost, gadyrdan.

Ýa Ýaradan, dilegim
Öz ýaryma sataşdyr!

** * **

Ot ýanar yşyk bolar,
Öýmüz ýanaşyk bolar,
Ak keçäniň üstünde
Günde dalaşyk bolar.

* * *

Oturan-turan ýerde,
Märeke guran ýerde,
Alnyňa ak gün dogsun
Ak öýe giren ýerde.

**– Ö –**

Öýe bardym kowdular,
Kümüş gupbam döwdüler,
Owal saňa barjakdym
Arman, satyp sowdular.

* * *

Öz öýmüziň güli men,
Gulply sandyk dili men,
Jandan eziz doganmyň
Gapysynyň guly men.

* * *

Öýleri garşymyzda,
Söwda bar başymyzda,

Ýar meni derde goýdy
On ýedi ýaşymyzda.

* * *

Ökde tüpeň atmaga,
Aty bardyr ýetmäge,
Jaýyň barmydyr seniň
Gitseň gaçyp atmaga.

* * *

Öň atlynyň öňünde,
Pälwan Rüstem deňinde,
Saz çalyp, aýdym aýdar
Adym bar her heňinde.

**– P –**

Pelwertliniň[1] taly bar,
Tallarynyň baly bar,
Meniň söýen ýarymyň
Ýaňagynyň haly bar.

* * *

Pilleri ellerinde,
Synlary billerinde,
Meniň ýarym suw tutar
Obanyň pellerinde.

[1] Pelwert – Lebap welaýatynyň Halaç etrabynda bir obanyň ady.

## – S –

Sallançagyň bagy men,
Süýdüň gaýmak ýagy men,
Obamda batyr ýigdiň
Göz garasy, agy men.

* * *

Sallanyp daş çykanda,
Sary köýnek sowsany,
Alkymyň aýa meňzär
Seň şöhläň ursun meni.

* * *

Sapaklar sökülende,
Ak alma dökülende,
Ýar ýara näzli bakar
Al ýaňak öpülende.

* * *

Sary gawun dilmedim,
Gelin bolup gülmedim,
Gyzlyk soltanlyk eken
Gadyryny bilmedim.

* * *

Saralyp solup gitdim,
Bigäne bolup gitdim,
Didaryň görebilmän
Derdiňden ölüp gitdim.

* * *

Sary gawun bişipdir,
Üstünden ýol düşüpdir,
Oglan, köp gelip gitme
Yşkym saňa düşüpdir.

* * *

Sary geýip sallanyp,
Begres[1] geýip bellenip,
Ýar yşkyňda däli men
Gezip ýörin ýellenip.

* * *

Sary ýüpek sozular,
Näzik göwnüm bozular,
«Geljek» diýip gelmese
Ýürek-bagrym eziler.

* * *

Sary içmegi geýen ýar,
Sallanyplar köýen ýar,
Ozal-a beýle däldiň
Meger, özge söýen bar.

* * *

Saçlaryň gara gandym[2],
Yşkyňda köýdüm ýandym,

[1] Begres – daşky geýim tikilýän ýüň mata.
[2] Gandym – Merkezi Aziýanyň gumluk ýerlerinde bitýän, inçeden uzyn kökli, bogun-bogun, tikenli agaç.

Bir Aý gördüm asmanda
Seniň gül ýüzüň sandym.

* * *

Semeniden[1] gelýärkäm,
Sary gawun dilýärkäm,
Ýagly tagam iýmedim
Munyň duzsuz diýmedim.

* * *

Semeniniň tagamy,
Ýedi aşa deň bolar,
Aýdyp bersem taryhyn
Bilmedige geň bolar.

* * *

Semawaryň sesinden,
Sesinden tüssesinden,
Ýara sowgat ibersem
Bazaryň pissesinden.

* * *

Sen keteni geýipsiň,
Alma-nardan doýupsyň,
Çopan ýigde seretmän
Mollaň oglun söýüpsiň.

---

[1] Semeni – baharda ýörite suw sepelenip, öýde gögerdilen bugdaýyň ak baldagy döwülip gaýnadylan tagam.

* * *

Sen gelýänçäň ýyl boljak,
Bakja bagyň kül boljak,
Dulda duran ak guşak
Bilbil bolup saýrajak.

* * *

Sende ýar-a, sende ýar,
El ýaglygyň mende ýar,
Jahany ýigit alsa
Iki gözüm sende ýar.

* * *

Sowgadyňa döneýin,
Suw başyna gonaýyn,
Suw başy derek-derek
Deregi maňa gerek.

* * *

Söwütler pudar-pudar,
Kölgesi durman gider,
Iliň ýary öýde bolsa
Meň ýarym gelmän gider.

* * *

Sözle sözüň seljerip,
Her zat diýme kilçerip,
Ýakmagyn içim-bagrym
Sönen odum ölçerip.

* * *

Suw akar kenar gider,
Şu janym ýanar gider,

Degmäň, gyzyň göwnüne
Myhmandyr gonar gider.

* * *

Suw geler ýollandyrar,
Bakjany güllendirer,
Gurban bolsam şol ýara
Dilsizi dillendirer.

* * *

Suw geler lüle-lüle,
Ýar geler güle-güle,
Elinde gülli ýaglyk
Galpagyn syla-syla.

* * *

Suw akar hünjüleýin,
Göwnüm narynjalaýyn,
Senden özgä ýar diýsem
Hanjarňa sanjylaýyn.

* * *

Suw akar syza-syza,
Suw başynda gor küýze,
Sowgady siziň bolsun
Ýary gönderiň bize.

* * *

Suw akar daşa deger,
Kirpigi gaşa deger,
Meniň bir näzli ýarym
Kowum-gardaşa deger.

* * *

Suw akar akmak bilen,
Gaýany ýykmak bilen,
Kesekiden ýar bolmaz
Keseden bakmak bilen.

* * *

Suwa gitdim saz bilen,
Topar-topar gyz bilen,
Elim bulap getirdim
Söwer ýary näz bilen.

* * *

Suwa gitdim monjukly,
Monjugym salpançakly,
Dur, başyňa döneýin
Daraýydan penjekli.

* * *

Suwa gitdim bildiler,
Suwda göwnüm aldylar,
Owal-a aşyk däldim
Aşyklyga saldylar.

* * *

Suwa gitdim küýzeli,
Küýzesi pöwrizeli[1],
Tur, boýuňa döneýin
Daraýy, ganawuzly.

[1] Pöwrize – ýaşyl reňkli gymmat baha daşyň ady.

* * *

Suwa gitdim küýzeli,
Gözlegim gara gözli,
Ozal-a jana-jandym
Indi göwnüm üzüldi.

* * *

Suwa gitdim güzere,
Suw tapmadym süzere,
Baryp aýdyň gözele
Basym gelsin güzere.

* * *

Süpürdim men tekjäni,
Ýygnadym goş bukjany,
Ýarym tüýdügin çalýar
Ýaňlandyryp bakjany.

* * *

Sygyr bakar padyman[1],
Tüýdük çalar şadyman,
Gyzlar aşyk çopana
Ynanýarmyň Aman han?

* * *

Sygyryp bukularyn,
Gujagňa dykylaryn,
Ýarym, saňa barmasam
Büdüräp ýykylaryn.

[1] Padyman – sygyr çopany.

## – Ş –

Şetdalynyň şänigi,
Beýle ajy bolarmy?
Gelmezek ýar gujagy
Baldan süýji bolarmy?

* * *

Şetdalynyň şänigi,
Gülnahalyň gämigi,
Ýarym at salyp tutar
Gaçakçyny dönügi.

* * *

Şirin janym öz obam,
Şundadyr Kybla, Käbäm,
Ýada gitmen ölsem-de
Birdir sözüm, ýok tobam.

* * *

Şirindir-ä, şirindir,
Bakja barym şirindir,
Sag bolsun atam-enem
Söýen ýarym şirindir.

## – T –

Tam üstünde tamymyz,
Goşadyr eýwanymyz,
Sen ondan çyk, men mundan
Galmasyn armanymyz.

* * *

Tam üstünde gezen ýar,
Gara bagrym ezen ýar,
“Göriplik ýok” diýseler
Begres geýip gezen ýar.

* * *

Tamda goşa penjire,
Gözüm düşdi injire,
Sagatbagyňy çalyş
Altyn-kümüş zynjyra.

* * *

Tamdyrasy kümüşdi,
Çal, ýigit, dünýä geçdi,
Bu gyz seniň yşkyňda
Ýandy, örtendi, bişdi.

* * *

Tamdyranyň tary bar,
Ol oglanyň ary bar,
Daşy goragly ýerde
Zülpi towly ýary bar.

* * *

Tana, aljak awuňy,
Iberme sen sawuňy[1],
Zat ýok ýerden kilçerip
Ýaýratmagyn çawuňy.

---

[1] Saw – habar.

* * *

Tapyşsa onda-munda,
Lebleri hende[1], hende,
Ýar bilen bagda duşsak
Ýaz bolar günde-günde.

* * *

Tokurtgadan[2] suw öter,
Sesi menzile ýeter,
Ýar ýaryndan aýrylsa
Bolar ölümden beter.

* * *

Töweregmiz gök baglyk,
Başymda öýme ýaglyk,
Gündizine gelersiň
Duman bolanda daglyk.

* * *

Tudanamyz bişipdir,
Üstünden ýol düşüpdir,
Oglan daşdan gözleme
Yşkyň maňa düşüpdir.

* * *

Tur oglan, hurma oglan,
Boýnuňy burma oglan,

[1] Hende – gülmek, ýylgyrmak.
[2] Tokurtga – pele, atyza suw goýbermek üçin ýabyň boýunda ýörite goýulýan turba.

Syrymyz äşgär bolar
Köçede durma oglan.

* * *

Tut başynda tudana,
Gurban ýüpek tutana,
Ýüpek geýimin geýip
Ýar goýnunda ýatana.

* * *

Tut başynda tudana,
Höwür bolsun gidene,
Ne salam bar, ne sowgat
Ýaryn taşlap gidene.

* * *

Tutan keýgi pil ýaly,
Münen aty ýel ýaly,
A gyz, seniň adaglyň
Boýny edil gyl ýaly.

**– U –**

Ugradym geldim Deşte[1],
Tarypyň eşde-eşde,
At derledip geldim men
Jogap ber söze, düş-de.

* * *

Uzakdan gözlär meni,
Sözünde sözlär meni,

[1] Deşt – Ahal welaýatynyň Baharly etrabynda bir obanyň ady.

Egni tar-tar gulpakly
Goýnunda gizlär meni.

* * *

Uzyn-uzyn jülgeler,
Düýbi salkyn kölgeler,
Gel, ikimiz gezeli
Arman çeksin özgeler.

* * *

Uzyn kentden ses geler,
Çykyň, bakyň kim geler,
Gyzlar geler gaçarak
Altyn-kümüş seçeräk.

* * *

Uzyn-uzyn söwütler,
Gyrmyz donly ýigitler,
Ýüzüjegim ýitirdim
Sorag salyň, ýigitler.

**– Ü –**

Üzüm ýar-a, üzüm ýar,
Ekeremde[1] biziň ýar,
On atly seýle çyksa
Serkerdesi biziň ýar.

---

[1] Ekerem – Balkan welaýatynda bir obanyň ady.

## – W –

Wadamyza wagt ýetdi,
Ýyldyzlar ýaňy batdy,
Ýigit, näme howlukdyň?
Göripler ýaňy ýatdy.

## – Ý –

Ýer tapmadym gezere,
Söz tapmadym ýazara,
Baryp aýdyň ýaryma
Basym gelsin güzere.

* * *

Ýetmez hiç kim yzymdan,
Urmasalar dyzymdan,
Bile ölerin aýrylman
Saýlap söýen gyzymdan.

* * *

Ýokarda Ülker,
Telpegin silker,
Jana-jan ýarym
Gelmäge gorkar[1].

---

[1] Şu bendiň:
Ýokarda Ülker,
Telpegin silker,
Ol gyzyň ýary,
Gelmäge gorkar – diýen nusgasy-da bar.

* * *

Ýokarda ýyldyz,
Telpegi gunduz[1],
Jana-jan ýarym
Gelmesin gündiz.

* * *

Ýola çykdym daň bilen,
Kerwen geldi jaň bilen,
Ýarym ýolda durmagyn
Üstüň dolar çaň bilen.

## – Ý –

Ýagaryn ýagyş ýaly,
Titrärin gamyş ýaly,
Seni göwnüm isleýär
Bagdaky iýmiş ýaly.

* * *

Ýaglygymy dişledim,
Dört burçun kümüşledim,
Dogan gelse bermedim
Ýar geldi bagyşladym.

* * *

Ýaglyk ýuwsam açylar,
Seçekleri seçiler,

[1] Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan we balyk, leňňeç, gurbaga we ş.m. bilen iýmitlenýän gymmatbaha derili kiçijik haýwan.

Oglan ýary göremde
Ukuly gözüm açylar.

* * *

Ýagyn ýagdy köl boldy,
Dogabagym öl boldy,
Huşum ýara gidipdir
Derdim agyr hal boldy.

* * *

Ýagyş ýagyp suw akan,
Kimdir ol öýden çykan,
Göz süzüp gyýa garap
Şu janym oda ýakan.

* * *

Ýagaryn ýagyş ýaly,
Titrärin gamyş ýaly,
Seni göwnüm isleýär
Bagdaky iýmiş ýaly.

* * *

Ýaglygymy dişledim,
Dört burçun kümüşledim,
Dogan gelse bermedim
Ýar geldi bagyşladym.

* * *

Ýaglyk ýuwsam açylar,
Seçekleri seçiler,
Oglan ýary göremde
Ukuly gözüm açylar.

* * *

Ýagyn ýagdy köl boldy,
Dogabagym öl boldy,
Huşum ýara gidipdir
Derdim agyr hal boldy.

* * *

Ýagyş ýagyp suw akan,
Kimdir ol öýden çykan,
Göz süzüp gyýa garap
Şu janym oda ýakan.

* * *

Ýaz ýagyşy ýagdy geçdi,
Äleme suwun saçdy,
Esen oglan aýlanyp
Gyzlardan kimi seçdi?

* * *

Ýandym ýaryň yşkyna,
Düşdüm däli daşgyna,
Mündürdiler kejebä
Tirkediler guşguna[1].

* * *

Ýar göründi gözüme,
Ynanmazlar sözüme,
Nesibämi duş etsin
Şol oglanyň özüne.

---

[1] Guşgun — düýäniň howudynyň, eşegiň gaňňasynyň, atyň eýeriniň öňe süýşmezligi üçin guýrugynyň aşagyndan geçirilýän ýüp.

* * *

Ýar ýaryň otagynda,
Saýrar gül pudagynda,
Derlesin burçak-burçak
Ýar ýaryň gujagynda.

* * *

Ýar bolar ýar islegi,
Gije-gündiz gyssagy,
Iki köňül bir bolsa
Öz ýanynda gyssagy.

* * *

Ýarym geçdi köçeden,
Uzyn boýy inçeden,
Ýaryma bir don biçiň
Ýüpek mata, parçadan.

* * *

Ýary yzynda galan,
Enesi bagryn daglan,
Ýar ýada düşüp aglan
Açylan gül dek solan.

* * *

Ýarym maňa don doka,
Bir dokama, on doka,
Ýadygärlik getirin
Saňa altyn gülýaka.

* * *

Ýarym gitdi uzaga,
Goýdy meni duzaga,
Meniň söýgüli ýarym
Gitdi üç ýyl uzaga.

* * *

Ýarym atyň iými bar,
Aýagynyň simi bar,
Ýarym atyň bak, bejer
Şalyk bedew syny bar.

* * *

Ýaryň onda bikarar,
Gezer bagda intizar,
«Sen» diýp, ah urup aglar
Elmydama nala-zar.

* * *

Ýaryň ýaglygynda nar,
Bilmen, köňlünde ne bar,
Geler wagty gelmedi
Men bu ýerde intizar.

* * *

Ýaşyl donuň ter gördüm,
Dünýäden öter gördüm,
Agam ogluna barmagy
Ölümden beter gördüm.

* * *

Ýaşyryn bakyşaly,
Göz-gabak kakyşaly,
Pynhan ýerde duşuşyp
Derdimiz çekişeli.

* * *

Ýörüň, daga gideliň,
Dagdan baga gideliň,
Oglan ýary ýitirdik
Gözlemäge gideliň.

* * *

Ýüzüm tutdum agaja,
Soraň nedir şu gije,
Ejeňe şeý diýeýin
Goýber ogluň, şu gije.

* * *

Ýüzümiz haly halynça,
Keýpimiz il bilinçä,
Ile äşgär bolynça
Duşuşaly ölünçä.

* * *

Ýük üstünde haly bar,
Gölleriniň aly bar,
Gije gelen oglanyň
Göwnüniň hyýaly bar.

* * *

Ýük üstünde sandygym,
Sandyga söýendigim,
Ýat illeriň içinde
Haýp, meniň ýandygym.

* * *

Ýük üstünde jaýyň bar,
Sary ýagdan paýyň bar,
Özge gyza göz dikme
Munda gaşy ýaýyň bar.

* * *

Ýüregimde bir söz bar,
Aýdyp diýmäge men zar,
Meni bermäň ýat ile
Ýogsam, bolar dünýäm dar.

* * *

Ýyldyrymyň çakyşy,
Derýamyzyň akyşy,
Meni ýesir eýledi
Şol oglanyň bakyşy.

**– Z –**

Zer atynyň ýonasy,
Elde çörek honasy[1],

[1] Hona – türkmen hudaýýolusynda dograma edilende üstünde bişen et dogralan çörek bölegi.

Meýlishalar ýigitden
Doly myhmanhanasy.

* * *

Zülpüm şemala bermän,
Geldim köňlüňi burman,
Näme kasdyň bar mende
Goýduň janymda arman.

* * *

Zyýan ýetdi zehine,
Ýüregimde bar kine,
Aldady gaçdy gitdi
Ýarym meniň Mehine[1].

---

[1] Mehin(li) – Ahal welaýatynyň Kaka etrabyndaky bir obanyň ady.

# LÄLELER

## *Garaşsyzlyk döwrüniň läleleri*

### – A –

Agaç agaja bakar,
Arasyndan suw akar,
Eziz Türkmenbaşymyz
Halkyna gülüp bakar.

* * *

Agaçlar bar getirdi,
Guşlar habar getirdi,
Baky Bitaraplyga
Şu gün Alla ýetirdi.

* * *

Agaçlar güle geldi,
Bilbiller dile geldi,
Bitaraplyk, Garaşsyzlyk
Ikisi bile geldi.

* * *

Agzybirdir ilimiz,
Polatdan berk bilimiz,

«Türkmene haram ýokmaz»
Asly halal türkmen biz.

* * *

Agzybirdir ilimiz,
Şat saýraýar dilimiz,
Maşyn bilen işleýäs
Hasyllydyr pelimiz.

* * *

Agzybirlik seresi,
Şygar edip ýöresi,
Hak sylamyş Serdary
Gelýär hemmäň göresi.

* * *

Ajaýypdyr ýaşyl Tugum,
Türkmenbaşy arkadagym,
Baýlyklaryň mesgenidir
Genji-känim Köpetdagym.

* * *

Azat zähmet çekýäs biz,
«Ak altyny» ekýäs biz,
Ýaşasyn Türkmenbaşy
Diýip, läle kakýas biz.

* * *

Azat raýat atly biz,
Dagy ýykýan batly biz,
Seýilbagyň içinde
Dürli-dümen zatly biz.

* * *

Azat zähmet çekýäs biz,
Alyn dermiz döküäs biz,
Bol hasyly gazanyp,
Döşe nyşan dakýas biz.

* * *

Azat ömür sürýäs biz,
Öňe tarap barýas biz,
Agzybir halkym bilen
Altyn asyr gurýas biz.

* * *

Aý aýdyňdyr ýagtydyr,
Gyzlar oýnar wagtydyr,
Bu döwranlar Serdaryň
Bize beren bagtydyr.

* * *

«Aý dogupdyr» diýdiler,
«Aýlanypdyr» diýdiler,
Altyn öwsüp Ýanardag
«Saýlanypdyr» diýdiler.

* * *

Aý aýagy halkaly,
Ezelinden arkaly,
Eziz dogan Aman jan
Bu gün bolduň arkaly.

* * *

Aýdyň biziň ýolumyz,
Azat erkin illi biz,

Türkmenbaşyň saýasynda
Dynç ýaşaýar ilimiz.

* * *

Aýlan, maşynym aýlan,
Galla oragna şaýlan,
Garaşsyz boldy ülkäm
Ýaryşda öňe saýlan.

* * *

Aýlanaýyn aklyňa,
Wepaly bol halkyňa,
Özgäni haýran eder
Münse didäm atyna.

* * *

Ak jaýlary salalyň,
Üstüne mermer aýlalyň,
Halkyň halan raýatyn
Wekillige saýlalyň.

* * *

Ak mermere bürenen,
Altyn gupbaly bankym.
Ýaşyl Baýdagym bilen
Saçýar şähere ýalkym.

* * *

Ak ýollary guralyň,
Azat-erkin ýöräliň,
Garaşsyzlyk döwründe
Ýaýnap döwran süreliň.

* * *

Alnymyzda ak guş bar,
Ganatynda kümüş bar,
Türkmenbaşyň bagynda
Ýüz müň dürli iýmiş bar.

* * *

Altyn asyr güýzünde,
Altyn ýollar açyldy.
Serdarymyzyň ýoluna
Gyzyl güller seçildi.

* * *

Altyn asyrmyň ýoly,
Beýik Serdar ýoludyr.
Serdar ýoly halk üçin
Ýeňişlerden doludyr.

* * *

Artýar şöhrat-şanymyz,
Halal iýýän nanymyz,
Geljegmize şamçyrag
Ajaýyp Ruhnamamyz.

* * *

Asal boldy nanymyz,
Hezil etdi janymyz,
Watan üçin aýamarys
Soňky damja ganymyz.

* * *

Asmandaky ner bulut,
Saňa aşyk ýer bulut,

Asmanda käriň näme?
Ýere dökýäň zer bulut?!

* * *

Açyk biziň bagtymyz,
Şadyýana wagtymyz,
Töwerege nur saçýar
Aşgabat paýtagtymyz.

**– B –**

Bagda açylan gülüm bar,
Şat saýraýan dilim bar,
Beýik binalar gurýan
Tilsimat[1] bar, ylym bar.

* * *

Baglarmyzda gül bitýär,
Bilbillere dil bitýär,
Baky biziň Watanymyz
Her kim arzuwna ýetýär.

* * *

Baglarmyzda garaly,
Garalyny seräli,
Serdarmyz Türkmenbaşyň
Güler ýüzün göräli.

* * *

Bagt gondy başymyza,
Bal gatyldy aşymyza,

[1] Tilsimat — tehnika.

Ele alyp erkimizi
Ýetdik göwün hoşumyza.

* * *

Baýdagym bar, baýdagym,
Tüýs ýürekden söýdügim,
Serdarmyzyň doglan güni
Ömürbaky aýdymym.

* * *

Baýdagmyz belent galar,
Şatlyk ilime dolar,
Baýdak güni namamyz
Serdara sowgat bolar.

* * *

Bedew atlar «hol» gelýär,
Ähli ýerde toý bolýar,
Aýdym aýdyp, raks oýnap,
Meň joram serpaý alýar.

* * *

Beýik-beýik haýatlar,
Içindedir söwütler,
Türkmen ilim toý tutsa,
Ýaryşar ýyndam atlar.

* * *

Beýik Serdar ýol açdy,
Asyrlardan gowuşdy,
Türkmenbaşy sag bolsun
Köňüller dolup-daşdy.

* * *

Beýik Serdar Türkmenbaşy,
Köňülleriň hyjuw joşy,
Oldur halkyň guwanjy
Doldy pygamber ýaşy.

* * *

Biziň iliň gyzlary,
Gülüp durar gözleri,
At getiriň, münsünler
Gamçy beriň, çalsynlar.

* * *

Bilbiller güli bilen,
Serdaryň ili bilen,
Garaşsyz bolan halkym
Gider öz ýoly bilen.

* * *

Bäş welaýat dilimizde,
Mekdepler kän ilimizde,
Öwşün atyp ülpüldeýär
Gül dessesi elimizde.

**– Ç –**

Çöller gülzara dönýär,
Pagtadan kän zat önýär,
Köpdür biziň baýlygmyz
Il-gün oňa guwanýar.

* * *

Çyksam Serdar ýolly daga,
Seýran etsek seýilbaga,
Gözel iliň garry-ýaşy
Maýyl bolýar ýaşyl Tuga.

## – D –

Dag üstünde bürgüt bar,
Ekinmizde şibit[1] bar,
Jan doganym golunda
Serdar beren sagat bar.

* * *

Daglar üsti beýik bor,
Üstünde-de keýik bor,
Serdarmyzyň pähimleri
Ýüreklere seýik bor.

* * *

Daglarmyz-a, daglarmyz,
Gül öwüser baglarmyz,
Türkmenbaşy sag bolsa,
Ýaýnamaly çaglarmyz.

* * *

Daglarmyz-a, daglarmyz,
Şatlyklydyr çaglarmyz,
Ilim agzybir bolsa
Hoş sapaly çaglarmyz.

---

[1] Şibit – ysly ot, petruşka.

* * *

Derýamyza suw geler,
Suw üstüne guw geler,
Çaňap ýatan boz meýdan
Göýä lälezar bolar.

**– E –**

Erkanadyr, erkana,
Gül Watanym erkana,
Pasyrdasyn ýaşyl Tug
Al-asmanda görkana.

**– G –**

Gaýra-gaýra bakar men,
Ak pagtany eker men,
Üç Atalyk kitaby
Höwes bilen okar men.

* * *

Gaýra-gaýra bakar men,
Mekdeplerde okar men,
Serdaryň sargydyny
Pugta berjaý eder men.

* * *

Garlawajyň alasy,
Bir enäniň balasy,
Meniň eziz boýdaşym
Aşgabadyň lälesi.

* * *

Galkynyşyň bady bar,
Halkyň göwün şady bar,
Goşardaky sagatda
Türkmenbaşyň ady bar.

* * *

Garaşsyzdyr ilimiz,
Hiç gowşamaz bilimiz,
Serdarymyz Türkmenbaşa
«Sag bol!» diýýär dilimiz.

* * *

Garaşsyzlyk galkyny,
Dünýä düşer ýalkymy,
Serdarym Türkmenbaşy
Begendirýär halkymy.[1]

* * *

Garaşsyzlyk badymyz,
Dynçlyk söýýän zadymyz,
Serdar paýhasy bilen
Doldy dünýä adymyz.

* * *

Geliň, gyzlar oýnalyň,
Şaddy-horram ýaýnalyň,

[1] Şu bendiň aşakdaky ýaly nusgasy-da bar:
Garaşsyzlyk galkymy,
Dünýä saldy ýalkymy,
Begendirdi, beýgeltdi
Meniň eziz halkymy.

Altyn asyr nesli biz
Oglan-gyzlar oýnalyň.

* * *

Geldi Nowruz, ýazymyz,
Çalýas dürli sazymyz,
Okap ylymly bolar
Oglumyz hem gyzymyz.

* * *

Geliň okalyň, gyzlar,
Darak kakalyň, gyzlar,
Serdarymyzyň suratyn
Hala dokalyň, gyzlar.

* * *

Gowaçany ekýäris,
Şirin suwa ýakýarys,
Bol hasyl almak üçin
Dürli dökün dökýäris.

* * *

Gol tutuşyp baglarda,
Seýil edip gezýäris.
Watana tüýs mynasyp,
Aýdym-läle düzýäris.

* * *

Goşa gelen ýazym bar,
Söhbet bilen sazym bar,
Gyzyl gülüň içinde
Bilbil dek owazym bar.

* * *

Göwnümiz ganatlandy,
Ýüreklermiz şat boldy,
Serdarmyzyň sözleri
Daragmyza bat boldy.

* * *

Gülzar boldy çöllermiz,
Pagta ýygýar ellermiz,
Yhlasly zähmet çekip
Gurply boldy illermiz.

* * *

Gül-gülüstan Watanym,
Bagy-bossan Watanym,
Ömür baky ýaşasyn
Arzuw eýläp ýetenim.

* * *

Gül-gunçaly ilimiz,
Asuda sag-solumyz,
On ýyl abadançylyk
Ýörelgämiz-ýolumyz.

* * *

Gülüni jan, gülüni,
Gülleriň bilbilini,
Ýaşasyn Türkmenbaşy
Tutdy Oguz ýoluny.

* * *

Gymmat hazynam, genjim,
Ruhnama göz guwanjym,

Ýolumyza şamçyrag
Oldur meniň begenjim.

**– H –**

Halal zähmet çekeliň,
Bugdaýy köp ekeliň,
Ummasyz hasyl alyp
Watany berkideliň.

* * *

Haly dokar ellerim,
Kitap okar dillerim,
Halk, Watan, Serdar üçin
Zähmet çeker illerim.

* * *

Halymyzy synlady,
Arzuwlary diňledi,
Gadyrdan Serdarymyz
Işimizi oňlady.

* * *

Her günüm bahar-ýazdyr,
Näçe wasp etsem azdyr,
Ähli türkmeniň başy
Saparmyrat Nyýazdyr.

* * *

Hindi, Hytaý, pars, arap,
Hemmäň ýüzi biz tarap,

Bütin ýeriň ýüzünde
Bolduk baky Bitarap.

* * *

Hyjuw doly ýürekler,
Joşýar, by gün jorajan,
Şanly gupbam şaňňyrdap
Sesin goşýar jorajan.

**– I –**

Ilerimiz dagmydyr,
Üsti kese bagmydyr,
Türkmenbaşy toý tutýar
Meňem paýym barmydyr.

* * *

Ilim şatlanýar bu gün,
Bagt paýlanýar bu gün,
Pygamber ýaşly Serdar
Toýuň toýlanýar bu gün.

* * *

Islänmizi iýýäris,
Atlas-ýüpek geýýäris,
Garaşsyz Watanmyzy
Jandan eziz görýäris.

* * *

Işlesem-ä, işlesem,
Gyzyl alma dişlesem,

Ir säherler turamda
Serdary alkyşlasam.

**– K –**

Kalby nurdan ilim bar,
Milli asal dilim bar,
Oguz handan gaýdýan
Polatdan berk bilim bar.

*** * ***

Kemçilik ýok ilimde,
Şirin aýdym-sazymda,
Ülkäm boldy Garaşsyz
Togsan birň güýzünde.

*** * ***

Köpetdagyň gaýasy,
Obam eliň aýasy,
Çöllerinde ýaýkanşar
Ineri hem maýasy.

*** * ***

Käkilik saýrar dil bile,
Başyn ýuwar gül bile,
Baryň aýdyň gyzlara
Gelsin Şaýoly bile.

**– L –**

Lälämiziň her bendi,
Watan bilen zerlendi,

Söýgümiz kän diýara
Biz Watanyň perzendi.

**– M –**

Miweler bar bagymyzda,
Bäş welaýat tugumyzda,
Tugumyz öwşün atýar
Garaşsyzlyk çagymyzda.

*** * ***

Mydam aýdym-saz bolsun,
Şatlyk bolsun, ýaz bolsun,
Tomaşaly ülkämde
Dilegmiz kabul bolsun.

**– N –**

Nowruz diýen Aý gelýär,
Munda goşa toý bolýar,
Ýaryşda üstün çykan
Serdar serpaýyn alýar.

*** * ***

Nogul-nabat iýýäris,
Atlas, ýüpek geýýäris,
Özbaşdak Watanmyzy
Jandan artyk söýýäris.

**– O –**

Oguz hanyň nesli biz,
Mert ärlerden aslymyz,

Altyn asyra barýan
Şol asla höwesli biz.

* * *

Okalyň-a, okalyň,
Halylary dokalyň,
Şatlykly zamanada
Bilim alyp bekäliň.

* * *

Okadym-a okadym,
Ruhnamany okadym,
Geçmişimi öwrenip
Alkyşnama okadym.

**– Ö –**

Özbaşdaklyk erkimiz,
Berkararlyk berkimiz,
Indi ýurdy gülletmek
Borjy boldy her kimiň.

* * *

Öýme ýaglyk oýnadym,
Derýa boýlap ýaýnadym,
Ak altyny köp alyp
Parça kökün paýladym.

* * *

Ömrümiziň namasy,
Taryh senenamasy,

Halkyň ynam kitaby
Serdaryň Ruhnamasy.

**– P –**

Parahatlyk çyragy,
Baýdagymdyr goragy,
Halkym agzybir bolsa
Türkmenbaşyň geregi!

*** * ***

Pasyrda, jan pasyrda,
Ýaşyl Tugum pasyrda,
Halkym erkana ýaşar
Bagtly Altyn Asyrda.

**– R –**

Ruhnama elimizde,
Ajap aýdym dilimizde,
Mukaddes Ruhnamamyz
Şamçyrag ýolumyzda.

*** * ***

Ruhnamaly illi biz,
Şirin-şeker dilli biz,
Serdarmyzy wasp edýän
Azat-erkin illi biz.

**– S –**

Sabanyň çagy bolsam,
Güneşiň çogy bolsam,

Söýgüli Serdarmyzyň
Baky goragy bolsam.

* * *

Sazandanyň sazy men,
Garaşsyzlyk gyzy men,
Bitarap Watanymyň
Bahary men, ýazy men.

* * *

Saýraýar-a, saýraýar,
Bagda bilbil saýraýar,
Serdarmyzyň abraýy
Barha dünýä ýaýraýar.

* * *

Seýil etdig-ä, seýil etdik,
Uly ýeňişe ýetdik,
Ýaşasyn Türkmenbaşy
Maksat-myrada ýetdik.

* * *

Seýilgähler guruldy,
Çüwdürimler görüldi,
Işeňňir ýigitlere
Desse güller berildi.

* * *

Serdar bize ýol berdi,
Nan ýerine bal berdi,
Halal zähmet çekene
Berenini bol berdi.

* * *

Serdarmyz Türkmenbaşy,
Il-günüň göwün hoşy,
Ýetip gelen ýyllarda
Rowaçdyr tutan işi.

* * *

Serdarmyzyň ýüzi nurly,
Asly halal, kalby çogly,
Türkmenbaşyň saýasynda
Külli türkmen arkadagly.

**– Ş –**

Şaýolum-a, Şaýolum,
Giňäp gitdi, dar ýolum,
Şaýoluma birleşer
Watanymda bar ýolum.

* * *

Şöhrat bilen şatlanýas,
Zähmet bilen batlanýas,
Beýik Serdar saýasynda
Gün-günden ganatlanýas.

**– T –**

Türkmenistan gül mekan,
Baky durmuş bolsun çag,
Guwanjym hem buýsanjym,
Beýik Serdar arkadag.

## – W –

Watan jennet bagydyr,
Şatlanmaly çagydyr,
Beýik Serdar, Watanym
Gara gözüm agydyr.

## – Ý –

Ýanardaga atlandym,
At münüp, kuwwatlandym,
Bu gün bedew baýramy
Läle kakdym, şatlandym.

* * *

Ýaşyl Tuguma siňen,
Namysym bar, arym bar,
Ajaýyp ýurdy guran
Mähriban Serdarym bar.

* * *

Ýaşyl biziň tugumyz,
Kändir seýilbagymyz,
Ýaşasyn Türkmenbaşy
Şoldur arkadagymyz.

* * *

Ýurda dolandy döwran,
Döwür aýlana-aýlana.
Dünýä ýüzi boldy haýran,
Jahan aýlana-aýlana.

***Ata-enä, garyndaşa (dogana, kaka, ejä, uýa, ýeňňä) bagyşlanan läleler.***

**– A –**

Agam münüp ýorgany,
Bazar gitdi durmany,
Almamydyr, narmydyr
Gelnejemiň sargany.

*** * ***

Agam şeýda bilbildir,
Gelnejem gyzyl güldür,
Gülden aýrylsa bilbil
Arzuwlary hyýaldyr.

*** * ***

Agam meniň begzada,
Gelnejem perizad-a,
Ikiňizden dogan ogul
Bolsun ile şazada.

*** * ***

Agaja mündüm, agaja,
Bir guş tutdum alaja,
Dogan bir gyz söýüpdir
Gözi-gaşy garaja.

*** * ***

Agam atyň boz bolsun,
Ýüklän ýüküň hoz bolsun,

Eýläk-beýläk geçeňde
Oýnaşanyň gyz bolsun.

* * *

Agam ýigrim bäşinde,
Gelin-gyzlar daşynda,
Ýör, gelneje, gaýdaly
Garaşar guýyň başynda.

* * *

Agam maňa nar getir,
Bagymyzdan bar[1] getir,
El degmedik ýaglykda
Gün degmedik gar getir.

* * *

Agam maňa nar getir,
Ysy başga ýeňňe jan!
Agam çalan tüýdügniň
Sesi başga ýeňňe jan!

* * *

Agam ýaşyň ýaş bolsun,
Ýaşyň ýüzden daş bolsun,
Saýlap alan gözeliň
Ömürlik ýoldaş bolsun.

* * *

Agaç agaja bakar,
Arasyndan suw akar,

---

[1] Bar — miwe.

Meniň didäm[1] Atamyrat
Döşüne nyşan dakar.

* * *

Agşam gördüm bir düýşi,
Oýandyrdym boýdaşy,
Agamyň aljak gyzy
Saldyrsyn akja dişi.

* * *

Aý aýdyňdyr ýagtydyr,
Gyzlar oýnar wagtydyr,
Ýör, gelneje, gaýdaly
Didäm geler wagtydyr.

* * *

Aý dogar ýyldyz bilen,
Kebap bişer duz bilen,
Meniň armanly didäm
Oýnaşmazmy gyz bilen.

* * *

Aý dogupdyr diýdiler,
Aýlanypdyr diýdiler,
Meniň körpe doganym
Öýlenipdir diýdiler.

* * *

Aý dogar herli-herli,
Gapymyz goşa nerli,

---

[1] Dide — bu ýerde dogan manysynda,dogan gara göze deňelýär.

Meniň didäm aý Juma,
Gelniň goşa tumarly.

* * *

Aý dogar ýokar galkar,
Ýüzünden hünji sarkar,
Meň doganym ýaşajyk
Gije gezmäge gorkar.

* * *

Aýlam-aýlam guşagyň,
Aýlanmasa nädeýin!
Çynar boýly jan dogan
Öýlenmese nädeýin!

* * *

Aýlandy-ha, aýlandy,
Gelin-gyzlar şaýlandy,
Meniň agam şol ýigit
Wekillige saýlandy.

* * *

Aýym meniň aýymdyr,
Eden işim gaýmadyr,
Meniň eziz doganmyň
Bil guşagy öýmedir.

* * *

Akar suwlar aýlanar,
Çölde keýik awlanar,
Gelnejem jan agamyň
Gujagynda towlanar.

* * *

Akgalanyň düýbi daş,
Gitme dogan, başyň ýaş,
Serpil, dogan yzyňa
Garap galdy galamgaş.

* * *

Akgalanyň ýollary,
Domalandyr[1] gollary,
Didäm orak oranda
Agyrmasyn billeri.

* * *

Akgalanyň şemaly,
Aýlanýa-la, ýeňňe jan!
Körpe dogan Myrat jan
Öýlenýä-le, ýeňňe jan!

* * *

Ak manad-a, ak manat,
Ak manadym amanat,
Uçup barýan ak guşlar!
Öz agama salam aýt.

* * *

Akgalanyň aşagy,
Ejem düşän düşegi,
Atam gitdi gelmedi
Men enemiň köşegi.

---

[1] Domalan — kömelek ýaly ýeriň aşagynda bitýän iýmit. Ýagyşly ýyllarda, ylaýta-da ýylky ýylynda domalan köp bolýar.

* * *

Akyşar-a akyşar,
Gyzyl daşlar çakyşar,
Meniň joram Akjagül
Gelip darak kakyşar.

* * *

Ala gar-a, ala gar,
Ala kürtäň ýeňi dar,
Meniň eziz doganma
Gözel gyzlar hyrydar.

* * *

Ala dagyň arçasy,
Mawut-begres parçasy,
Atam-enem gül bolsa
Men olaryň gunçasy.

* * *

Almanyň agyna bak,
Sagadyň bagyna bak,
Agamy görjek diýseň,
Balkanyň dagyna bak!

* * *

Araba hatar-hatar,
Zynjyry suwa batar,
Agam ýadap gelende
Gelnejem habar gatar.

* * *

Asmanda Aý gelneje,
Jennetde jaý gelneje,

Asmanyň şirin suwy
Gürgende çaý gelneje.

* * *

Atymyz kişňäp gelýär,
Uýanyn dişläp gelýär,
Meniň körpe doganym
Toý başyn başlap gelýär.

* * *

Aşgabadyň ýollary,
Sagy bilen sollary,
Meň gelnejem işeňňir
Çermelgidir gollary.

* * *

Aşgabadyň ýoluna,
Hem sagyna-soluna,
Men bir sesli jaň bolsam
Didämiň gollaryna.

**– B –**

Baga bar-da injir al,
Sagadyňa zynjyr al,
Öz doganym Didar jan
Öýe bar-da, dynjyň al.

* * *

Baglaryň bary menem,
Daglaryň gary menem,

Dogan, düşdüm ýat oba
Didaryň zary menem.

* * *

Baglaryň başy yrga,
Doganym müner ýorga,
Çyk, içerden gelneje
Doganma ýaglyk sarga.

* * *

Baga girene gurban,
Alma tirene gurban,
Agam saňa aşyk boldy
Seni görene gurban.

* * *

Baýyrlaryň etegi,
Goýun-guzy ýatagy,
El degende ýelpildär
Öz didämiň telpegi.

* * *

Bal damar bajagynda,
Ýag döker bujagynda,
Hemişe aş bişýändir
Didämiň ojagynda.

* * *

Bal didäm-ä, bal didäm,
Hemme zady bil didäm,
Töwerekden haýyr ýok
Özüň bolsaň bor didäm.

* * *

Balkanyň akja gary,
Suw degse bolar sary,
Hol barýany sorasaň
Agamyň söwer ýary.

* * *

Bardym çeşme başyna,
Garaşdym deň-duşuma,
Elimde öýme ýaglyk
Gönderdim gardaşyma.

* * *

Barsam daýym ýanyna,
Derman etsin janyma,
Ady ýiten ganymlar
Galdy halkyň ganyna.

* * *

Beýik daglar başynda,
Perişdeler daşynda,
Aýlan, aýlan gelneje,
Didäm janyň daşynda.

* * *

Biziň obaň illeri,
Tikenlidir gülleri,
Ýeňňem suwa gidende
Agyrmasyn billeri.

* * *

Bir almany dişledim,
Daşyny kümüşledim,

Agam geldi bermedim
Ýeňňeme bagyşladym.

* * *

Boz atym boza meňzär,
Boýny şabaza meňzär,
Dogan gelýär diýseler
Gyş günüm ýaza meňzär.

* * *

Bökejen[1] köwüş aýakda,
Peleň telpek çekgede,
Meniň didäm şol oglan
Suw tutup ýör bakjada.

* * *

Bu baglar biziň bolsun,
Miwesi üzüm bolsun,
Agamyň, gelnejemiň
Gül ömri uzyn bolsun.

* * *

Bu daglaryň daşy bar,
Akja garly başy bar,
Agam söweşden gaýtdy
Ýanynyň ýoldaşy bar.

* * *

Bu gün howa ümürdir,
Ýakan odum kömürdir,

[1] Bökejen – ökjesi beýik köwüş.

Ýat illeriň içinde
Daýym ogly höwürdir.

**– Ç –**

Çaý daşy çakmak daşy,
Altyn eýeriň gaşy,
Bedew atly geçip giden
Öz didämiň ýoldaşy.

*** * ***

Çeşmelerden suw akar,
Didäm atyny ýakar,
Obamyzyň gyzlary
Didäme gülüp bakar.

*** * ***

Çölde sazak burular,
Düýbüne suw durular,
Daşa giden doganym
Seniň boýnuň burular.

*** * ***

Çöllerde baýlar maly,
Ak ýüzde goşa haly,
Agamyň söwer ýary
Saňadyr dünýe maly.

*** * ***

Çykdym çynar boýladym,
Öýme ýaglyk oýnadym,

Ähli küren[1] içinde
Öz didämi saýladym.

* * *

Çykdym galany gördüm,
Gawun alany gördüm,
Topbak gyzlaň içinde
Sülgün, Sonany gördüm.

* * *

Çykdym çynar başyna,
Oturdym güneşine,
Her elimde bir ýaglyk
Gönderdim deň-duşuma.

* * *

Çykdym Aýa bakmaga,
Haly-palas kakmaga,
Elimde doga bagy
Dogan atyna dakmaga.

* * *

Çykdym dagyň pesdine,
Dogan gördüm dessine,
Dogan orak orynça
Saýa bolsam üstüne

**– D –**

Dag düýbünde ýorunja,
Gülün çeker garynja,

[1] Küren – giden uly oba, gür ilatly oba, köp öýli oba.

Söwdagär agam gelýär
Çek juwazyň, gelneje!

* * *

Dag başynda biten ot,
Ony iýmez her bir at,
Boýny jaňly bedew at
Öz didäme ýaraşar.

* * *

Dagda dalan yzy bar,
Gyşda gulan yzy bar,
Körpe dogan öýünde
Gyzyl gülüň ysy bar.

* * *

Daglar başy ala gar,
Ala köýnek ýeňi dar,
Meniň didäm Hangeldi
Owadan gyza hyrydar.

* * *

Daglaryň gary menem,
Baglaryň nary menem,
Dogan düşdüm paýtagta
Seň didaryň zary men.

* * *

Daň ýyldyz-a, daň ýyldyz,
Hudaýa ýalbar ýyldyz,

Sapara giden agam jan
Aman gelsin, daň ýyldyz.[1]

* * *

Degirmen boş aýlanar,
Suwy serhoş aýlanar,
Dogan öýme guşagyň
Biliňe bäş aýlanar.

* * *

Depe depeden beýik,
Depeden inen keýik,
Mergen dogan Ýaran jan
Her elinde bir keýik.

* * *

Depe depeden beýik,
Depeden inen keýik,
On barmakda on ýüzük
O-da dogana seýik.

* * *

Depä çykasym gelýär,
Läle kakasym gelýär,
Desse boýly gelnejem
Saňa bakasym gelýär.

---

[1] Şu bendiň:

Daňdan dogan daň ýyldyz,
Hudaýa ýalbar ýyldyz,
Esger bolan doganym,
Sag-aman gelsin ýyldyz – diýen nusgasy hem bar.

* * *

Depä çykdym, oturdym,
Aý halkamy ýitirdim,
Agamyň sowgadyny
Gelnejeme ýetirdim.

* * *

Depämizde bir guş bar,
Ganatynda kümüş bar,
Öz didämiň dükanynda
Dürli-dürli iýmiş bar.

* * *

Derýa gitdim geçmäge,
Oturdym suw içmäge,
Jan dogandan hat gelse
Ganatym ýok uçmaga.

* * *

Didäm atyň naly bar,
Desse ýüpek haly bar,
Didäm maňa guwanma
Her kesiň öz ýoly bar.

* * *

Didäm gelýär ekinden,
Sagdagyndan, okundan,
Nä bildiňiz şirindigin
Datdyňyzmy kokundan.

* * *

Didäm atyň oýnatma,
Çek, jylawyn çeýnetme,

Uzak ýere gideňde
Ýara gözüň oýnatma.

* * *

Dogan atyň ýaş bolsun,
Münen atyň guş bolsun,
Ýat illere gideňde
Pygamber ýoldaş bolsun.

* * *

Dogan, atyň üç ýaşar,
Derýalar dolup daşar,
Men-ä seni görmesem
Gözlerimden ýaş akar.

* * *

Doganymyň aty bar,
Atynyň ganaty bar,
Kynçylygy ýeňmäge
Tükenmez gaýraty bar.

* * *

Doganymyň aty bar,
Elinde sowgaty bar,
Deň-duşlarnyň içinde
Saz bilen söhbeti bar.

* * *

Dokma dokasym gelýär,
Läle kakasym gelýär,
Akjagül joram bilen
Oýnap-bökesim gelýär.

* * *

Donlary sim-u zerli,
Şaý-sepi dürli-dürli,
Meniň agamyň gelni
Gelýär goşa tumarly.

* * *

Dor bedew kişňäp gelýär,
Uýanyn dişläp gelýär,
Meniň körpe doganym
Toý başyn başlap gelýär.

* * *

Düýe gelýär ýataga,
Boýny doly otaga,
Sallanyp gel, gelneje
Agam saňa sadaga.

* * *

Düýeler gelýär hatar,
Owsary suwa batar,
Agam çykar daňmaga
Ýeňňem çykar sagmaga.

* * *

Düýp-düýp gamyşlar,
Döwülmeseň nädeýin,
Sary donly eý, dünýäm
Öýlenmeseň nädeýin!

* * *

Däli derýamyz Etrek,
Töwerekde ak derek,

Hywadan gelen sowgat
Aýna bilen başdarak,

**– E –**

Eý, dogan-a, eý dogan,
Mawut donuň geý, dogan,
Eýläk-beýläk geçende
Meň joramy gör, dogan.

* * *

Eýjejig-ä, eýjejik,
Gül ýoldum, bir eýjejik,
Didämiň alan gyzy
Uzyn boýly inçejik.

* * *

Ekin ekdim garabaş,
Akbaş bilen aralaş,
Meniň bir doganym bar
Uzyn boýly, galam gaş.

* * *

Ekin ekdim uşajyk,
Bogunlary gowşajyk,
Didäm bir gyz söýüpdir
Gyzyl gül dek ýumşajyk.

* * *

Ekin ekildi galdy,
Jülge söküldi galdy,

Dagdan aşan joramyň
Bili büküldi galdy.

* * *

Elek-elek elener,
Oba gaýrak saýlanar,
Meniň joram Aknabat
Ýaşyl kürtä dolanar.
Bahasyny beräli.

* * *

El ýaglygym kirläpdir,
Gökje otlar derläpdir,
Meniň eziz doganym
Gözel gyzy belläpdir.

* * *

Ertir gördüm gargany,
Dogan çapar ýorgany,
Alma bilen nar getir
Gelnejemiň sargany.

* * *

Esengulyň ýolunda,
Ekin ekdim, bitmedi,
Goşuna giden agama
Salam aýtdym ýetmedi.

**– G –**

Gaýra-gaýra bakar men,
Dokma darak kakar men,

Jan joramy görmesem
Eräp-eräp akar men.

* * *

Gaýrada maýa bozlar,
Maýa köşegin gözlär,
Meň doganym Nury jan
Keten köýnek ýar gözlär.

* * *

Gaýradan Aly gelýär,
Dünýäniň maly gelýär,
Öňünden çyk gelneje,
Sowgady haly gelýär.

* * *

Gaýradan atly gelýär,
Telpegi hatly gelýär,
Meniň körpe doganym
Ýany sowgatly gelýär.

* * *

Gaýradan gelýän inerler,
Üsti doly ganarlar,
Didämi gören gyzlar
Suwsuzlykdan ga:narlar.

* * *

Gaýradan-a gaýradan,
Göwnüm gitmez gaýradan,
Şo ýanda doganym bar
Dutaryny saýradan.

* * *

Gaýradan biri gelýär,
Gözümiň nury gelýär,
Gyrmyz donly gyr atly
Ýeňňemiň ýary gelýär.

* * *

Gaýraky ýabyň sakasy,
Keten köýnek ýakasy,
Meniň eziz doganym
Bäş oglanyň kakasy.

* * *

Gaýramyzyň beýigi,
Bökjekleşer keýigi,
Gassabanyň[1] beýigi
Gelnejeme ýaraşar.

* * *

Gaýramyz derek-derek,
Güller açylsa gerek,
Didämiň söwer ýary
Saýrap açylsa gerek.

* * *

Gapymyzda kejebe,
«Un sep» diýdim ejeme,
Bela-beter degmesin
Agama, gelnejeme.

[1] Gassaba — käbir ýerlerde durmuşa çykýan gyzyň başyna geýýän börügi.

* * *

Gapymyzda tut ekdik,
Tudumyz suwa ýakdyk,
«Eziz joram geler» diýp,
Gözümiz ýola dikdik.

* * *

Gara-gara gyş gelýär,
Garry maýa boş gelýär,
Meniň ejem Enegül
Sesiň ýaman daş gelýär.

* * *

Garadyr galam gaşyň,
Palawdyr iýjek aşyň,
Gaýgy etme gelneje,
Söwdagärdir ýoldaşyň.

* * *

Garaja at kişňäp gelýär,
Uýanyn dişläp gelýär,
Meniň eziz doganym
Toý başyn başlap gelýär.

* * *

Gargalar gagyldaşar,
Bäbekler jägildeşer,
Doganma geljek gyzyň
Tumary[1] şaňňyrdaşar.

[1] Tumar — aýal-gyzlaryň dakynýan togalajyk süýnmek bezeg şaýy.

* * *

Gaýalar gaňragynda,
Hynasy barmagynda,
Didäm bir gyz söýüpdir
Janahyr[1] aýlagynda.

* * *

Gaýalar gaýasynda,
Daglaryň saýasynda,
Meniň didäm dynç alar
Gülleriň arasynda.

* * *

Gaýalar derek-derek,
Güller açylsa gerek,
Didämiň söwer ýary
Oň ugrunda janserek.

* * *

Gel dogan-a, gel dogan,
Bakma goýun, gel dogan,
Geler wagtyň bilmesek
Habar ýetirgin dogan!

* * *

Gelnejemiň gelşini,
Agam janyň bolşuny,
Gelnejemi görende
Mylakatly bolşuny.

---

[1] Janahyr — Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda bir obanyň ady.

* * *

Gelnejemi görüp dur,
Garçyn-çuwal gerip dur,
Garçyn-çuwal içinde
Bukjasyny serip dur.

* * *

Gelneje jan araýy,
Geýer gyzyl daraýy,
Ýada giden baldyzyň
Senden gözlär haraýy.

* * *

Gelnejem gelýär yranyp,
Mahmal dona bürenip,
Gelnejemiň yşgyndan
Agam gelýär zeýrenip.

* * *

Gelneje, saçyň sarymy,
Tamdyranyň tarymy,
Bilmez iller sorasa,
Meniň agam ýarymy?

* * *

Gelneje jan, tursana,
Degirmeniň gursana,
Söwer ýaryň ajykdy
Birje kömeç[1] bersene.

---

[1] Kömeç — döwlen et ýa-da jigirdek salnyp bişirilen çörek, ýagly gömme çörek.

* * *

Gelnejem kakar läläni,
Egnine geýer alany,
Obamyzyň gözeli
Öz doganymyň halany.

* * *

Gelnejemiň elleri,
Inçe, näzik billeri,
Meniň eziz gelnejem
Täze bagyň gülleri.

* * *

Gelnejem-ä sallanar,
Sallananda bellener,
Öz agamy görmese
Gabaklary ýellener.

* * *

Gelnejem-ä ýaşynda,
Ýaşyl öýme başynda,
Körpe dogan Serdar jan
Perwanadyr daşynda.

* * *

Gelnejem-ä ot ýakar,
Ot üstünde et kakar,
Meniň dokan halyma
Guwanar, läle kakar.

* * *

Gelnejem-ä oýunda,
Gursakçasy boýunda,

Aý ýüzüni göreli
Öz agama bereli.

* * *

Gelnejem-ä sarydyr,
Sary ýagdan durudyr,
Il näme diýse diýsin
Öz agamyň ýarydyr.

* * *

Gelnejem-ä süzüler,
Zülpüne kümüş düzüler,
Aý ýüzüni göreniň
Içi-bagry üzüler.

* * *

Gelnejem-ä enaýy,
Ýüzi-gözi daraýy,
Galdyr, ýüzüň göreli
Gülap suwun bereli.

* * *

Gelnejem-ä araýy,
Geýen dony daraýy,
Böwürsleniň ýapragy
Oldur asmanyň Aýy.

* * *

Gelnejem jan näz eder,
Agam göwnün ýaz eder,
Myrat janyň toýunda
Dutar, gyjak saz eder.

* * *

Gelneje jan, gelsene,
Akja köwşüň geýsene,
Öýdäki myhmanlara
Çaý gaýnadyp bersene.

* * *

Gelneje jan, oturma,
Eliňe ýüzük ötürme,
Öz didämi göreňde
Akyl-huşuň ýitirme.

* * *

Gelneje jan, gelsene,
Garçyn-çuwal gersene,
Garçyn-çuwal öňünde
Ogul bäbek söýsene.

* * *

Gelneje jan, sallanma,
Iller saňa haýrandyr.
Seniň alma ýaňagňa
Janym didäm haýrandyr.

* * *

Gelnejem goýun sagar,
Altyn zülpüni bogar,
Alla berdi myradyn
Ýedi ýerden nur dogar.

* * *

Goýun gelýär guzy bilen,
Ak ýapynyň ýüzi bilen,

Sür, döwrany gelneje
Agamyň özi bilen.

* * *

Gözenekden suw akar,
Sübse başyn ýel kakar,
Gyrmyz donly doganym
Gelnejeme gül dakar.

* * *

Gökde bulut bolmazmy?
Atlas köýnek solmazmy?
Ýalňyz ýeke doganym
Seni görmek bolmazmy?

* * *

Gülleriň agymydyr,
Ýüregmiň ýagymydyr,
Telpegin towsa geýen
Arkamyň dagymydyr?

* * *

Gülli gel-ä, gülli gel,
Güneşlide[1] belli gel,
Gelnejemi isleseň
Jübiň doly pully gel.

* * *

Gün dogar-a, gün dogar,
Her günde ýagyn ýagar,

[1] Güneşli – Abadan şäherinde bir obanyň ady.

Didämi taryp etsem
Tarypy başdan agar.

* * *

Gün ýaşanda şaýlanar,
Aý doganda aýlanar,
Meniň körpe doganym
Gözel gyza öýlener.

* * *

Gyz ýagşysyn ýat alar,
Alyp zyndana salar,
Didämi gören gyzyň
Akyly haýran galar.

* * *

Gyzlaryň otagasy,
Agamyň bag-bakjasy,
Gelnejem gyzyl güldür
Agam oň sadagasy.

**– H –**

Haýat doly ýorunja,
Gülün çürter garynja,
Çek gelneje çyrpyňy
Çyrmaşmasyn ýorunja.

* * *

Howamyz ýelli bolar,
Bagymyz gülli bolar,

Ol barýan gelnejem,
Ýörände belli bolar.

* * *

Howlymyzyň kilidi,
Aýlanýar-la, gelneje!
Bize gelen gelin-gyz,
Şaýlanýar-la, gelneje!

* * *

Hol barýar-a, hol barýar,
Ýaşmakly gelin barýar,
Akar ýabyň boýunda
Öz didäme ýalbarýar.

**– I –**

Iki-ikimiz dört bolar,
Ajy zatlar öt bolar,
Doganym gyz getirse,
Gamgyn göwnüm şat bolar.

* * *

Ilerde Ülker didäm,
Telpegin silker didäm,
Ozal habar etmeseň,
Gül ýaryň gorkar didäm.

* * *

Ilerde hurma didäm,
Boýnuňy burma didäm,

Hatlar ýazyp goýbersem
Ýaýdanyp durma, didäm.

* * *

Ilerde uzyn bazar,
Içinde didäm gezer,
Eli döwet galamly
Derdime doga ýazar.

* * *

Ilerde top gamyşlar,
Içinde toty guşlar,
Men didämi ýitirdim
Habar beriň, deň-duşlar.

* * *

Ilerimiz ýowşandyr,
Owlak-guzy emşendir,
Öz doganym öýlenýär
Öz ýaryna gowşandyr.

* * *

Ilerimiz künji-künji,
Gelnejemiň dili süýji,
Jan agamyň göz guwanjy
Sallanaweri, gelneje.

* * *

Ilerimiz gamyş-gamyş,
Gelnejemiň alny kümüş,

Uz basar, seýkin ýörär
Aýagynda gyrmaköwüş[1].

* * *

Ilerimiz küren-küren,
Ýakasyna tylla düzen,
Sallanaweri, gelneje
Gaşyn kakyp, gözün süzen.

* * *

Ilerimiz ala gar,
Ýaşyl kürtäň ýeňi dar,
Öz agamyň halannyň
Ak ýüzünde meňi bar.

* * *

Ilerimiz top gamyş,
Toplanmasa nädeýin?
Sary gulpak doganym
Seplenmese nädeýin?

* * *

Ilerimiz bozagan,
Itler oba çozagan,
Meniň eziz doganym
Gelnejeme degegen.

* * *

Ilerimiz dagmydyr,
Üsti kese bagmydyr,

---

[1] Gyrmaköwüş – galyň gaýyşdan tikilen apgyrtsyz, beýik ökjeli we burny ýasy türkmen köwşi.

Gaýradan gelen guşlar
Daýym-daýzam sagmydyr.

* * *

Inçe işdim ýüpegi,
Didäm geýer çepegi,
Didäm bir gyz söýüpdir
Ýüzi aýnaň gapagy.

* * *

Inçe egriň ýüplügi,
Didämiň köýnekligi,
Didäm bir gyz söýüpdir
Gök sonar käkiligi.

* * *

Ir öýlän hem ikindi,
Gyzlar köýnek tikindi,
Meň didämi görende
Gyz barysy silkindi.

* * *

Işigiňde şa derek,
Şaglap dur-la, ýeňňe jan!
Aşagynda agam jan
Çyrlap[1] dur-la, ýeňňe jan!

* * *

Işigmizde minara,
Elde ýaglyk kenara,

---

[1] Çyrlamak – çagyrmak.

Gitseň-de aman gelgin
Boýuň meňzär çynara.

**– K –**

Kakam, kakam, bal kakam,
Suwa düşdi gülýakam,
Täzeden birin ýasat
Boş galdy-la, şu ýakam.

*** * ***

Kakam gelýär eşekli,
Bili tirme guşakly,
Käse ýuwdum, çaý goýdum
Ýany şeker, erikli.

*** * ***

Kakam keýik getirdi,
Şahy beýik getirdi,
Şahy beýgiň üstünde
Jüýjeli towuk oturdy.

*** * ***

Kenaryň ýakasynda,
Ördek bilen gaz oýnar.
Öz doganmyň toýunda
Ýigit bilen gyz oýnar.

*** * ***

Kiçijik aty çaparlar,
Üstüne mahmal ýaparlar,

Körpe dogan Baýram jan
Saňa-da birin taparlar.

****

Köçeden-ä, köçeden,
Dogan gelýär köçeden,
Doganyma çaý beriň
Gulpy kümüş tüňçeden.

****

Kümüş sarmak[1] elinde,
Tirme guşak bilinde,
Agamyň söwer ýary
Ulus iliň dilinde.

**– L –**

Läle kakar läläni,
Egnine geýer alany,
Öz agamyň halany
Gülüp geler ýanyna.

****

Läläni kakmak bilen,
Gaýany ýykmak bilen,
Meniň eziz doganym
Atyny ýakmak bilen.

---

[1] Sarmak – ýüwse, oýmak.

## – M –

Meniň agam syratly,
Görogly dek Gyratly,
Esgerleriň içinde
Gahrymandyr gaýratly.

* * *

Meniň agam bilimli,
Duly haly-kilimli,
Her kim şoňa at daksa
Günälidir, ölümli.

* * *

Meniň akylly didäm,
Örän şekilli didäm,
Geýinip öýden çyksa
Soltan şekilli didäm.

* * *

Meniň agam araýy,
Gök sellesi daraýy,
Söweş güni ýigitler
Ondan gözlär haraýy.

* * *

Meniň agam tursady,
Okun-ýaýyn gursady,
Ýat ýerlere düşüp men
Gelip halym sorsady.

* * *

Münen atyň howaýy,
Egniňdäki daraýy,
Jandan eziz doganmyň
Salany köşk saraýy.

* * *

Münülmedik Gyratyň,
Gupbasy men, aý, dogan!
Açylmadyk ak öýüň
Gabsasy men, aý, dogan!

**– N –**

Nagşyň gowsy «guşganat»,
Guşlar gonsun üstüne.
Meniň ýüregim gysýar
Ýeňňem gelsin dessine.

* * *

Nowruz aýy doganda,
Ýagyş, ýagmyr ýaganda,
Ýeňňeme göwnüm ýetdi
Gaýşaryp maýa saganda.

**– O –**

Obamyzyň burjy[1] men,
Içinde nar-genji men,

[1] Burç (buru:j) — 1) diň, minara, 2) aý;

Güler ýüzli ýeňňemiň
Boýnundaky hünji men.

* * *

Ok atdym saýa düşdi,
Saýdan sonalar uçdy,
Sona boýly, jan uýam
Şonda ýadyma düşdi.

* * *

Ol görünýän dagmydyr,
Üsti gülli bagmydyr,
Sorag-ideg edeýin
Gelnejem amanmydyr?

* * *

Ol barýan Nurlymydy?
Ýollary dogrumydy?
Silkme telpek, gök balak
Jan agam oglumydy?

* * *

Ot berer çakmak daşy,
Akdyr eýeriň gaşy,
Alty bilbil saýraşar
Gelnejemiň ýoldaşy.

* * *

Otly gelýär syzdyryp,
Demirýolny gyzdyryp,
Agam gelýär gelneje
Ýatma gözüň süzdürip.

* * *

Otur, otur, gelneje,
Turup, otur, gelneje,
Jan agamyň duluny
Tutup otyr, gelneje.

**– Ö –**

Öz öýmüziň güli men,
Sazly sandyk dili men,
Jandan eziz doganyň
Gapysynyň guly men.

* * *

Ördek bolsam sillerde,
Laçyn bolsam çöllerde,
Seni sorap, jan didäm
Kerwen bolsam ýollarda.

**– S –**

Sakar atym böküp dur,
Art aýagyn kakyp dur,
Gelnejemiň suraty
Öz dünýäme bakyp dur.

* * *

Sapar giden doganmyň,
Sowgady başga gelneje,
Mahmal biçen elleriň
Mawudy başga gelneje.

* * *

Sary gawun bişipdir,
Sapagyndan düşüpdir,
Meniň joram aý, gyzlar
Ýat illere düşüpdir.

* * *

Sary gawun paçagy,
Ýakamdaky goçagy,
Meniň daýzam Bibigül
Gülli öýmäň seçegi.

* * *

Saçlarym desse-desse,
Dessesi ýere ýetse,
Meň doganym şol oglan
Maksat-myrada ýetse.

* * *

Semawaryň sesi bar,
Aýagynyň posy bar,
Ýör, gelneje gaýdaly
Agam gelen sesi bar.

* * *

Seýle çykar gelnejem,
Düwme dakar gelnejem,
Söwer ýaryn görende
Gülüp bakar gelnejem.

* * *

Sözenler-ä, sözenler,
Sözeni oda düzenler,

Dag-düzleri gezenler
Meniň didäm amanmy?

* * *

Sözenler-ä sözenler,
Içim-bagrym üzenler,
Sörtükden ösen ýeller
Jan doganym amanmy?

* * *

Suw akar süle-süle,
Gyz geler güle-güle,
Agamyň alan gyzy
Meňzeýär gyzyl güle.

* * *

Suw başynda suw oty,
Dogan müner gyraty,
Ata münüp ugranda
Görogly dek syraty.

* * *

Suwa gitdim saz bilen,
Bir bölejik gyz bilen,
Elim bulap getirdim
Öz ýeňňemi näz bilen.

* * *

Suwa gitdim çekmäge,
Oturdym suw içmäge,
Jan dogandan hat gelse
Ganatym ýok uçmaga.

* * *

Suwda balyk bolmazmy?
Suwdan çyksa ölmezmi?
Il içinde doganym
Öz halanyn almazmy?

* * *

Suwa gider monjukly,
Monjugy salpançakly,
Ganawuz[1] bürenjekli
Tur, didäme suw äber.

* * *

Sülgün uçup barýar-la,
Perin seçip barýar-la,
Meniň dogan, Bäşim jan
Gelniň geçip barýar-la.

* * *

Sygyr gelýär molaşyp,
Ýelinleri dyňzaşyp,
Agam çykdy daňmaga
Ýeňňem çykdy sagmaga.

**– T –**

Toraňňydan bag bolmaz,
Gök depeden dag bolmaz,
Erkek dogan bolmasa
Ýüreklerde ýag bolmaz.

---

[1] Ganawuz — milli matalaryň bir görnüşi.

* * *

Tuda çykan gelnejem,
Tudana kakan gelnejem,
Öz agamy görende
Gülüp bakan gelnejem

* * *

Tut başynda tudana,
Gurban ony dadana,
Seýkin basan gelnejem
Öz agama sadaga.

* * *

Tut başynda tudana,
Tudanasyn iýsene,
Çynar boýly dogana
Gelniň gelýär diýsene.

**– U –**

Uzyn-uzyn haýatlar,
Didäm dolagyn gatlar,
Didäm atdan düşýänçä
Meniň ýüregim çatlar.

* * *

Urşa gitseň, aga jan,
Sensiz neneň oňaryn.
Menem äkit ýanyňa
Ýaralaryň daňaryn.

## – Y –

Yssydyr-a, yssydyr,
Öýmüz ýoluň üstüdir,
O barýan gyzyl donly
Agam janyň dostudyr.

* * *

Yssydyr-a, yssydyr,
Howlymyz ýol üstüdir,
Meniň eziz doganym
Ýagşy ýigdiň dostudyr.

## – Ý –

Ýaglyk ýuwdum, açyldy,
Seçekleri seçildi,
Agamdan bir hat geldi
Okap göwnüm açyldy.

* * *

Ýaglyk ýuwdum, sermedim,
Didäm geldi, görmedim,
Bu kesilmiş dillerim
«Alla, ýaryň?» diýmedim.

* * *

Ýagmyr ýagar, yz düşer,
Gyş gary tämiz düşer,

Meniň eziz agama
Ortamiýan[1] gyz duşar.

* * *

Ýany gyzyl almaly,
Alyp goýna salmaly,
Ir ýatyp, irden turar
Ýeňňem gaşy sürmeli.

* * *

Ýaňky gelen myhmany,
Görmediňmi gelneje?
Agamyň ak köýnegin
Ýuwmadyňmy gelneje?

* * *

Ýokarda Aý, gelneje,
Çäýnekde çaý, gelneje,
Agam içjek çäýnegni
Ýuwup gelgin, gelneje.

* * *

Ýol ýatyr-a, ýol ýatyr,
Ýol üstünde pil ýatyr,
Ol galanyň düýbünde
Agam bilen gyz otyr.

* * *

Ýorga ýaby ýörişli,
Bedew atly duruşly,

---

[1] Ortamiýan – orta boýly.

Meniň didäm bal Gurban
Uzyn boýly, gerişli.

* * *

Ýörse ýörişli ýeňňem,
Sary köwüşli ýeňňem,
Otursa orta ýeňňem
Turanda türpe ýeňňem.

* * *

Ýör-hä ýörişli gelin,
Serpaý-söwüşli gelin,
Öz doganmyň halany
Gyrma köwüşli gelin.

* * *

Ýüzük tapdym ýaşylja,
Owadanja gaşlyja,
Dünýämiň alan gelni
Orta boýly, işlije.

* * *

Ýük üstünde tabakça,
Içi-daşy ap-akja,
Dogan maňa guwanma
Men bir bahaly bukja.

## ***Boýdaş-joralara bagyşlanan läleler***

### – A –

Aý aýdyňdyr ýagtydyr,
Oýnumyzyň wagtydyr,
Joramyzyň ejesi
Goýberäýse, ýagşydyr.

* * *

Aý aýdyňdyr süýt ýaly,
Gyzlar oýnar gurt ýaly,
Aýjahanyň enesi
Ýanyp duran ot ýaly.

* * *

Aý gyz, saçyň sarymy?
Tamdyranyň tarymy?
Bilýänlerden sorasam
Öz didämiň ýarymy?

* * *

Aý, gyzlar baga bardym,
Bakjadan güller tirdim,
Daga çykdym boýdaşlar
Daglarda siller gördüm.

* * *

Akyp ýatan akar suwuň,
Sakasy men, läle jan!
Topar-topar gyzlaryň
Bikesi men, läle jan!

* * *

Açylmadyk sandygyň,
Gulpy men-ä, jora jan!
Geýilmedik gyrmyz donuň
Çapysy[1] men jora jan!

* * *

Aýa, Güne bakar men,
Gülýakamy dakar men,
Eziz joram Aýsoltan
Eliňe ýüzük dakar men.

**– B –**

Babarapda[2] baýyr ýok,
Otlamaga çaýyr ýok,
Meniň joram Jemal jan
Bizden size haýyr ýok.

* * *

Baga girene gurban,
Gülün tirene gurban,
Gyýmaz, dözmez boýdaşlar
Sizi görene gurban.

* * *

Baga girsem bolmazmy?
Gülün ýolsam bolmazmy?

[1] Çapy – donuň syýnyna urulýan zolak mata.
[2] Babarap – Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda bir obanyň ady.

Uzakdaky jorama
Sargyt etsem gelmezmi?

* * *

Bagda gül baglaşalyň,
Bir karar baglaşalyň,
Kararyndan döneniň
Ýüregin daglaşalyň.

* * *

Barýardym-la, ýol bile,
Gaýtardylar gol bile,
Sary ýaglykly gyzy
Saraltdylar dil bile.

* * *

Biz obanyň gyzlary,
Haly-horjun ýüzleri,
Öňüne tabak gelende
Süzülip otyr özleri.

* * *

Bu daglar bolanmydyr,
Geýenim solanmydyr,
«Joraň gitdi» diýdiler
Bilmen, çyn, ýalanmydyr.

* * *

Bu daglar bolmasady,
Geýenim solmasady,
Bir ölüm, bir aýralyk
Hiç biri bolmasady.

* * *

Bu daglar besse-besse,
Bessesine dil bitse,
Bizi aýra salanlar
Ölmänler diri ýitse.

* * *

Bu derýa balyklydyr,
Düýämiz halyklydyr,
Çopana gyz bermezler
Aýagy çaryklydyr

* * *

Bulut gelýär garalyp,
Daglar başy bürelip,
Näzik gyza ne boldy
Otyr öýde saralyp.

* * *

Bu gün depä çykalyň,
Depede läle kakalyň,
Boýdaş joralar bilen
Gülüp-oýnap bökeliň.

## – Ç –

Çendir[1] gamyşsyz bolmaz,
Çendir iýmişsiz bolmaz,
Çendirdäki joramyň
Saçy kümüşsiz bolmaz.

---

[1] Çendir – Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynda bir obanyň ady.

* * *

Çykdym çynar başyna,
Ýylky ýaýdym daşyna,
Her elimde bir ýaglyk
Gönderdim boýdaşyma.

* * *

Çyksam daglar görüner,
Bedew atlar geriner,
Ol obanyň köçesinde
Meniň joram görüner.

**– D –**

Daglar başy ýorunja,
Gülün çeker garynja,
Meniň eziz joramyň
Boýy uzyn, bili inçe.

* * *

Derwezäniň kilidi,
Aýlanýar-la, jora jan,
Meniň didäm Baýmyrat
Öýlenýär-le, jora jan.

**– G –**

Gaýra gaýrada galdy,
Peýkam arada galdy,
Desse boýly jora jan
Bizden gaýrada galdy.

* * *

Gaýradan atly gelýär,
Telpegi hatly gelýär,
Meniň joram aý, gyzlar
Daragy batly gelýär.

* * *

Geýilmedik çabydyň,
Höwesi men, jora jan!
Alty ganat ak öýüň
Çyrasy men, jora jan!

* * *

Geliň gyzlar, oýnalyň,
Oýun gurap ýaýnalyň,
Oýnumyzy il görsün
Oýnajaklar saýlanyň.

* * *

Geliň, gyzlar, üýşeliň,
Läle kakyp gülşeliň.
Her kim maksadyn diläp
«Ýa, Biribar!» diýşeliň.

* * *

Geliň gyzlar, oýnalyň,
Gyrmyzy güli boýlalyň,
Gyrmyz gülli baglarda
Gyz-oglany saýlalyň.

* * *

Gel, boýdaşym, ikimiz,
Ýeňňe-baldyz bolaly,

Aramyza dag düşse
Ýaşlygy ýada salaly.

* * *

Gowadan-a, gowadan,
Suwlar içdim gowadan,
Ähli gyzlar içinde
Öz boýdaşym owadan.

* * *

Gol ojagym guruldy,
Düýbüne suw duruldy,
Meniň joram Bahargül
Senden göwnüm buruldy.

* * *

Gökje-gökje kepderler,
Dal çynaryň başynda,
Men-men diýen ýigitler
Bary gyzlaň daşynda.

* * *

Gök kepderi uçdumy?
Şu köprüden geçdimi?
Eziz joram Amangül
Ýaşyl mahmal biçdimi?

* * *

Göç gelýär-ä, göç gelýär,
Bozja maýam boş gelýär,
Meniň joram Amantäç
Haýp, ara daş gelýär.

* * *

Gül düýbünden suw akar,
Şol suwa güller bakar,
Eziz joram Gurbangül
Ýaryşda üstün çykar.

* * *

Gulaç-gulaç gara saç,
Daralman galdy gyzlar,
Ýamana duşdy nalaç
Alaçsyz boldy gyzlar.

* * *

Gyzlar kakar läläni,
Egnine geýer alany,
Öz doganmyň halany
Bize beriň şu gyzy.

* * *

Gyzlar kakalyň läle,
Ekinmiz ýaşyl-ala,
Gyzyl güller açylar
Ýetişse bahar-ýaza.

**– H –**

Haly kesdim gowuja,
Salan nagşym göllüje,
Gel, boýdaşym Gülälek
Ýüregiň hyýallyja.

*** 

Hersene jan, hersene,
Elim urdum kersene,
Annabibi ak bilek
Meňli geldi dursana.

*** 

Hoz agajym düzüldi,
Düýbüne suwlar duruldy,
Meniň joram Güljemal
Ýat illere ýazyldy.

**– I –**

Ilerimiz dagmydyr,
Üsti kese bagmydyr,
Uçup barýan ak guşlar
Meniň joram sagmydyr?

**– K –**

Keýik gelýär böke-böke,
Ak süýdüni döke-döke,
Meniň joram Orazbike
O-da gelýär böke-böke.

*** 

Keteniden köýnegiň,
Görünmeýär bilegiň,
Garaňkyda ýaşasaň
Ýarylmazmy ýüregiň?

* * *

Kümüş saçy bilinde,
Altyn sagat elinde,
Jandan eziz jan joram
Magtymgulyň ilinde.

**– M –**

Magdanlydyr daglarmyz,
Miwelidir baglarmyz,
Joralar, dynman okaň
Okamaly çaglarmyz.

* * *

Meniň joram Gyrmyzy,
Saçyň derýa gunduzy[1],
Şöhlesi ýere düşse
Misli asman ýyldyzy

* * *

Meniň joram bagda gezer,
Depesinde düwme düzer,
Gyz-oglanlar bir-birine
Gaşyn kakyp gözün süzer.

* * *

Meniň joram dadyly[2],
Eli goşa kädili,

[1] Gunduz – gyralary tokaýlyk derýalarda ýaşaýan we balyk, leňňeç, gurbaga we ş.m. bilen iýmitlenýän gymmat bahaly derili kiçijik haýwan.
[2] Datly – süýji, tagamly.

Aý ýanynyň ýyldyzy
Gelin ýanynyň baldyzy.

* * *

Meniň joram gelsene,
Keten köýnek geýsene,
Keten köýnek bukjada
Bökejen köwüş tekjede.

**– S –**

Saýawan-a, saýawan,
Saýawana men gurban,
Eziz joram Dünýägözel
Sallanşyňa men gurban.

* * *

Sary gawun bişipdir,
Sapagyndan düşüpdir,
Meniň joram, aý, gyzlar
Ýat illere düşüpdir.

* * *

Semawarym bolsady,
Gaýnap sesi gelsedi,
Gök çaý içip otyrkam
Boýdaşlarym gelsedi.

* * *

Suwda sülük[1] bolmazmy?
Suwa giden gelmezmi?

---

[1] Sülük – ýapyşan haýwanlarynyň ganyny sorup ýaşaýan süýji suw gurçugy.

Al öýmäni ykdyryp
Meniň joram gelmezmi?

* * *

Sülgün suwa gelmezmi?
Suw içmese ölmezmi?
Sülgün boýly boýdaşlar
Göresiňiz gelmezmi?

**– T –**

Taýdyrgan-a, taýdyrgan,
Taýyp düşdüm, läle jan!
Ak ellermi gaýşardyp
Mahmal biçdim, läle jan!

* * *

Tahýa tikdim bellije,
Salan nagşym güllüje,
Gel, boýdaşym, Akjagül
Läle aýdaly bileje.

* * *

Tut başy pudar-pudar,
Kölgesi durman gider,
Meniň joram aý, gyzlar
Bir gelip görmän gider.

**– U –**

Uzyn-uzyn arçalar,
Içim-bagrym berç alar,

Meniň joram sagmydyr
Habar beriň, serçeler!

**– Ý –**

Ýaglyk ýuwdum açyldy,
Seçekleri seçildi,
Öz joramyň toýunda
Gamgyn göwnüm açyldy.

* * *

Ýagyş ýagar çöllere,
Suwlar dolar köllere,
Meniň joram, aý, gyzlar
Düşüpdir ýat illere.

* * *

Ýel gelýär-ä, ýel gelýär,
Dag başyndan sil gelýär,
Meniň joram Aýjemal
Ellerinde gül gelýär.

* * *

Ýel öwser-ä, ýel öwser,
Bulut oýnar, ýel öwser,
Meniň joram Aýsoltan
Aýa meňzär, gül öwser.

## *Umumy häsiýetli läleler*

### – A –

Agaçlar nar getirdi,
Guşlar habar getirdi,
Gelmän geçen ganymlar
Agalarymy ýitirdi.

* * *

Akar suwuň balygy,
Ak düýäniň halygy[1],
Enem-atam sag bolsa
Men öýmüziň läligi.

* * *

Ala dagyň arçasy,
Mawut donuň parçasy,
Atam-enem gül bolsa
Men ol gülüň gunçasy.

* * *

Alla meni guş etse,
Ganatym kümüş etse,
Çölden-çöle aşyryp
Öz obama duş etse.

* * *

«Araba geçdi» diýdiler,
«Teňňe seçdi» diýdiler,

[1] Halyk – howudyň aşagyndan düýäniň arkasyna atylýan ortasy deşik keçe.

Düýebaşlygyn bezäp
«Gelin geçdi» diýdiler.

* * *

Arabadan at bolmaz,
Ýorunjadan ot bolmaz,
Ilimize gideliň
Gaýry ýurtdan ýurt bolmaz.

* * *

Asmandaky ner bulut,
Saňa aşyk ýer bulut.
Asmandaky käriň näme?
Ýere dökýäň der bulut.

* * *

Ata gazyk kakarlar,
Sowuk süýtden ýakarlar,
Dogry gelen myhmana
Gujak açyp çykarlar.

* * *

Ahal gala kendimiz,
Dört ýany gül bendimiz,
Biz Ahaldan aýrylsak
Saralar gül reňkimiz.

* * *

Aýagynda ak paşmak[1],
Kyn bolýar dagdan aşmak,

[1] Paşmak – köwüş.

Biziň aljak gelnimiz
Uzyn boýly uz ýaşmak.

**– Ç –**

Çal tüýdügim, çatlasyn,
Gaýtar, goýnuň otlasyn,
Öz ilimden aýranyň
Akyl-huşy çatlasyn.

* * *

Çarwadardyr ilimiz,
Guşaklydyr bilimiz,
Meýdanda ot bolmasa
Hor-homsudyr malymyz.

* * *

Çoganlydyr ilimiz,
Kändir atyz-çilimiz,
Atyz-çile aýlanyp
Berk guşalyň bilimiz.

* * *

Çykdym çynar başyna,
Oturdym güneşine,
Her elimde bir ýaglyk
Iberdim deň-duşuma.

* * *

Çykdym çemen bagyna,
Gygyrdym gül bagyna,

Gyz oglanyň dodagy
Meňzär guýruk ýagyna.

## – D –

Dagda bugdaý sererler,
Çykma, boýuň görerler,
Gulaç-gulaç saçyňa
Heýkel bagy[1] düzerler.

****

Dag başynda ot ýanar,
Köwlenip başy ýanar,
Ýada gyzyn bereniň
Ýüregniň başy ýanar.

* * *

Dama-dama köl bolar,
Hiç dammasa çöl bolar,
Gyzdan alnan mallar
Göýä ösen ýel bolar.

* * *

Depä çykdym garandym,
Alyn saçym darandym,
Alyn saçym al ýüpek
Ýeňse saçym çil ýüpek.

---

[1] Heýkel bagy – gartaşan aýallaryň gerdenlerinden aşyryp, ýanyn dakynýan gaýyş gapjygy.

* * *

Duşmanlary kowsamdym,
Bukaw süňkün döwsemdim,
Mert ýigidi baş edip
Gözlerini oýsamdym.

* * *

Duşmanlary urdular,
Agyr toplar gurdular,
Watansöýer ogullar
Döşün gerip durdular.

**– E –**

Ekin bize nan berer,
Egnimize don berer,
Yhlas bilen işlesek,
Şöhrat berer, şan berer.

* * *

Ekin ekdim gördüler,
Gögermänkä ordular,
Açylmadyk ter güldüm
Hazana dönderdiler.

**– G –**

Gaýrada maýa bozlar,
Maýa köşegin gözlär,
Köşegini tapmasa
Kesip bagryny duzlar.

* * *

Gaýradan-a, gaýradan,
Käkiljigin saýradan,
Ak göwsüniň üstünde
Çapraz-çaňňa ýaýradan.

* * *

Gaýra-gaýra bakarlar,
Dokma darak kakarlar,
Düz meýdana çykanda
Çopanlar ot ýakarlar.

* * *

Gaýramyzda suw akar,
Aýlanyp serhoş akar,
Janym çarwanyň gyzy
Gözenekden gaş kakar.

* * *

Ganym gelip ýetişdi,
Iki goşun sataşdy,
Çydamadyk namartlar
Sypba-sypba gaçyşdy.

* * *

Geliň, gyzlar üýşeliň,
Dokmamyzdan düşeliň,
Deň-duş gyzlarmyz bilen
Jak-jaklaşyp gülşeliň.

* * *

Gözenekden suw akar,
Sümsüläni[1] ýel kakar,
Täze gelin gelende
Köne gelne kim bakar.

* * *

Görseň iliň merdini,
Süpüriň, ýol gerdini,
Musulmana salmasyn
Aýralygyň derdini.

* * *

Güýz aýlary gaz geçer,
Bamyň suwundan içer,
Üç aý gyşy geçirip
Ýene-de gaýra geçer.

* * *

Güýz bolsa köşek bozlar,
Çopan yzyndan gözlär,
Asly nurdan gelinler
Ýaşmak astyndan sözlär.

* * *

Güýz ýapraklar döküler,
Arpa-bugdaý ekiler,
Sowuk düşer yzyndan
Öýlerde ot ýakylar.

---

[1] Sümsüle – gelin-gyzlyryň börüklerine, tahýalaryna dakynýan şelpeli bezeg şaýy.

* * *

Gyzlar, daga çykalyň,
Gülüp-oýnap bökeliň,
Derdimiz egismäge
Geliň, läle kakalyň.

**– H –**

Haý gyz, ýüzüň gördüler,
Saçyň on dört ördüler,
Ol obanyň gyzyny
Öz didäme berdiler.

**– I –**

Illalla darak-darak,
Ýykyldy köne derek,
Hywadan gelýän sowgat
Aýna bilen başdarak.

* * *

Ileriniň selini,
Öz öýmüziň gelini,
«Gülýaýdyny»[1] gül eder
Gül bezesin elini.

**– L –**

Läle kakasym gelýär,
Oýnap bökesim gelýär,

[1] Gulýaýdy – gelin-gyzlaryň haly-palasa salýan nagyşlarynyň bir görnüşi.

Goçgarymyň şahyna
Düwme dakasym gelýär.

*** 

Läle kakasym gelýär,
Oýnap bökesim gelýär,
Eziz käbäm ejeme
Içim dökesim gelýär.

*** 

Läle kakyp oýnalyň,
Şady-horram ýaýnalyň,
Geliň, tomaşa kylyň
Ile şatlyk paýlalyň.

## – Ö –

Öz obamyň gyzlary,
Sypaýydyr sözleri,
Galadan adam gelse
Edeplidir özleri.

## – S –

Sary ýüpek sozular,
Ýürek-bagrym eziler,
Eziz şäher Aşgabat
Ýene jaýlaň düzeler.[1]

---

[1] 1948-nji ýylda Aşgabat ýer titremesinde dörän läle bendi.

* * *

Suw akar çyrpyn bilen,
Gyz gaýdar garçyn[1] bilen,
Degmäň, gyzyň göwnüne
Oýnasyn «laçyn» bilen.

**– T –**

Tüýdügmi ýasan ussa,
Gury agaja dil bitse,
Gyzy ýada berenler
Ölmese, diri ýitse.

**– U –**

Urgan[2] bilen mal ýakar,
Ujun biline dakar,
Janym çarwa gyzlary
Gijara läle kakar.

**– Y –**

Ylgap indim inişden,
Bir gül ýoldum Manyşdan[3],
Manyşdan sowgat geldi
Dürli-dümen iýmişden.

---

[1] Garçyn – durmuşa çykarylýan gyzyň sepi salynýan haly çuwaly.
[2] Urgan – tanap.
[3] Manyş – Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda dag içindäki bir obanyň ady.

* * *

Yhymmyl[1] bada-bada,
Gyzyňy berme ýada,
Synçy gelip synlanda
Sülmürär, asylzada.

* * *

Yhymmyl bada-bada,
Gyzy berdiler ýada,
Iki atly, bir pyýada
Özüň gidersiň dada.

## – Ý –

Ýagyş ýagar, ýaz eder,
Bulut oýnar, saz eder,
Güller açylan çagy
Bilbil hoş owaz eder.

* * *

Ýazyň suwy bal bolar,
Jümle-jahan bag bolar,
Düýe maly syrkawlasa
Onuň emi dag bolar.

* * *

Ýaşa, mekdebim ýaşa,
Abraý-adyň dag aşa,
Her gün seni göremde
Gelýär ýüregim joşa.

[1] Yhymmyl – läläniň bir görnüşi.

* * *

Ýigitlermiz är boldy,
Basylan soň hor boldy,
Gökdepe ýykylan soň
Hemme hary-zar boldy.

Ýokardaky aýymyz,
Parawbibi[1] paýymyz,
Alla bize ýol berse,
Şodur biziň jaýymyz.

## – Z –

Zak[2] gargadan gaz dogmaz,
Tomus güni gar ýagmaz,
Ýalan sözlän adamyň
Sözi gulagma degmez.

---

[1] Parawbibi – Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda gadymy ýadygärlik.
[2] Zak (zakyja) – ýylpyldawuk gara ýelekli kiçijik gara garga, zakyja garga.

# DÜRLER HAZYNASY –GENJI-KÄNIMIZ

Ruhubelentligi we gaýduwsyzlygy ýaran edinen guýmagursak zehinli, suhangöýlük sungatyny gitdigiçe kämilleşdirip ýaşan türkmen halky örän köp ruhy gymmatlyklary döredip, özleriniň nesillerine miras galdyrypdyr. Muňa geçmişden, parasatly pederlerimizden miras galan ruhy gymmatlyklarymyza ser salan wagtymyzda anyk göz ýetirýäris. Halkymyzyň dünýä medeniýetine gymmatly goşant goşan halkdygyny Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynda has hem anyklaşdyryp berdi: «**Türkmen gymmatlyklary döreden halkdygy üçin beýikdir. Ol gymmatlyklar bolsa, bireýýäm adamzat gazananlarynyň hataryna geçdi. Şeýle gymmatlyklaryň içinde ruhy gymmatlyklar hem, maddy gymmatlyklar hem bar**»[1].

Şol ruhy gymmatlyklaryň baş gözbaşy halk döredijilik eserleridir. Şol dürdäne eserleri döredenler hem biziň ene-mamalarymyzdyr, ata-babalarymyzdyr. Şol ajaýyp eserler durşy bilen pähim-paýhasa ýugrulan genji-hazynadyr, tükeniksiz baýlykdyr. Halk döredijilik eserleri uzak ýyllaryň dowamynda timarlanyp, syntgylanyp, taryhy ösüş ýollaryny geçip, kemkemden kämilleşip, häzirki döwrümize – Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn zamanasyna gelip ýetipdir. Elbetde, ol tükeniksiz hazynanyň biziň döwrümize gelip ýetmeginde halk

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. — Aşgabat, 2001. 67 s.

hakydasynyň ähmiýeti örän uly. Mukaddes Ruhnamasynda Beýik Saparmyrat Türkmenbaşymyz hakyda barada şeýle pelsepewi netije çykarýar: «**Geçmiş – taryhyň gaýyba giden, indi gaýtalanmajak wakalarydyr. Hakyda bolsa geçmişiň taryhy bitewilik zerarly entegem dowam edýän we soňam boljak içki özenidir.**

**Hakyda – adamyň başynyň ölümliligi sebäpli wagt taýdan aýra düşen nesilleri ruhy taýdan baglaşdyryjy, bitewileşdiriji ruhy endikdir**»[1].

Ine, şol hakyda arkaly hem biz geçmişiň ýaňyny – halkymyzyň dürli taryhy döwürlerde ýerine ýetiren däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny, ahlak ýörelgelerini, meşgullanan kespkärlerini, ýaşaýyş-durmuş şertlerini, Watana bolan söýgi duýgularyny anyk duýup, öwrenip bilýäris. Çünki, halkyň ähli ýörelgeleri siňen, halk durmuşynyň aýnasy, taryhyň çeper ýazgysy bolan halk döredijilik eserlerine halkymyzyň kalbynyň sedasy, ýürek gürsüldisi siňipdir.

Ol eserler ilkibaşda örän ýönekeý, sada görnüşde bolup, uzak wagtlyk kämilleşiş döwrüni başdan geçirýär, «çäji saýlanylyp, harpygy taşlanylyp», tereň derýa kimin lummurdap, nar dänesi deýin buldurap duran, çugdam, gunt ýaly ajaýyp esere öwrülýär. Çünki adamzadyň aňy kämilleşdigiçe, akyl ýetiriş ukyby artdygyça, daşy ýaryp çykan durnagöz çeşmeler ýaly dürdäne setirler hem gitdigiçe kämilleşip gymmatly genjihazynanyň – ruhy mirasyň hataryna goşulýar.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy geçmiş mirasymyza baha berip, Mukaddes Ruhnamasynda şeýle diýdi: «Türkmeniň bilim hazynasy – baky hazyna. Bu hazynany hiç kim ogurlap bilmeýär. Bu hazyna könelmeýär, möwritini ötürmeýär. Bu

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. — Aşgabat, 2001. 63 s.

hazyna eýesiniň mydama arkadagy, howandary. Bu hazyna eýesini baý hem bagtly edýän egsilmez hazyna»[1].

Halk döredijiligi atlandyrylýan, halkyň döreden genji-hazynasy şol baky hazynanyň aýrylmaz bir bölegidir. Halk hazynasy ynsan terbiýesinde iňňän ähmiýetlidir. Çünki ähli ynsanlar üçin, hat-da iň beýik şahsyýetler üçin hem halk döredijilik eserleri uly terbiýe mekdebi bolup geldi. Bu barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öz Käbesi Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje baradaky ýatlamalaryny ýatlamaklyk ýerliklidir: «...ene dilimi, owazly aýdym-sazlary, özüne bendi ediji ertekileri, tymsallary, halk urp-adatlaryny, däp-dessurlaryny bilýänim, çeper sungata çäksiz sarpa goýýanlygym we ýene köp zatlar üçin men «Eli gyzyl gül» diýilýän ejem jana minnetdardyryn. Ýagşylyk etmek, zähmeti söýmek, ak ýürekli bolmak, özüňden ululary sylamak hakyndaky we onuň beýleki asylly terbiýeleri meniň ömrylla ýadymdan çykmaz»[2].

Elbetde, Gurbansoltan Käbämiz öz çagalaryny ajaýyp halk döredijilik eserleriniň mysalynda terbiýeläpdi. Halkyň döreden dürdäne eserleri, hut, şu günlerde hem ruhy iýmit bolmak hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şol ruhy iýmit hem nesil dowamatymyzy terbiýelemekde iňňän ähmiýetlidir.

Türkmen halk döredijilik eserleri görnüşlere örän baý. Dessanlardyr şadessanlarymyz, rowaýatdyr ertekilerimiz, şorta sözdür ýomaklarymyz, aýdymdyr matallarymyz, mährem zenanlarymyzyň gözel şygryýeti bolan hüwdüdir toý aýdymlary, monjugatdydyr läleler, mahlasy bularyň ählisi halkymyzyň geçmiş ýaşaýşyndan habar berýän gymmatly serişde.

---

[1] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. Ikinji kitap. — Aşgabat, 2004. 347 s.
[2] «Edebiýat we sungat» gazeti, 1999-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 8-i.

Halk döredijilik eserleriniň ençeme görnüşi doga utançly, edaly, saýhally, şonuň bilen birlikde-de dilewar, şahandaz, märekesöýer gelin-gyzlarymyzyň paýhasyndan dörän setirlerdir. Türkmen gelin-gyzlarynyň şygryýetiň ähli kadalaryny berjaý edip, kämil şygyr bentlerini döredendikleri olaryň doga sowatlylygyndan habar bermeýärmi eýsem?!

Ene hüwdüsi barada söhbet açylanda, olaryň örän çugdam, çeper täsirli bentlerdigini bellemek gerek. Şol ýönekeý, ene ýüreginiň guwanjy-buýsanjy, şatlygy, ýagşy arzuw-niýetleri siňen bentler gadymylygy bilen, taryhy döwürleriň ýaňyny biziň döwürlerimize ýetirenligi bilen tapawutlanýar. Hüwdi setirleriniň üsti bilen halkymyzyň geçmiş taryhyndan habar bilip oturmaly. Hüwdüler çaganyň dogulmagy, nesilleriň dowam etmegi bilen has ir wagtlardan bäri sallançak ýanynda aýdylyp gelipdir.

«Ene terbiýesi hüwdüden başlanýar» diýsek ýalňyş bolmasa gerek. Çaganyň mukaddes azandan soň ilkinji gezek ene hüwdüsinden gulagy ganýar. Her bir türkmen öýünde sallançaga, ak bişige salnyp hüwdülenmedik, ajaýyp ene owazyna meýmiremedik çaga tapylmasa gerek.

Ýedi çileden çykarylan çagany, yryma görä, enesi ýa-da mamasy sallançaga salyp hüwdüläp başlaýar. Ol ýol başlap berenden soň ýaş çagany gyz uýasy, ejesi, enesi, mamasy maşgaladaky aýal-gyzlaryň ählisi hem huwwalap biler. Hüwdülerde durmuşda gabat gelýän ähli zatlar barada söhbet açylýar. Hüwdüleriň her bendiniň aňyrsynda halkyň taryhy ýatyr. Türkmen maşgalasynyň durmuşyna häsiýetli bolan alamatlar barada, şol maşgalanyň ýaşaýşy hakda hüwdi setirlerinden kän zat öwrenmek bolar.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän kesp-kärleri barada söz açyp, ene öz perzendiniň hem şolar ýaly ata-babalardan

gelýän kesp-kärlerini dowam etdirmegini, eli hünärli bolmagyny arzuwlaýar:

Meniň ballym has ýigit,
Eker bagynda çigit,
Atlanyp awa çyksa,
Ýanynda segsen ýigit.
Segsen ýigdiň serdary,
Öz öýlerniň mydary.

ýa-da:

Aýgözelim otursyn,
Eline ýüwse ötürsin,
Akja keçäň üstünde,
Gaýma gaýap otursyn.

Şular ýaly bentlerde ene ogul çagasynyň atasynyň, gyz perzendiniň bolsa enesiniň kesp-kärlerini dowam etdirmegini isläp, arzuwlaryny hüwdi bentlerine siňdirýär.

Türkmen halkynda «Öýde göbegi gömlen ýaly» diýen aýtgy bar. Türkmenler öz dowamaty bolan ogul perzentleriniň mert, batyr bolmagyny, gyz perzentleriniň bolsa öýdeçi, asylly, edepli bolmagyny arzuwlap, ýagşy niýet bilen gyz çaganyň göbejigini öýüň töründe, ogul çaganyň göbejigini bolsa bosagada gömer ekenler. Eneler öz ogul çagalarynyň batyr, edermen, mert ýigit bolup ýetişip, ganym leşgerini kül-peýekun etmegi başarýan pälwan ýigit bolup, öýüni goramagyny arzuwlapdyrlar:

Allan-allan bes etsem,
Ulalsaň, höwes etsem,

Gyzyl gülden don biçip,
Etegin begres etsem.
Begres donuň ýakasy,
Deň-duşunyň bökesi[1].

Türkmen ýoly şan-şöhratly, ýeňişli-ýeňlişli ýol. Bu barada Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Mukaddes Ruhnamasynda şeýle ýatlaýar: «**Türkmen halkynyň bäş müň ýyllyk taryhy ýoly bar. Ol türkmen ýoly ýeňişli-ýeňlişli ýoldur. Türkmen ýoly taryhda gahrymançylykly ýoldur. Biz ata-babalarymyzdan miras galan şanly türkmen ýolumyza guwanmaga, buýsanmaga doly haklydyrys**»[2].

Ine, şol ýeňişli-ýeňlişli ýolda türkmen halky ogul bäbege zerurlygy birinji orunda goýupdyr. Çar tarapdan çozup gelen duşmana garşy göreş meselesi esasy meseleleriň biri bolupdyr. Her bir «men» diýen goç ýigidiň aty-ýaragy elmydama taýyn bolup durmaly eken. Her bir ene nesil öndürip (ylaýta-da ogul perzent) söweşde «aýy kimin asylýan», «ýolbars kimin topulýan» mert ogullary ýetişdirmegi arzuw edipdir. Her bir oglanjygyň ulalyp, ýurtgorar, ynsaply, ygrarly, lebzi halal, mert ýigit bolup ýetişmegi her bir enäniň arzuwy bolupdyr. Haýsy bir ene öz ogul perzendiniň lellim, «aş üstünde taýýar», namart, nalajedeýin bolup ýetişmegini islär?! Şonuň üçin-de hüwdülerde mertlik, namartlyk, il goramak meselesi esasy orunda durýar.

«Atlan, atlan!» diýlende,
Öňi bilen atlanar.

---

[1] Böke – pälwan.
[2] Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. — Aşgabat, 2001, 77 s.

«Batyr saýlan!» diýlende,
Atlary haýbatlanar.

Elbetde, türkmen ýigidi elmydama Watan goragyna taýyn goç ýigit bolup ýetişmeli. Bu meselede hüwdüleriň ähmiýeti çäksizdir.

Monjugatdylardyr läleler hem gelin-gyzlaryň gözel şygryýetiniň esasy bölegini tutýar. Ene hüwdüsi bilen hüwdülenip, kämillik ýaşyna ýeten çagalar ömrüniň dürli basgançaklarynda dürli hili halk döredijilik eserlerini aýtmak bilen meşgullanýarlar. Çagalykda sanawaçlary, her hili aýdyşyklary aýdyp, bökjekleşip oýnap ulalan çagalaryň kämillik ýaşyna aýak basyp başlanda dünýägaraýşy üýtgeýär. Ylaýta-da ýetişip gelýän gyzjagazlaryň şahyrana kalby töwerekdäki gözelliklere buýsanman durup bilmeýär. Ene-ata, aga, ýeňňä, joralaryna söýgi hem olaryň kalbyny joşdurýar. Şeýlelikde, çagalykdan saýlanyp başlan gyzjagazlar läle bentlerini döredip, öz kalplarynyň owazyny çugdamja, dört setirden ybarat bentlere siňdiripdirler:

Doganymyň aty bar,
Atynyň ganaty bar,
Kynçylygy ýeňmäge
Tükenmez gaýraty bar.

Tut başynda tudana,
Gurban ony dadana,
Seýkin basan gelnejem
Öz agama sadaga.

Gyz gitdigiçe ulalýar, kämillik ýaşyna ýetýär. Ýaş gyzyň kalbyna söýgi aralaşýar, pynhan-pynhan setirler döräp başlaýar. Ine, şeýlelikde, söýgüli ýar baradaky pikirler içinden

eriş-argaç bolup geçen monjugatdy bentleri dünýä inýär. Elbetde, olary döredenler hem türkmen gelin-gyzlary. Halk döredijiliginiň bir görnüşi bolan monjugatdylar gelin-gyzlar şygryýetiniň esasy görnüşlerinden biri bolup, ol bentler gelin-gyzlaryň söýgüli ýara, ýar wepasyna bolan garaýyşlarynyň bir ýere jemlenmesidir.

Çeşme suwy şildirär,
Gün düşende ýaldyrar,
Gözüm gözüňe düşse,
On iki süňňüm galdyrar.

Aý aýdyňdyr, hesipdir,
Elimi pyçak kesipdir,
Al ýaňak, ýuka dodak
Gör, kimlere nesipdir.

Neneňsi çeper bentler. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy özüniň ajaýyp şygyrlarynda «Yşk Allanyň gudraty» diýýär. Çeper monjugatdy bentleri hem yşk gudraty bilen söz gudratynyň birleşmeginden dörän ajaýyp bentlerdir.

Beýik Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde gelin-gyzlarymyz azat, erkin ýurdumyz, Beýik Serdarymyz barada läledir monjugatdylary, erkin ýurduň ak posalajyk çagajyklaryna bagyşlanan hüwdi bentlerini döretmeklerini dowam etdirýärler. Olarda Beýik Serdara, Garaşsyz, baky Bitarap Watana, il-halka, Mukaddes Ruhnama, milli Baýdaga söýgi, buýsanç, guwanç duýgusy ýüze çykarylýar:

Alnymyzda ak guş bar,
Ganatynda kümüş bar,

Türkmenbaşyň bagynda
Ýüz müň dürli iýmiş bar.

Garaşsyzlyk badymyz,
Dynçlyk söýýän zadymyz,
Serdar paýhasy bilen
Doldy dünýä adymyz.

Şular ýaly läle bentlerini döredip, halk döredijiligi toparlarynda ýerine ýetirip ýören gelin-gyzlarymyz:

Sende ýar-a, sende ýar,
Iki gözüm sende ýar,
Garaşsyz ýurdumyzda
Seýran etsek günde ýar –

— diýen ýaly monjugatdy bentlerini hem döredýärler.

Meniň jigim garap dur,
At münmäge ýarapdyr,
«Okap, alym bol!» diýip,
Serdar oňa sargapdyr.

Meniň jigim paýhasly,
Peleň sypat, şir sesli,
Azatlygyň arslany
Beýik Serdaryň nesli –

– kimin hüwdi setirleri hem döremegini dowam etdirýär. Çünki halk döredijiligi hem döwür bilen aýakdaş ösýär.

Kitabyň hüwdüler bölümi dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty Gurbanjemal Ylýasowa, monjugatdylar we läleler bö-

lümi dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty Amangül Durdyýewa tarapyndan neşire taýýarlanyldy. Kitap neşire taýýarlanylanda Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan milli golýazmalar institutynyň hazynasyndaky bukjalarda saklanylýan hem-de halk arasyndan toplanylan nusgalardan peýdalanyldy.

***Gurbanjemal Ylýasowa***,
*Türkmenistanyň Milli medeniýet*
*«Miras» merkezi*

## MAZMUNY

HÜWDÜLER ............................................................... 13
Hüwdi sanawaçlary ................................................... 184
Kakaň gelmedi............................................................ 198

MONJUGATDYLAR ................................................... 200

LÄLELER ..................................................................... 296
Garaşsyzlyk döwrüniň läleleri.................................. 296
Ata-enä, garyndaşa (dogana, kaka, ejä, uýa, ýeňňä)
bagyşlanylan läleler.................................................. 318
Boýdaş-joralara bagyşlanylan läleler ...................... 364
Umumy häsiýetli läleler ........................................... 377

*Gurbanjemal Ylýasowa*,
Dürler hazynasy – genji-känimiz ............................ 389

**Gelin-gyzlaryň
şahyrana döredijiligi**

Tehredaktor S. Abaýew
Çeperçilik redaktory A. Muhammedow
Korrektor B. Bäşimow

Çap etmäge rugsat edildi 01.04.2005ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 25.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-21528

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.